**Ikinji tema-2 sagat**

# “DÖWREBAP HASSAHANALARYŇ GURLUŞY, IŞ DÜZGÜNI”

## Bejeriş edaralaryň gurluşy we iş tertibi

Bejeriş edaralary ýerine ýetirýän işlerine baglylykda 2 topara bölünýär: ambulator we ýatymlaýyn (stasionar) görnüşli.

Ambulator görnüşleri bejeriş edaralaryna saglyk öýleri, dispanser, sanatoriýalar we ş.m.girýärler. Bejeriş edaralaryň bu görnüşleri esasanam keseliň öňüni alyş,ony anyklaýyş we ýagdaýy agyr bolmadyk näsäglaryň bejeriş işleri bilen meşgul bolýar:

1. Keseliň öňüni alyş sanjymlary (inçekesele,gepatite,çaga ysmaz keseline, hörezege, bürmä,gyzamyga,gökbogma, hapgyrtma, gyzylja kesellerine garşy)
2. Halk arasynda wagyz-nesihat işlerini geçirmek.
3. Dürli ýokanç keselleri öz wagtynda anyklamak we olaryň ýaýramagynyň öňüni almak çäreleri.
4. Dowamly keselli näsaglara yzygider gözegçilik we bejeriş işlerini geçirýärler.

Bejeriş edaralaryň ýatymlaýyn (stasionar) görnüşine hassahanalar, kurortlar, pansionatlar we ş.m. degişlidir.Ýerleşýän ýerine baglylykda etrap,welaýat we ýurt merkezindäki hassahanalar bolýarlar.Olarda pediatriýa gullugynyň gurnalyşy dürli bolýar:etrap hassahanalarda pediatriýa gullugy diňe 1 (çagalar) bölüminden ybarat bolýar,welaýat we ýurt merkezinde ýöriteleşdirilen çaga hassahanasy bolup, olarda dürli ugurlar(çagakardiologiýasy, hirurgiýasy,trawmatologiýasy we ş.m.) boýunça bölümler bolýar .Ýurt merkezindäki hassahanalarda bejeriş işlerinden başgada ylmy we okuw işleri alnyp barylýar, olar başgaça kliniki diýip atlandyrylýar. Bu hassahanalaryň keseli takyklaýyş ugurlary has köp görnüşli we ýokary derejelidir.

***Döwrebap hassahanalaryň esasy borçlary:***

1. Keseli doly we dogry anyklamak.
2. Ýagdaýy agyr hassalara ilkinji gyssagly,ýokary derejeli lukmançylyk kömegini bermek.
3. Döwrebap keseli bejeriş çäreleri geçirmek.
4. Dikeldiş-sagaldyş işlerini geçirmek.
5. Häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny amaly lukmançylyga ornaşdyrmak.
6. Hassahananyň gözegçilik edýän ilatyna usuly we maslahat beriş işlerini geçirmek.

Häzirki zaman hassahanalarda aşakdaky bölümler bolmaly:  kabulhana,bejeriş, maslahat beriş,  barlag (funksional),barlaghana (laboratoriýa) , patalogo-anatom, merkezleşdirilen abzallary arassalaýjy (sterilizasion), fizioterapiýa. Mundan başgada, birnäçe goşmaça-kömekçi bölümleri bar  (dermanhana, naharhana,hasaba alyş bölümi, arhiw, dolandyryş-hojalyk bölümi, kitaphana, sorag-jogap gullugy).

## Kabulhana bölüminiň gurluşy we iş tertibi.

Kabulhananyň esasy borjy –näsaglary kabul etmek we olary hassahana ýerleşdirmek.Näsag hassahana düşende onuň keselini anyklamaly we degişli bölüme ýerleşdirmeli.

Kabulhananyň işiniň doly we dogry guralmagy näsagyň keseliniň geçiş aýratynlygyna,gutulmagyna göninden - göni ýardam edýär.

Kabulhanada näsag çaganyň deslapky kesel kesgitlemesi takyklanylýar, zerur bolan ýagdaýynda oňa ilkinji lukmançylyk kömegi geçirilýär.

Kabulhana aşakdaky bölümlerden ybaratdyr:kabul edilýän, arassaçylyk işleri geçirilýän,sanjym,sargy otaglary, mundan başgada keseli doly takyklanmadyk,ýokanç keselli ähtimallygy bolan näsaglar üçin otaglar(izolýator), hajathana,egin-eşik çalşyrylýan otaglar bar.

Kabulhana ýüzlenen näsaglaryň hemmesi hasaba alynýar,bölüme ýerleşdirilýänler üçin kesel taryhy doldurylýar.

Eger-de hassahana köp ugurly (terapiýa,hirurgiýa,pediatriýa we ş.m.)bolanda her hünärmen üçin aýratyn kabul ediş otagy bolmaly.

Näsag çagalar kabulhana dürli bejeriş edaralary(saglyk öýleri,etrap,welaýat hassahanalary,tiz kömek gullugy we ş.m.) tarapyndan iberilýär.Kabulhana iberilen ugradyş haty,egerde instrumental we laborator barlaglar  geçirilen bolsa, onda olaryň netijeleri bolmaly.

Eger-de çaga başga hassahanadan geçirilen bolsa geçiriş epikrizi bolmaly.

Çaga ene-atasyz getirilen bolsa, mümkin boldygyça  kabulhananyň işgärleri çaganyň hossarlaryna habar bermeli. Egerde çaga betbagytlyga (gark bolmak, ýol

hadysalaryna uçran bolsa, elektrotrawma we ş.m.) onda näsagy ýörite dergide bellemeli we bu barada polisiýa habar bermeli.

Şepagat uýasy ýüz tutan näsaglary ýörite dergide bellemeli,kesel taryhynyň pasport bölümini doldurmaly,beden gyzgynyny,agramyny,boýyny,kelle we döş aýlawlaryny ölçemeli we kesel taryhyna bellemeli.

Lukman çaganyň ýagdaýyna laýyklykda geçirilmeli arassaçylyk işleriniň

göwrimini anyklaýar we şepagat uýasyna tabşyryk berýär.

Adaty arassaçylyk işiniň möçberi çagany suwa düşürmekden ybaratdyr.

Eger-de çagalarda bit ýa-da sirke(pedikulýoz)ýüze çykarylsa ýöriteleşdirlen serişdeler bilen arassaçylyk işlerini geçirmeli.

Ýagdaýy agyr çagalar nobatsyz kabul edilmeli,dessine gerekli kömegi berip, degişli bölüme tiz ýerleşdirmeli.

Şol bir wagtyň özünde meýilleşdirilen näsaglar kabulhana ilkinji 30 minudyň dowamynda kabul edilmeli we degişli bölüme iberilmeli.

Kabulhana aýratyn howply keseller(mergi,gyrgyn,sarybaş we ş.m.) ýüze çykanda ulanylýan, ýöriteleşdirilen egin-eşikler bilen üpjün edilmeli.Aýratyn howply

ýokanç keseller ýüze çykýan ýagdaýynda näsagy aýratyn otaga (izolýatora) ýerleşdirmeli,kabulhanany ýapmaly, telefonda degişli ýerlere (ýolbaşçylara,arassaçylyk gullugyna)habar bermeli.Egerde adaty ýokanç

keseller(gyzamyk,garamyk,gepatit we ş.m.)ýüze çykanda çaganyň ýagdaýyna baglylykda ýokanç keseller hassahanasyna ibermeli we arassaçylyk gullygyna „gyssagly habarnamany“ ibermeli.Kabulhanada hassahana ýerleşdirilen we bölümde ýatmakdan ýüz öwüren çagalary bellik edilýän dergiler bolmaly.Şeýlede bölümlerdäki boş ýerler barada maglumatlar bolmaly.5 ýaşa çenli we ýagdaýy agyr çagalar hassahana ejeleri bilen bilelikde ýerleşdirilýär.Näsag bölüme eltilende kabulhanyň şepagat uýasy ony bölümiň müdürine we şepagat uýasyna göninden-göni tabşyrmaly.

Eger-de näsäg 15.00-dan soň bölüme düşse, näsagyň düşenligi we ýagdaýy barada nobatçy lukmana habar bermeli.

Kabulhananyň işgärleri hassa we ene-atalar bilen mylaýyn gürleşmeli we olara goldaw bermeli.

Näsag çagalaryň bölüme äkidiliş usuly onuň ýagdaýyna görä lukman tarapyndan kesgitlenilýär.Kanagatlanarly we orta agyrlykdaky çagalar kabulhananyň işgärleriniň ugratmagynda özleri gidýär.Kiçi ýaşly çagalar elde göterip äkidilýär.Agyr näsaglar ýöriteleşdirilen abzallarada äkidilýär.

Kabulhana birnäçe görkezme esbaplar bilen üpjin edilmeli:

- arassaçylyk işlerini geçirmegiň rejesi
- gyssagly ýagdaýlar we olarda görkezilmeli ilkinji lukmançylyk kömegi barada maglumatlar
- sanjym otagynda ilkinji gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin gerek bolan derman serişdereleri we enjamlar bilen üpjin edilmeli
- garaşylýan otagda ene-atalar, uly ýaşly çagalar üçin lukmançylyga degişli kitapçalar, saglyknamalar bolmaly
- käbir zerur bolan bejeriş serişdelerini (gan, plazma we ş.m.), dürli hünärmenleri getirmek üçin kabulhanada ýöriteleşdirilen ulag bolmaly.



„Çaga burçy“



Kiçi ýaşly çagalaryň
Gundalýan stoly



# Pediatr lukamnyň kabul ediş otagy

***Bejeriş bölümlerinde işiň guralyşy.***

Bejeriş bölüminiň esasy borjy keseli doly we dogry takyklamak we bejermek.

Her bir bejeriş bölüminiň özüne mahsus bolan gündelik iş tertibi bolmaly.

Her bir näsagyň gün tertibi keseliň görnüşine,agyrlygyna baglylykda bejeriş lukmany tarapyndan kesgitlenilýär.Bejeriş bölüminiň görnüşine(profil)garamazdan gün tertibi aşakdakylardan ybarat bolmaly:

- irden turmak;
- bedeniň gyzgynyny we agramyny ölçemek;
- lukmanyň näsaga seretmegi;
- bejeriş-kesel takyklaýyş emlerini geçirmek;
- nahar iýmek;
- açyk howada gezmek;
- çagalaryň ene-atalary we beýleki hossarlary tarapyndan duşuşmagy;
- otaglary arassalamak we ýelejiretmek;
- uky.

Çagalar üçin, hasam kiçi ýaşly çagalara niýetlenen bölümleriň otaglary biri-birinden aýratyn (boks) bolmaly.

Her otagda çagalaryň sany 1-4 çagadan köp bolmaly däl.Otaglaryň aýry-aýry (boks) bolmagy ýokanç keseller ýüze çykýan ýagdaýynda olaryň öňüni almaga ýardam eder.

Ýokanç keselleriň ýaýramak töwekgelçiligi hasam çagalar bölüme keseliň inkubasion (gizlin) döwründe düşen ýagdaýlarynda artýar.

Otaglar aşakdakylar bilen üpjün edilmeli:

- çagalar we eneler üçin aýratyn koýkalar;
- çagalary geýindirmek,dolamak üçin ýörite stol;
- ulanylan geýim-gejimler we arlyklar üçin aýratyn gaplar;
- zerur enjamlar üçin ýörite tumboçkalar;
- gündelik arasalaýjy işlerini (dezinfeksiýa)geçirmek üçin dürli erginler (hloramin,gipohlorid erginleri we ş.m.) bolmaly;
- howadaky kesel döredijeleri öldürmek üçin niýetlenen bakteriosit-kwars çyralary bolmaly.

**Bulardan başgada hassahananyň içinde ýaýraýan ýokançlaryň ýygy duş gelýändigini we agyr geçýänligini nazarda tutup, olaryň öňüni almak üçin** näsaglary otaglara keselleriň görnüşine, geçişine baglylykda birwagtlaýyn ýerleşdirmeli.

Soňky döwürde çagalaryň ejeleri bilen bile bolmagynyň peýdasynyň köplügini nazarda tutup, hassahana keselli çagalar mümkin boldygyça ejesi bilen bile ýerleşdirilýär.

Bejeriş bölümlerinde aşakdaky iş birlikleri bolmaly:

- bölüm müdüri;
- bejeriş lukmanlary;
- uly şepagat uýasy;
- şepagat uýalary;
- kiçi şepagat uýalary;
- hojalykçy uýa;

Merkezi uly hassahanalaryň her bölüminde pedagoglar işleýärler.

Pedagoglar näsag çagalary okadýarlar we olaryň gün tertibine gözegçilik edýärler.Mekdep ýaşyndaky çagalary esasy derslerden okuw meýilnamasy boýunça okadýarlar we hassahanadan çykýan wagtlary olara baha goýýarlar.Çaga hassahanadan çykarylanda çykarylyş, başga bejeriş edaralara geçirilen ýagdaýlarda geçiriş epikrizi ýazylýar. Çaganyň hassahanadan çykýanlygy barada ene-atasyna we saglyk öýüne habar berilýär.



**Ultrases abzaly**



**Rentgen otagy**





**Labarotoriýa barlagynyň geçirilişi**

**Labarotoriýa otagy**





**Şepagat uýasynyň posty**

**Näsaglaryň ýatýan otagy**

***Bejeriş edaralardaky aýratyn otaglaryň(bokslaryň)gurluşy.***

Bu otaglaryň esasy zerurlygy, ýokanç keselli näsaglary, ýa-da ýokanç keseli bardyr diýlip çak edilýän näsaglaryň keseliniň hassahananyň içinde ýaýramazlygynyň

öňüni almakdan ybaratdyr. Keseliň ýaýramagynyň öňüni almak üçin doly ýapyk, aýratyn otaglar zerur. Bu otaglara çagalar aýratyn gapynyň üsti bilen

girýärler.Şol ýerde doly barlag we bejeriş işleri geçirilýär.Öýe çykarlanda,

ýa-da beýleki bejeriş edara geçirlende hem şol gapydan çykarylýar.

**Saglyk öýleri.**

Saglyk öýleriniň esasy isi öz hyzmat edýän ýerleriniň çäginde hassahanadan daşary keseli bejeriş we öňüni alyş çärelerini geçirmekden ybaratdyr.

Maşgala lukmançylygyna geçirmegi bilen saglyk öýlerinde ýaşyna garamazdan hemme näsaglara maşgala lukmany tarapyndan hyzmat edilýär.Kabul edilişde maşgala lukmanyna maşgala şepagat uýasy kömek edýär.

Egerde çaga ilkinji gezek kesellän we gyzgyny ýokary bolsa lukman oňa öýde seredýär we çaganyň ýagdaýyna baglylykda ýatymlaýyn bejergä iberilýär ýada lukmançylyk kömegi öý şertlerinde geçirilýär.Çaganyň ýagdaýy kadalaşandan soň lukman tarapyndan seredilme saglyk öýlerinde dowam edilýär.

Şeýlede sagdyn çagalar saglyk öýlerinde bellenilen günler we aýratyn otagda seredilýär.Kabul edilişiň öň ýanynda maşgala şepagat uýasy antro-pometriki(boýy,agramy,kelle döş aýlawy)barlaglaryny geçirmeli.Sagdyn çagalar lukman tarapyndan aşakdaky ýygylykda seredilmeli,bäbekler ilkinji 3 güniň dowamynda günde seredilmeli; 1 ýaşa çenli çagalara her aýda; 3-14 ýaşly çagalar ýylda 1 gezek. Bu gözegçilikleriň esasy maksady keseliň öňüni almakdan ybaratdyr.

Maşgala lukmanlary we şepagat uýalary kabul edilişde, patronajda (çaganyň öýünde)ene-atalara çaganyň iýmiti,idegi we terbiýesi boýunça zerur maslahatlary bermeli.Saglyk öýlerinde şeýlede sagdyn we dürli hünärmenler(hirurg,trawmatolog,newropatolog,we ş.m.) tarapyndan seredilýär.Bulardan başgada saglyk öýlerinde kesel takyklaýyş, fiziobejergi,bejeriş bedenterbiýe otaglary we ene süýdiniň otaglary bolmaly.Her saglyk öýünde,bejeriş işleri we keseliň öňüni alyş sanjymlary edilýän sanjym otaglary hem bolmaly.

Saglyk öýünde doldurylýan esasy resminama çaganyň ösüş taryhy.Bu resminamada çaganyň saglygyna degişli ähli maglumatlar beýan edilýär.

Saglyk öýlerinde öwüt-ündew işleri geçirilýär ýagny ilaty dürli keselleriň öňüni alyş çäreleri sagdyn durmuş keşbini alyp barmak barada söhbetdeşlik geçirmeli.

**Dispanser**

Keseliň görnüşine baglykda dispanserleriň dürli görnüşleri bolýar:

- içekesel;
- howply çiş kesel;

- psihatriýa we ş.m.

Bu kesel bejeriş we öňüni alyş edarasy bolup borçlary aşakdakylardan ybaratdyr:

- degişli keseliň öňüni alyş çärelerini geçirmek.
- degişli keselleri ir ýüze çykarmak;
- ýüze çykarlan keselileri hasaba almak;
- ýüze çykarlan keselilere zerur wagtly degişli, ýöriteleşdirilen bejeriş çärelerini geçirmek;
- hassalara keseliň dowamynda wagtynda(dinamiki) gözegçilik etmek;

**Sanatoriýalar.**

Kesel bejeriş-öňüni alyş edaranyň ýatymlaýyn görnüşi bolup,olarda bejeriş-dikeldiş (reabilitasiýa),umumy bejeriş çärelerini geçirýär.Sanatoriýalarda geçirilýän bejeriş-dikeldiş,sagaldyş işlerinde tebigatyň peşgeş beren sagaldyş çäreleri,ýagny suw,palçyk,gün,howa ş.m. ulanylýar. Türkmenistanda birnäçe sanatoriýalar bar: Baýram-Ali, Mollagara, Arçabil, Arçman we ş.m.

3-NJI TEMA

# LUKMANÇYLYK IŞGÄRKERINIŇ DEONTOLOGIÝASY,

# ETIKASY WE ESTETIKASY

***Keseliň öňüni alyş we bejeriş edaralarda lukmanlaryň özara we näsagyň hossarlary bilen gatnaşygy (etika-deontologiýa).***

***Deontologiýa*** grek sözi bolup (deon – borç, logs - ylym), borç barada ylym diýmekdir. Deontologiýa sözüni durmuşa ilkinji bolup Iňlis filosofy I. Benton girizdi. ***Etika*** – grek sözi-etos-gylyk, häsiýet, däp, adamkärçilik.

***Estetika*** –

*Bioetika* **– 1970 ýyl Wan Renseller Potor tarapyndan hödürlenen termin – bu ylym adamyň dünýädeki hemme diri zatlara adamkärçilikli garamagy.**

Lukmançylykda deontologiýa esasan 3 bölümden durýar, ýagny lukman bilen syrkowyň we onuň hossarlarynyň, lukman bilen bejergi edarasynyň medisina işgärleriniň, jemgiýet bilen aragatnaşyklaryndan ybarat bolup durýar. Lukmanyň borjy özüniň hem jemgiýetiň raýatlarynyň saglygyny gorap saklamakdan, syrkawlary bejermekden we adamlaryň fiziki we ruhy taýdan sagdyn bolmagyna ýardam etmekden ybaratdyr.

“Fiziki sagdyn endamda ruhy sagdynlyk bolýar” diýilip aýdylýar. Lukman öz işini päklik bilen ýerine ýetirmelidir. Lukmanyň işini, onuň jemgiýetçilik ähmiýetini “Illere ýagtylyk berip, özi köýüp gidýär” – diýen deňeşdirme bilen belläpdirler.

Syrkawy bejermäniň örän kyn we çylşyrymlydygyny durmuş görkezýär. Gadymy Rim ýazgylarynda lukman bolmak üçin bürgüdiň görgürligi ýaly görgürligiň, ýolbarsyňky ýaly ýürek berkliginiň hem akylyň ýylanyňky ýaly bolmagyny deňeşdirme görnüşinde ýazypdyrlar.

Belli Rus ýazyjysy A.P. Çehow: “Hekimlik käri – gahrymançylykdyr. Ol mertebäni belent tutmagy, kalbyň päkligini we niýetiň ýagşy bolmagyny talap edýär” diýip ýazypdyr we ony öz durmyşynda amala aşyrypdyr.

Belli Fransuz fantaziýaçysy Antuan Sent Ekzüperi wagtyň geçmegi bilen ylymyň we tehnikanyň güýçli ösmegi zerarly keseliň anyklanylmagynyň we ony bejermegiň esli ýeňilleşjekdigini öňünden görüpdir. Keseli diňe lukmanyň ukybynyň kömegi bilen takyklanýandygy we bejerilýändigini nygtapdyr. Ol

şeýleräk äheňdäki jümleleri ýazypdyr: “Men şeýle bir wagtyň geljekdigine berk ynanýaryn, ýagny syrkawyň bir damja ganyny laboratoriýa enjamynda barlag edilip, onuň ähli keselleri anyklanar, syrkaw bir çylşyrymly pilýula içip keselinden açylar. Ýöne şeýlede bolsa, men öz saglygymy barlatmany we keselimi bejertmäni diňe ökde tejribeli  lukmana ynanaryn”.

Dogurdanam, häzir bir damja gandan mikroanalizler geçirilip, köp keseller anyklanylýar, dermanyň kömegi bilen dürli çylşyrymly keseller bejerilýär. Ýöne şeýlede bolsa, bejergide esasy adam – lukman bolup durýar. Çylşyrymly enjamlar bilen geçirilýän wajyp barlaglary, keseli lukman anyklaýar we bejerýär. Keseli anyklamakda we bejermekde göýberilen säwliklige we ýalňyşlyga diňe lukman jogap berýär.

Lukman syrkaw bilen dogry gürleşmäni başarmaly. Syrkaw kabul edilende howlykmaçlyga, ýüzleýlige, aljyraňlylyga, başagaýlyga, biperwaýlyga, ulymsylyga ýol bermeli däl. Syrkawy üns bilen barlamaly. Lukman ähli ünsini syrkawyň keselini anyklamaga we ony basym bejermäge sarp etmeli.

Syrkawyň keselini anyklamak üçin gerek bolan barlagyň ählisini ulanmaly. Barlag usullary syrkawyň saglygyna zelelsiz bolmaly. Syrkawyň saglygyna zelel ýetirip biljek barlaglara interwension barlaglar diýilýär. Meselem, kesselliň ganyna rentgen kontrast derman göýberilip, onuň ýüreginiň, damarynyň kemçiligi barlanylýan wagty syrkawda güýçli allergik reaksiýa ýüze çykmagy we şonuň netijesinde syrkawyň heläkçilige uçramagy mümkin. Şolar ýaly ýagdaýyň boljagynyň ähtimallygyny syrkawa ýa-da onuň hosarllaryna öňunden aýtmaly. Emma lukman barlagda ýüze çykjak gaýryüzülmeleriň öňüni almaly, olar ýüze çykaýan wagtynda desine  bejergi emlerini geçirmeli.

Kä lukmanlar syrkawa çenden aşa kän barlaglar we köp dermanlar (polipragmaiýa) ulanýarlar. Bu ýagdaýlar öz gezeginde syrkawa zelel ýetirip bilerler, şol sebäpli syrkawyň janyna howp salyp biljek barlaglary we bejergileri örän derwaýys bolmasa ulanmaly däl. Barlaglar biri – birini gaýtalamaly däl. Barlaglar çagada aşa uzaga çekmeli däl. Peýdasyz barlaglary geçirmeli däl. Lukman barlag we bejergi wagtynda syrkawyň doly ynamyny gazanmaly. Syrkaw lukmana ýüregi bilen ynananda, agyr keseller hem basym bejerilýär. Lukman syrkawda we onuň hossarlarynda kesel bejermek üçin ähli mümkinçilikleriň peýdalanyljakdygyna we bejerginiň gowy netijeli boljakdygyna berk ynam döretmeli. Köne wagtyň lukmanlary “Lukman syrkawy barlaýar, syrkaw hem hekimi barlaýar” diýip ýazypdyrlar. Eger-de lukman syrkawy barlaýan we bejerýän

wagty näsazlyk göýberse, syrkawyň lukmana bolan ynamy gaçýar. Şu ýagdaýda syrkawa näçe güýçli dermanlar ulanylsa hem onuň netijesi az bolýar.

Gadymy Eýran lukmanlary "Lukmanyň üç guraly, ýagny sözi, dermany we otlar bardyr" diýip ýazypdyrlar. Üç gurallaryň, "ýaraglaryň" arasynda söze birinji orun berilmegi hem tötänden däldir. Näsaglar bilen lukmanlar, şepagat uýalary we keselhananyň ähli işgärleri örän mylakatly gepleşmäni başarmalydyrlar. "Ýagşy söz ýylany hininden çykarar, ýaman söz musulmany dinden çykarar" diýipdirler.

Belli psihiatr W.M. Behterew: "Lukman syrkaw bilen gürleşende ýeňillik duýmasa, ol lukmandan lukman bolmaz" – diýen jümleleri ýazypdyr.

Lukman ýa-da medisina işgärleriniň gödek, ýalňyş söz aýtmagynyň, geçirilen barlaglaryň, bejerginiň netijesinde adamlarda döreýän kesellere – ýatrogen keseller diýilýär. Lukman özüne ýüz tutan adamyny barlaýan wagty düşnüksiz we gümürtik zatlary aýtsa ýa-da öz kärdeşi bilen syrly gepleşse syrkawyň ol zatlary özüne çekmegi mümkin. Ýagny, ol özünde agyr kesel bardyr öýdüp müňkürlik etmegi mümkin we wagtyň geçmegi bilen onuň hassa bolup galmagy mümkin. Şonuň üçin hem lukman näsaglar bilen gürleşende çynlakaý, aýdyň, rahat, düşünikli, mylakatly geplemeli. Ýagdaýyň näsag üçin çygkynsyz däldigini düşündirmeli, näsagda bejergiň netijesiniň gowy boljakdygyna ynam döretmeli.

Lukman syrkawyň arzlaryny diňlemäni başarmaly, onuň öz arzlaryny doly beýan etmegine mümkinçilik bermeli, şol bir wagtyň özünde lukman kesel kesgitlemesi üçin zerur bolan soraglary bermek bilen söhbetleşdikden doly many çykarmaly. Köne lukmanlar "Kesel alamatsyz geçmeýär, diňe öz saglygyna biperwaý garaýan adamlar we ünssiz lukmanlar bolýarlar" we "keseli dogry anyklamak, takyklamak bejerginiň gylla ýarysydyr" – diýip ýazypdyrlar. Ýagny, kesel ýaňy başlanda näsagyň endamynda gowşaklyk, çalt ýadamaklyk, çala horlanmak, synçgyrmak, içiň ýellenmegi, içiň gatamagy, kelle agyry (arterial basyşynyň galmagy ýa-da pes bolmagy) we şuňa meňzeş alamatlar ýäze çykýarlar. Ýöne olara syrkaw degerli üns bermeýär ýa-da olary durmuş kynçylygy bilen baglanşdyrýar, şeýdibem kesel ötüşýär. Kesel giç anyklanýar. Kesel ötüşenden soň ony bejermek kyn bolýar. "Keseli bejermekden, onuň öňüni almak has wajypdyr" diýen dogry piker bar. Keseliň öňüni almak her adamyň köplenç halatda özüne bagly bolýar, ýagny çilim, neşe, arak, nas ýaly zyýanly endiklerden gaça durmaly. Adamlaryň, hasam çagalaryň saglyk ýagdaýlary olaryň dogry iýmitlenmegine göniden-göni baglydyr. Fiziki zähmetden gaça durmaly däl, çagalaryň bedenini taplaýan tebygy (gün, howa, suw) we emeli usullary (ultramelewşe şöhleler, dürli maşklar we ş.m.) ýerlikli ulanmany başarmaly.

Syrkawa geçirilýän bejergi netijeli bolar ýaly ony kärdeşiň bilen maslahatlaşyp geçirmeli. Ökdeden öwrenmäni özüňe peslik bilmeli däl. Syrkawa diňe peýdaly bejergi geçirmeli. Bejerginiň arasyny üzmeli däl, bejergini keselli sagalynça geçirmeli. Bejergiň peýda berýändigini ýa-da peýdasyzdygyny wagtynda anyklamaly. Eger-de geçirilýän bejergi garaşylýan peýdany (effekti) öz wagtynda bermese, onda bejergide derwaýys bolan ütgeşmeleri, ýagny öňki bejerginiň bes edilmegi, onuň güçlendirilmegi, täze derman serişdeleriniň bellenilmegi gijikdirilmän, öz wagtynda başlanmaly. Sanjymlary, emleri wagtly – wagtynda, ýatlatmasyz ýerine ýetirmeli. Eger-de sanjym gijikdirilse, ýa-da köp gezek ýatladylyp, ondan soň ýerine ýetirilse, bejergiň netijesi peselýär, agyrly em edilende ony hoşamaýlyk bilen ýerine ýetirmeli, şonda em agyrsyz ýaly we peýdaly bolýar. Çagalara bejergi bellenende agyry döredýän (sanjymlar, damjalar we ş.m.) usullary mümkin boldygyça az ulanmaly, sebäbi agyry çagalaryň aňyna zeper ýetirýär, ýagny olarda gorky, howsala, ukysyzlyk, biynjalyk ýaly duýgylar ýüze çykýar. Bejergi wagty syrkawyň gorkysynyň aýyrylmagy, işdäsiniň, ukysynyň gowylandyrylmagy, içegesiniň işiniň kadalaşdyrylmagy agyr keselleriň bejerilmeginde uly ähmiýede eýedir.

Çagalara haýsydyr bir kesel boýunça operasiýa edilmeli ýagdaýynda deontologiýanyň hemme kada-kanunlary doly berjaý edilmelidir, sebäbi operasiýa sözüniň özi näsag çagada we onuň hossarlarynda howsala döredýär. Geçiriljek operasiýanyň göwrümi, onda haýsy agyrsyzlandyrmanyň (anesteziýa) ulanyljagy kärdeşler bilen maslahatlaşylmaly. Syrkaw çaga operasiýa taýýarlanylmaly, lukman näsagy we onuň hossarlaryny köşeşdirmeli, operasiýanyň ýeňil geçjekdigine, netijeli boljakdygyna ynam döretmeli. Operasiýa gatnaşýan hünärmenleriň toplumy (operasiýa geçirjek hirurg, assistent, anesteziolog, şepagat uýasy we ş.m.) doly derejede öňünden takyklanylmaly we olaryň hemmesi operasiýa geçirmäge doly taýýar bolmaly. Operasiýa wagty hiç-hili ýetmezçilik bolmaly däl. Kiçi operasiýa bolmaýar. Her bir operasiýa syrkawyň janyna belli bir möçberde zyýan ýetirmegi mümkin. Syrkawa çakdan aşa uly göwrümli, kän möçberli we göterip bilinmegi gümana bolan operasiýany etmeli däl, onda organizmi göterip biläýjek möçberli operasiýany amala aşyrmaly. Eger-de operasiýanyň howpy ýokary derejede bolsa, mümkin boldygyça operasiýany tapgyrlaýyn amala aşyrmaly. Ilki bilen operasiýanyň birinji tapgyry ýerine ýetirilmeli we çaganyň ýagdaýy ýeňilleşdirilip ony operasiýanyň ikinji tapgyryna taýýarlamaly. Şeýle edilende operasiýanyň umumy netijesi gowy bolýar. Operasiýanyň göwrümini, sanyny we howpyny lukmanlar özara alyp maslahatlaşmaly we syrkawyň hossarlaryny habarly etmeli. Operasiýanyň howpyny azaltmak we netijeliligini gowylandyrmak üçin ähli çäreleri amala aşyrmaly.

Şeýlelikde pediatriýda deontologiýanyň,estetikanyň we etikanyň kadalaryny berjaý etmegiň ähmiýeti örän uludyr.Bu borjuň dogry we doly berjaý edilmegi diňe bir çaganyň basym sagalmagyna ýardam etmän, eýsemde syrkaw çaganyň ene-atalarynyň, dogan-garyndaşlarynyň başdan geçirýän nerw-psihiki sarsgynlarynyň täsirini azaltmaga hem ýardam berýär.

Hormaly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň adalatly belleýşi ýaly, hassany bejermekde diňe bir dogry we doly bellenilen bejeriş çäreleriň täsiri ýeterlik bolman, eýsemde oňa bolan mähirli,mylaýym garaýyşyny, onuň çekýän agyrysyna, ejirine duýgydaşlyk etmegiň ähmiýeti örän ulydyr.Şol zerarly hassahananyň her bir işgäri kömek sorap gelýän hassany güler ýüz we mähirli garaýyş bilen kabul etmeli.

Hormaly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ajaýyp eselerinde belleýşi ýaly her bir ynsan birek-birege hoş sözleri aýtmaly,çünki hoş sözlerde gudrat ýakym bar.

Etika sözi gerek „ethas“ sözünden gelip çykyp türkmen dilinde terjime edilende adat-dessur diýmekdir.

Asyrlar boýy her bir halkda kemala gelen adatlar,däp-dessurlar adamynyň

jemgiýetde özüni alyp baryş tertibini kesgitleýär.Näsagy bejerýän lukmanlara aşakdaky ahlak kadalary mahsus bolmalydyr:

arassa ahlak,päk wyjdan,dogryçyllyk,belent mertebellik,borjuňy duýmak we ýerine ýetirmek we ş.m.

Deontologiýa sözi gerek „deontas“ sözünden gelip çykyp-türkmen dilinde

lukmançylyk işgärleriniň ýerine ýetirmeli borjy diýmekdir.

Halkara lukmançylyk deontologiýasynyň resminamasyna (kodeksine) laýyklykda 2 sany wajyp talap bildirilýär:

- bilim;
- adamlara mähirli gatnaşyk.

**Lukmanlaryň özara gatnaşygy.**

Bejeriş edaralarynda bölümiň işgärleriniň özara gatnaşygy näsaglary bejermekde uly ähmiýete eýedir.Bu gatnaşyklaryň bozulmagy näsaga we onuň hossarlaryna örän ýaramaz täsirini ýetirýär.

Her bir bölümiň işgäri öz wezipesine baglylykda biri-birine tabyn bolmaly:

kiçi şepagat uýasy-şepagat uýasyna, şepagat uýasy-uly şepagat uýasyna, uly şepagat uýasy-lukmana, lukman-bölüm müdirine. Lukmanlaryň özara gatnaşygy örän sypaýy bolmaly,lukman tarapyndan kiçi işgärlere bellik edilende mylaýym,mähirli bolmaly.Näsaglaryň ýanynda lukmançylyk işgärleri näsagyň keseli barada,onuň agyrlygy barada gürrüň etmeli däl. Hassanyň ýanynda säwlik bilen aýdylan ýekeje ýerliksiz söziň , ýa-da hereketiň, şol sanda käbir manipulýasiýalaryň netijesinde döreýän kesele lukmançylykda „ýatrogeniýa“ diýilýär.

Lukmanlar näsagyň ýanynda özlerini sypaýy,mylakatly alyp barmaly,egerde bir lukman beýleki lukmanyň geçiren bejergesi bilen ylalaşylmadyk ýagdaýynda,ýagny,nädogry hasaplaýanda hem, bu ýagdaý barada özara maslahady näsagyň ýanynda geçirmeli däl.

**Çagalara bolan gatnaşyk.**

Näsag çagalara bolan gatnaşyk hasam aýratyn bolmaly,çünki çagalar

keselhanyň şertlerine örän kynlyk bilen uýgunlaşýarlar.

Lukmançylyk işgärleri hasam, şepagat uýalary näsag çaganyň gylyk häsiýetine görä hereket etmeli,ýagny örän mylakatly bolmaly,olaryň çekýän agyrlaryna, ejirlerine duýgydaşlyk bildirmeli,sabyrly, geçirimli bolmaly.Bölümdäki hemme çagalara deň göz bilen garamaly, şol bir wagtda bolsa olaryň her biriniň indiwidual aýratynlyklaryny öwrenmeli we nazarda tutmaly.




Lukmanyň näsag çaga bilen söhbetdeşligi

***Lukmançylyk işgärleriniň näsagyň hossarlary bilen özara gatnaşygy.***

Çaga kesellände ene-ata howsala düşýär, aljyrýar, daş-töwereginden, hasam lukmanlardan hemaýat isleýärler. Käbir ýagdaýlarda, hasam çaganyň ýagdaýy agyr bolanda ene-atalar ruhdan düşýärler, olaryň käbir hereketleri nädogry, hat-da gödek bolmagyda mümkin. Lukmançylyk işgärleri bu ýagdaýlarda eçirimli,sabyrly bolmaly,çaganyň keseli barada doly maglumat bermeli we olarda çaganyň tiz sagaljagyna ynam döretmeli.

Ene-atalaryň lukman bilen ara gatnaşygy bir-birege ynamly, mähirli, sylaşykly bolmaly.Ýöne olaryň arasynda, seýrekde bolsa, häsiýeti boýunça agyrlary, gödekleri duş gelýär. Şular ýaly ýagdaýda lukman geçirimli, sypaýy bolmaly,özüni ynamly,arkaýyn alyp barmaly.Ýüz keşbinde, ýa-da hereketiňde nätakyklyk ýüze çykmaly däl.

Şepagat uýasynyň näsagyň hossarlary bilen özini dogry alyp barmagy çaganyň basym sagalmagyna ýardam edýär.Şepagat uýasy çaganyň hossarlaryna onuň ýagdaýy baradaky maglumatlary belli bir çäkde, ýagny ukusy,beden çyzgyny özüni duýýşy barada gysgaja aýdyp biler.Ýöne keseliň geçişi,bejeriş usullary barada maglumaty bermäge haky ýokdyr. Bu barada maglumatlary çaganyň hossarlary diňe bejeriş lukmanyndan alyp biler.Şepagat uýasy näsagyň hossarlarynyň haýyşyna görä çaganyň barlag we bejeriş çärelerini üýtgetmäge haky ýokdyr.Lukmançylyk işgärleriň hemmesiniň hossarlary bilen özüni dogry, takyk, arkaýyn, geçirmeli alyp barmagy çaganyň keselden saplanmagyna ýardam edýär.



Lukmanyň näsag çaganyň ejesi bilen söhbetdeşligi

## Lukmançylyk syry.

Lukmançylyk işgäri barlag,gözegçilik we bejeriş döwründe näsagyň keseli barada alnan maglumatlary ýaýratmaga haky ýok. Käbir agyr, adamyň janyna howp salýan kesellerde (leýkoz, howply çiş keselleri we ş.m.) näsagyň ýagdaýyny diňe hossarlaryna aýtmaly. Jynsy gatnaşygyň netijesinde dörän kesellerde (gonoreýa,sifilis we ş.m.) lukman näsagyň syryny berk saklamaly.

Lukmançylyk syryny saklamakda resminamalary bellenilen ýerde saklamak zerurdyr, ýagny resminamalar lukmançylyk syryny ýaýradyjy çeşme

bolup hyzmat etmeli däldir

**4-NJI TEMA- 2 SAGAT**

# KIÇI WE ORTA ŞEPAGAT UÝALARYNYŇ BORÇLARY

## Kiçi we orta şepagat uýasynyň borçlary.

Keselhanalarda näsaglaryň keselini anyklamaga we bejermäge lukman, orta we kiçi şepagat uýasy gatnaşýar.

***Kiçi şepagat uýasynyň borçlary:***

- otaglaryň (sanjym,koridor we ş.m.) çygly arassaçylyk işlerini geçirmek;
- näsaglaryň geýmini,düşek ortüklerini wagtynda çalyşmak;
- agyr näsaglaryň kiçi we uly täretleri üçin zerur bolan abzallary alyp bermek we arassalamak;
- düşekde uzak wagtlap,ýatmagyň netijesinde emele gelýän ýaralaryň öňüni almak.
- bäbekleri ýuwundyrmak we gundamak;
- näsaglaryň yzyndan gelýän iýmitleri kabul etmek we olara gözegçilik etmek;





**Agyr näsag çaganyň düşek örtükleriniň çalşylşy**

## Şepagat uýasynyň borçlary

Şepagat uýasy bolup bölümlerde orta lukmançylyk mekdebini,ýokary lukmançylyk mekdebiniň 3-nji ýylyny tamamlanlaryň işlemäge hukugy bar. Şepagat uýasynyň borçlary:

- täze düşen näsag çagalary kabul etmek,çagalarda ýokanç keseli we pedikulýozy inkär etmek üçin derisine we saçyna seretmek,degişli otaglarda ýerleşdirmek we lukmana habar bermek;
- lukmanlaryň bellän bejeriş çärelerini birkemsiz,dogry we doly ýerine ýetirmek;
- lukmanyň bellemegi boýunça barlag üçin zerur bolan materiallary (peşew,täret,gan,gakylyk we ş.m.) ýygnamak we barlaghana tabşyrmak,olaryň netijelerini alyp, kesel taryhyna ýelmemek;
- näsaglara zerur bolan serişdelere (dermanlar,pagta,spirt,sargy serişdeleri we ş.m.) talapnama düzmek;
- derman serişdeleriniň saklanylyşyna gözegçilik etmek;
- hassalary dürli barlaglara taýýarlamak we olary geçirmage kömek etmek;
- täze düşen çagalary we onuň hossarlaryny bölümiň içki düzgün –tertibi bilen tanyşdyrmak;
- bölümdäki zerur bolan abzallaryň (spis,şpatel,termometr,sargy serişdeleri we ş.m.) arassaçylygyny (sterilizasiýa) amala aşyrmak;
- çaganyň atropometriki (agramy,boýy,kelle we döş aýlawynyň ölçeglerini) görkezijilerini,bedeniň gyzgynyny,pulsyny,arterial basyşyny,dem alyşynyň sanyny ölçemek we olary beden gyzgyny ölçenilýän liste bellemek;
- çagalaryň yzyndan gelýän iýmitleri keseline görä kabul etmekwe olaryň dogry saklanyşyna gözegçilik etmek,kiçi ýaşly we agyr näsaglary naharlamak;
- lukman tarapyndan çagalaryň idegi we bejergesi babatda zerur tabşyryklary almak  we dogry ýerine ýetirmek;

***Sanjym otagynda işleýän şepagat uýasynyň borçlary:***

- dürli usulda (deri astyna, içine, myşsa,damar içine) ýerine ýetirilýän sanjymlary amala aşyrmak;
- lukman bilen bilelikde gany, plazmany goýbermek,dürli punksiýalara,kontrast serişdeleri bilen geçirilýän barlaglara gatnaşmak.

## Baş şepagat uýasy

Bölümde geçirilýän dürli (bejeriş,barlag,ideg we ş.m.) işleriň üstünlikli amala aşmagy baş şepagat uýasynyň guramaçylyk ukybyna göniden-göni bagly bolýar.

***Baş şepagat uýasynyň borçlary:***

- kiçi we orta şepagat uýalarynyň işlerini dogry we doly guramak;
- bölümde geçirilýän arassaçylyk-keseliň öňüni alyş (epidimialogik) çärelerini dogry guramak;
- täze işe kabul edilen işgärlere borçlaryny öwretmek;
- bölümdäki özüne degişli hemme resminamalary doldyrmak.

**Hojalyk uýasynyň borçlary.**

- bölümiň enjamlaryna we hemme otaglaryň arassaçylygyna gözegçilik etmek.
- täze düşen näsaglary kabul etmek, olary bölümiň eşikleri bilen üpjin etmek we otaglara ýerleşdirmek
- kiçi şepagat uýalarynyň borçlaryny ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

**Nobatçylygy kabul etmegiň we tabşyrmagyň düzgünleri:**

Bölümde bejeriş işleriniň üstünlikli geçmegi üçin nobatçylygy dogry kabul etmek we tabşyrmak örän jogapkärli pursat hasaplanylýar.

- nobatçylygy tabşyrýan we kabul edýän şepagat uýalary bilelikde çagalaryň ýatýan otaglaryna aýlanmaly we näsaglaryň sany,agyr näsaglaryň ýagdaýy,olaryň bejergisi,otaglaryň arassaçylyk ýagdaýy bilen tanyşmaly;
- nobatçylygy tabşyrýan şepagat uýasy dermanlaryň bellenilýän listini,dergini tabşyrmaly;
- barlaglar bellenilýän dergi bilen tanyşmaly we nobatçylyk döwründe ondaky bellenilen barlaglary ýerine ýetirmeli;
- nobatçy şepagat uýasy enjamlary(termometrlar,şpateller,şprisler,derman serişdeleri we ş.m.) sanap, arassa ýagdaýda kabul etmeli;
- näsaglar üçin zerur bolan egin-eşikleriň,düşekleriň ýeterlik möçberde bolmagyna gözegçilik etmeli;
- nobatçylygyň ahyrynda şepagat uýasy şu günki näsaglaryň sany,çykan
- we düşen,hemde başga bölümlere,hassahanalara geçirilen näsaglaryň sany barada maglumat düzmeli we kabul ediliş bölümine tabşyrmaly.

- eger-de nobatçylygy kabul etmeli şepagat uýasy gelmedik ýagdaýynda, nobatçylygy tabşyrýan şepagat uýasy nobatçy lukmana, ýa-da ýolbaşçylyra habar bermeli,ýöne iş ýerini taşlap gitmäge haky ýok;

**Şepagat uýasynyň iş ýeri.**

Şepagat uýasynyň iş ýeri näsaglara ýakyn bolmaly we ýeri aşakdaky enlamlar bilen üpjin edilmeli:

- kesel taryhyny,dürli resminamalary we dergileri saklamak üçin ýöriteleşdirilen stol;
- dürli derman serişdereli we abzallary saklamak üçin ýörite şkaf;
- 1 ýaşa çenli çagalary barlamak, olarda arassaçylyk işlerini geçirmek, gundamak üçin çaga gundalýan stol;
- stolyň üstünde goýylýan çyra,ýerli we şäherara telefon;
şepagat uýasynyň iş ýeri arassa,tertipli bolmaly;

***Şepagat uýasynyň ýerine ýetirmeli amaly endikleriniň sanawy:***

- çagalarda arassaçylyk işlerini geçirmek, ýagny deri örtügini,gözüni, göbek ýarasyny,agyz,burun boşluklaryny,gulaklaryny,jyns organlaryny

  arassalamak;

- derman serişdelerini içirmek;
- derman serişdelerini dürli parenteral (deri içine,deri astyna,myşsa,damar içine) usul bilen ulanmak;
- çaganyň damar,ýürek urşunyň,dem alyşynyň ýygylygyny,beden gyzgynyny,arterial gan basyşyny ölçemek;
- kiçi ýaşly çagalary iýmitlendirmek we agyr çagalary zondyň üsti bilen naharlamak;
- aşgazany zondly we zondsyz ýuwmak;
- klizmanyň dürli görnüşlerini (arassalaýjy,sifon,derman,gipertoniki) ýerine ýetirmek;
- howa çykaryjy turbajygy (per rektum) goýmak;
- peşew halta kateter goýmak;
- gorçiçnikleri,lukmançylyk bankalary, dürli kompressleri goýmak;
- dürli derman serişdeleri(mazlary,erginleri)deri örtügine çalmak;
- ýüregiň göni döl massažyny,emeli dem bermäni başarmak;
- lukmanyň bellemegi boýunça fiziobejergini geçirmek;
- monitoryň gözegçiligini we näsagda ýüze çykýan bozulmalary öz wagtynda lukmana habar bermek;

- barlag üçin gerek bolan dürli materiallary(gan,peşew,tärek, tükülik we ş.m.) ýygnamak we barlaghana tabşyrmak;

**Lukmançylyk iş resminamalary.**

Bejeriş edaralaryn esasy resminamalarynyň biri kesel taryhydyr,ol esasy lukmançylyk,ýuridiki,finans resminama hasaplanylýar.Kesel taryhynda näsag barada ähli maglumatlar ýazylýar. Oňa laboratoriýa,instrumental barlaglaryň netijeleri bellenilýär we gündeki beden gyzgyny,damar urşunyň (puls), arterial

basyşynyň,zerur bolsa gije-gündiziň dowamynda bölünip çykýan peşewiň we näsagyň içen suwuklygynyň möçberi ýazylýar.

Kesel taryhyna şepagat uýasy näsag çaganyň bölüme düşen wagtyny, pedikuliýozyň (bit,sirke) bardygy, ýa-da ýokdygy barada bellik edýär we golçekýär.

Dermanlar bellenilýän liste şepagat uýasy dermanlaryň berlen wagtyny, möçberini belleýär. Beden gyzgyny bellenilýän liste beden gyzgynynyň irdenki we agşamky görkezijilerini,çaganyň gündeki agramyny,içen suwuklygynyň mukdaryny ,uly we kiçi täretiniň sanyny,häsiýetini,eger-de çaga gaýtarýan bolsa gusundynyň häsiýetini bellemeli. Kesel taryhy ýuridiki resminama hasaplanylyp,25 ýylyň dowamynda arhiwde saklanylýar.

Kesel taryhyny arassa doldurylmaly, ýagny onda hiç hili düzedilişleriň,

goşmaça ýazgylaryň bolmagyna rugsat berilmeýär. Kesel taryhynyň dogry saklanmagyna şepagat uýasy jogap berýär,olar çagalaryň, ene-atalaryň elýetmez ýerinde ýörite ýapylýan şkaflarda saklanmaly.

Barlaghana ugradyş hatyny şepagat uýasy doldurýar,oňa näsagyň familiýasy,ady,ýaşy,kesel taryhynyň tertip belgisi,bölümiň ady we geçirilmeli barlaglaryň görnüşi we kesel kesgitlemesi ýazylýar.

***Bejeriş çäreleriň seljeriş dergisi.***

Bu iş resminamada şepagat uýasy lukman tarapyndan näsaga bellenilen bejergileri ulanyş usulyna (sanjym,içirmek,çalmak) baglylykda geçirilýär.

***Nobatçylygy kabul ediş we tabşyryş dergisi.***

Bu dergide bölümdäki näsaglaryň bölüme täze düşen we çykan çagalaryň sany,olaryň familiýasy,ady we kesel kesgitlemesi ýazylýar.Şeýlede bu dergide ýokary gyzdyrýan, agyr näsaglar bellenilýär.

***Barlaglar dergisi.***

Bu dergide näsag çaga geçirmeli barlaglaryň (ganyň,peşewiň,täretiň umumy barlaglar,ganyň biohimiki barlaglary we ş.m.) görnüşleri,şeýlede zerur bolan birnäçe instrumental (UZB,endoskopiýa,rentgenskopiýa we ş.m.) barlag usullary we olary geçirmek üçin zerur çäreler (klizma, berhizler we ş.m.) bellenilýär.

***Näsaglaryň hereket dergisi.***

Dergide bölümde günüň başynda bar bolan,täze düşen,bölümden çykan we başga bölümlere,hassahanalara geçirilen näsaglaryň sany bellenilýär.

***Ýokanç keselleri hasaba alynýan dergi.***

Bölümde ýüze çykarylan ýokanç keselli çagalaryň ady,atasynyň ady,ýaşy,öý salgysy,gatnaýan çagalar edarasy (çagalar bagy,mekdep we ş.m.) keseliň kesgitlemesi,keseliň başlan wagty,ýüze çykarlan wagty we keseliň öňüne alyş çäreleri bellenilýär.Şeýlede bu dergide keseliň öňüni alyş we ýüze çykaryş çäreleri (barlaglar) ýokanç keselli çaga bilen bir otagda bolan çagalara we oňa hyzmat eden lukmançylyk işgärlerine geçirlendigi barada bellik edýär.

***Derman serişdelerini hasaba alynýan dergi.***

Derman serişdeleri ýöriteleşdirilen, gulplanylýan şepagat uýasynyň gözegçilindäki şkaflarda saklanylýar.Derman serişdeleri täsiri boýunça lll uly topara bölünýärler.

l-umumy täsir edýän dermanlar.

ll-zäherleýji täsiri güýçli we narkotiki derman serişdeler.

lll-täsiri güýçli derman serişdeler.

Umumy täsir edýän derman serişdelerine witaminler,bedeniň gyzgynyny düşürijiler, spazmolitikler,biostimulýatorlar ,narkotiki däl analgetikler we ş.m. degişlidir.Olary ulanylyşyna görä aýratyn tekjelerde saklanylmaly.

Mysal üçin içilýän derman gerdejikleri,erginler,şireler,çyrşaklar we ş.m. aýry-aýry tekjelerde saklanylýar we her tekjä ulanyş usuly boýunça ýazgy edilýär.

Güýşli täsir edýän we zäherli dermanlaryň saklanyşyna aýratyn talap bildirilýär.Olary saklamak üçin ýörite demir seýfler (şkaflar) ulanylýar,olaryň gapysy mydama gulply bolmalydyr.Olar täsirleri boýunça 2 dürli seýfde saklanylýar:

,,A“-seýf-zäherleýji täsiri güýçli bolan narkotiki serişdeler.

,,B“-güýçli täsir edýän derman serişdeler.

Seýfleriň gapysynyň iç ýüzünde derman serişdeleriň ady, sany, göterimi (%), ulanylyş usuly, çaganyň ýaşyna baglylykda ulanylýan möçberi ýazylan bolmaly.Şeýlede bu dermanlaryň garşysyna ulanylýan derman serişdeleriň

(antidotlar) sanawy bolmaly.Narkotikler we zäherli täsir ediji dermanlaryň ätiýaçlyk mukdary 5 günden, güýçli täsir edýän dermanlaryňky 10 günden köp bolmaly däl.

Bu derman serişdelerini hasaba almak üçin ýöriteleşdirilen,sahypalary tertip belgisi bilen bellenilen we bejeriş edarasynyň möhri bilen möhürlenen dergiler bolmaly we olar aşakdaky görnüşde doldyrylmaly..

| Alnan dermanlar | | | | Harç edilen dermanlar | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sene | Nireden alnan | Muk dary | Senesi | Kesel taryhynyň belgisi, näsagyň ady,familiýasy,ýaşy | Mukdary | Lukma-nyň goly | Galan mukdary |

Bu dergiler we dermanlary almak üçin talapnamalar bölümde 3 ýylyň dowamynda saklanylýar, soňra iş topary düşülip ýok edilýär we bu barada guwänama düzülýär.

Seýfleriň açarlary bejeriş edaralaryň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bellenilen ýörite adamlarda bolýar.Bu derman serişdeleri nädogry saklananda we ogurlananda ol adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.Ýiti ysly dermanlar (naşatyr spirt,kamfora we ş.m.) ýangyn howply (etil spirt,efir we ş.m.) we reňkleýji derman serişdeleri (metilen gögi,ýod we ş.m.) aýry-aýry şkaflarda saklanylýar.

Derman senagaty tarapyndan öndürilýän dermanlaryň ulanylyş möhleti öndürilýän kärhana tarapyndan kesgitlenilýär.Dermanlaryň gabynyň daşynda onuň öndürilen ýyly,aýy,kärhananyň seriýasy,salgysy,telefon belgisi, şeýlede ulanyş möhleti ýazylýar.Adatça kärhanalar tarapyndan öndürilen dermanlaryň ulanyş möhleti 2-5 ýyl bolýar.Mundan başgada käbir derman serişdeleri (erginler,çyrşyklar we ş.m.) dermanhanalarda taýýarlanylýar.Taýýarlanan dermanlaryň ýüzüne ýelmenen kagyzda (etiketka) dermanlaryň görnüşi (ergin,tab. we ş.m.) ady,

göterimi (%), mukdary,taýýarlanylan wagty we ulanylyş möhleti bellenilýär.

Dermanhanada öndürilen dermanlaryň ulanylyş möhleti:

- sanjym üçin niýetlenen,göz damjalary,gaýnatmalar-2 gün;
- çyrşaklar-3gün;
- steril erginler (5-10% glýukoza,0,9% natriý hlorid, 0,25% nowokain, Ringer) - 3 gün
- galan derman serişdeler 10 gün (derman gerdejikler,olaň owradylan görnüşleri(poroşok)).

***Zaýalanan derman serişdeleriň alamatlary:***

Reňkiniň üýtgemegi,bulanmagy,tegmilleriň peýda bolmagy,dermana mahsus däl ysyň bolmagy.

Dermanlary temperaturasy,çyglylygy,ýagtylygy kada laýyk otaglarda saklamaly we olaryň gaplanan gaplarynyň abat bolmagyna üns bermeli.

Käbir derman serişdelerini (antibiotikleri,gaýnatmalary,insulin,glýukoza ergini,gan we ganyň ýerini tutujy erginleri we ş.m.) +2,+4,+10 C ýörite sowadyjylarda saklamaly.

Ýagtylygyň täsiri astynda dargaýan käbir derman serişdeleri

(ýod,walerian,wit.D we ş.m.) gara aýnadan ýasalan gaplarda we garaňkyda saklanýar.

Derman serişdelerini arassalaýjy (dezinfisirleýji erginler-hloramin,

gipohlorid natriý,wodorodyň perekisi,hlor heki) we tehniki maksatlar üçin ulanylýan serişdeler bilen bilelikde saklamak gadagan.

Şepagat uýasynyň dermanlary bir gapdan beýleki gaba guýmaga,olaryň ýazgylaryny üýtgetmäge, dürli dermanlary garyşdyrmaga haky ýokdyr.

# Bejeriş we keseliň öňüni alyş edaralarynda gündelik we düýpli arassalaýyş (dezinfeksiýa) işleriniň geçiriliş usullary.

Çaga hassahanalarynyň gündelik işinde arassaçylyk işleriniň tertip-düzgüniniň dogry we doly berjaý edilmeginiň ähmiýeti örän wajypdyr.

Arassaçylyk işleriniň geçiriliş düzgünnamasy bejeriş edaralaryň

görnüşine baglylykda özara tapawutlanýar.Her kesel bejeriş edara kabul edilen arassaçylyk düzgünnamany berjaý etmäge borçlydyr, şeýlede işe kabul edilýän we öňden işleýän işgärleriň kesgitlenen möhletde lukmançylyk gözegçiligini geçmekligi derwaýysdyr.

Hassahanadaky işgärler we ondaky bejergi alýan näsaglar düzgünnama boýunça talap edilýän arassaçylyk düzgünlerini doly ýerine ýetirmelidirler.

Hassahana arassaçylyk işlerini doly geçirmek üçin zerur bolan enjamlar

(arassalaýjy serişdeler,abzallar,ýörite geýim-gejimler we ş.m.) bilen

üpjin edilmelidir.

Ýatymlaýyn bejergä ugradylýan näsaglaryň ugradyjy hatynda olaryň soňky 3 hepdäniň dowamynda ýokanç keselliler bilen aragatnaşykda bolanlygy, ýa-da bolmanlygy barada maglumat bolmaly. Bu maglumatlaryň barlygyna, ýa-da ýoklugyna garamazdan, kabulhananyň lukmany näsagda ýokanç keselleriň bardygyny, ýa-da ýokduguny takyklamak üçin näsaga has ünsli seretmeli.Eger-de näsagda ýokanç keselleriň alamatlary ýüze çykarylan ýagdaýda, ony ýöriteleşdirilen ýokanç keseller hassahanasyna ugratmaly.Ýüze çykarlan ýokanç kesel howa - damja ýoly bilen ýaýraýan bolsa, ony ýöriteleşdirilen ulag bilen ugratmaly.Ýokanç keselli çaga ugradylandan soň kabulhanany 15 minudyň dowamynda ýelejiretmeli we arassaçylyk (dezinfeksiýa) işlerini geçirmeli.

Aýratyn howply (mergi,gyrgy,ýaşur,sybir baş keseli we ş.m.) keseller ýüze çykarlanda kabulhananyň işgärleri kabulhanany bada-bat ýapmaly we ýolbaşçylara dessine habar ýetirmeli.

Ýokanç keseller hassahanasyna ugradylmaga mümkinçiligi bolmadyk käbir ýagdaýlarda (çaganyň ýagdaýy çenden aşa agyr,çagada ýiti hirurgiki kesel bolsa,şikesler we ş.m.) näsag çagalar aýratyn otagda (boks,izolýator)ýerleşdirilýär we olara zerur bolan ilkinji lukmançylyk kömegi berilýär.Ýokanç kesel ýüze çykarlan ýagdaýynda arassaçylyk gullygynyň edaralaryna gyssagly habar bermeli.

***Kabulhanada kabul edilýän näsag çagalarda arassaçylyk işleriniň geçirilşi.***

Çaganyň bedeniniň arassalygyna şepagat uýasy gözegçilik etmeli.

Geçirilmeli arassaçylyk işleriniň göwrümini näsagyň ýagdaýyna görä lukman kesgitleýär,bellenilen arassaçylyk işleri kiçi şepagat uýasy tarapyndan ýerine ýetirilýär.Eger-de çaganyň ýagdaýy mümkinçilik berýän bolsa, ony suwa düşirmeli we hassahananyň egin-eşiklerini geýdirip, degişli bölüme ugratmaly.Käbir halatlarda çagalaryň ýagdaýyna görä bölekleýin arassaçylyk işleri (dyrnaklaryny almak,saçyny syrmak,endamyny çygly esgi bilen süpürmek we ş.m.) geçirilýär.

Ýagadaýlary örän agyr bolan çagalara arassyçylyk işi geçirilmezden bada-bat reanimasiýa bölümine eltilýärler we olara dessine zerur bolan lukmançylyk kömegi berilýär.

Kabulhana arassaçylyk işlerini geçirmek üçin zerur bolanotaglar,(wanna,hajathana) enjamlar, (sabynlar, şampunlar, daraklar, polotensa we ş.m.) arassalaýjy serişdeler (uksus,gipohlorid,hloramin we ş.m.) üpjin edilmeli. Kabulhanada şepagat uýasy näsaglaryň saçynda, bedeninde, eşiginde bitiň ýa-da sirkäniň(pedikulýoz) bardygyny, ýa-da ýokdygyny barlamaly.Bitler dürli görnüşde bolýar:saç,egin-eşik,gasyk.Eger-de çaganyň saçynda bit, ýa-da sirke ýüze çykarylsa, onda onuň saçy ýörite erginler (dürli bite garşy şampunlar ,,nitifor“, 10% suwly-sabyn,kerosin, benzil-benzoatyň 20% suwly-sabyn ergini) bilen ýuwulmaly.Bu erginleriň haýsydyr biri bilen saç öllenenden soňra ony polietilen daňmaly we 20-30 minut geçenden soň gowy edip gyzgyn sabynly suwda ýuwmaly.Soňra gowy edip arassa suw bilen çaýkamaly,ondan soň saçy kiçijik, ýygy dişli 8% uksus erginine batyrlan darak bilen daramaly.Syrylan saçlary,bitleri,sirkeleri tutuşlaýyn ýakmaly. Eger-de bit näsagyň geýiminde bolan ýagdaýynda olary polietilen halta salmaly,daňmaly,dez kamera tabşyrmaly. Arassaçylyk geçirilen otaga 0,5% hlorofos sepmeli, 10-15minut ýapyp goýmaly,soňra 2-3 sagat ýelejiretmeli we çygly arassaçylyk işlerini geçirmeli.

Bit çykan çagalaryň kesel taryhynyň ýüzüne ,,P“ harpy ýa-da ,,Pedikulýoz“ sözi bellenilmeli. Zerur bolan ýagdaýynda arassaçylyk işleri gaýtalamaly.

### Hassahanalarda arassaçylyk düzgünleriniň berjaý ediliş usullary

Hassahanada arassaçylyk düzgünlerini doly we berk berjaý etmek, onuň içinde keseliň ýaýramazlygynyň, ýagny bir näsag çaganyň keseliniň beýleki

näsag çaga geçmeginiň öňüni almaga ýardam edýär. Arassaçylyk düzgünlerini özleşdirmek we olary doly, dogry berjaý etmek keselhanada işleýän her bir medisina işgäri, şol sanda hünärmen amalyny geçýän talyplar üçin hem örän wajypdyr.

Arassaçylyk işlerini geçiriş düzgünleri Türkmenistanyň Saglygy Goraýyş we Derman Senagaty ministrliginiň hereket edýän buýruklary esasynda taýýarlanyldy.

| ***Abzallaryň ady*** | ***Arassaçylyk çäreleriniň geçirilşi*** |
|---|---|
| Bölümdäki otaglar, çaga gundalýan we seredilýän stollar tumboçkalar, | Günuň dowamynda 4 gezek (her 6 sagatdan, takmynan 7-13-19-01 sagatlarda) 1% hlor hekiniň erginine batyrlan ýöritelişderilen arassa esgi bilen süpürmeli (her 15 minutdan 2 gezek), soňra 30 minudyň dowamynda kwars çyrasyny ýakmaly we onuň ýakylyp başlan, gutaran wagtyny ýörite depderçede bellemeli. |
| Em edilýän otag | Günuň dowamynda 4 gezek (her 6 sagatdan, takmynan 7-13-19-01 sagatlarda) 1% hlor hekiniň erginine batyrlan ýöritelişderilen arassa esgi bilen süpürmeli (her 15 minutdan 2 gezek), soňra 30 minudyň dowamynda kwars çyrasyny ýakmaly we onuň ýakylyp başlan, gutaran wagtyny ýörite depderçede bellemeli. Şeýlede em geçirilýän emjamlaryň (kuşetka, çaga gundalýan we seredilýän stollar) üstini her manipulýasiýadan soň 2 gezek (her 15 minutdan ) 1% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. |

| | |
|---|---|
| | |
| Rezin grelkalar, buzly haltajyklar, klýonkalar, fartuklar. | Ulanylandan soň her 15 minutdan, 2 gezek, 1% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli we 1 sagatdan soň enjamlary täzeden ulanmak bolýar. (ekspozisiýa-1sagat) |
| Kislorod maskasy, ýassygy | Ulanylandan soň her 15 minutdan 2 gezek, 3% perekis wodorod erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden 1 sagatdan soň enjamlary täzeden ulanmak bolýar. (ekspozisiýa-1sagat) |
| Sm. lenta, fonendoskop. | Ulanylandan soň her 15 min. 2 gezek, 0,5% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden 1 sagatdan soň, enjamlary täzeden ulanmak bolýar. (ekspozisiýa-1sagat) |
| Ellikler (her bir manipulýasiýa ýerine ýetirlende täze ellik geýmeli) | 1 sagadyň dowamynda 5% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soň gaýçy bilen kesmeli we pakede salyp zyňmaly. |
| Arassaçylyk işleri üçin ulanylýan esgiler | Ulanylandan (bölümde) soň 1 sagadyň dowamynda 1% hlor hekiniň ergininde (350 buýryk boýnça 3% hlor hekiniň ergininde-laboratoriýa) ýatyrmaly, soň akar suwda poroşok, ýa-da hojalyk (kir) sabyn bilen ýuwmaly, akar suwda durlamaly we guratmaly. |
| Termometrler | Ulanylandan soň 30 min.dowamynda 0,5% hlor hekiniň ergininde, egerde näsag gepatit geçiren bolsa 1% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soň akar |

| | |
|---|---|
| | suwda ýuwmaly, gury salfetka bilen süpürmeli we içi gury salfetkaly gapda (bankada) simaply ujyny aşak edip goýmaly. |
| Bir gezek ulanylýan şprisler | Bir gezek ulanylýan şprisleri arassalamak üçin 3 sany, 5% hlor heki erginli gap ulanylýar. Sanjymdan soň 1-nji gapda sprisiň içini 3 gezek dez. ergin bilen dolduryp dökmeli, soň 3-nji gapda içi dez. ergin bilen doldurlan ýagdaýda batyryp, 1 sagadyň dowamynda goýmaly. Bir sagatdan soň şprisleriň ujyny (kanýulasyny) döwüp uly şepagat uýasyna tabşyrmaly. Ulanylan iňňeleri 2-nji gapda 1 sagadyň dowamynda goýmaly, soňra uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, ol bolsa olary ýakmaly. |
| Sistemalar | Ulanylan sistemalaryň hemmesini(ganly, gansyz) 5% hlor heki erginli gabyň içinde gaýçy bilen 10-15 sm ölçegde kesmeli we 1 sagadyň dowamynda batyryp goýmaly, filtriň içini dez. erginden doldurmaly, gaýçyny hem şol erginde ýatyryp goýmaly, 1 sagat geçenden soň ,sistemanyň filtrini uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, beýleki böleklerini pakeda salyp zyňmaly, gaýçyny akar suwuň aşagynda ýuwmaly we süpürip guratmaly. |
| Ýere(pola) gan damsa | Ýere (pola) gan damsa , ganyň daşyna 5% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi aýlamaly, soň ganyň üstüne 5:1 gatnaşykda (5 esse az mukdarda) hlor hekini sepmeli we 1 sagatlap goýmaly, soň daşyna aýlanan esgi bilen gany süpürmeli we esgini 5% hlor hekiniň ergininde 1 sagadyň dowamynda ýatyryp goýmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we guratmaly. |
| Otagyň içini düýpli (jemleýji) arassalamak | Otagyň içini düýpli (jemleýji) arassalamak hepdede bir gezek geçirilär. Ilki bilen diwaryň ýüzindäki bar bolan kerepleri aýyrmaly,soň 5 % hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen diwaryň ýüzini, |

| | |
|---|---|
| | ýokardan aşak süpürmeli we 1 sagatlap gapyny, aýnalary ýapyp goýmaly, 1 sagatdan soň gapyny, aýnalary açyp ýelejiretmeli, soň ilki ýuwujy serişde (10 litr suwa-50 g poroşok goşup taýarlanylýar), soň arassa suw bilen ýuwmaly we 1sagatlap aynalary, gapyny ýapyp ,kwars çyrany ýakyp (birinji gezek) goýmaly, soň hemme ýerleri 1% hlor hekiniň ergini bilen 2 gezek her 15 minutdan süpürmeli we 30 min. (ikinji gezek) kwars çyrany ýakmaly.<br>Şeýlede, dergä kwars çyranyň ýakylyp başlan , gutaran wagtyny ýazmaly we şepagat uýasy gol çekmeli. |
| Ganly çüýşe | Gan guýlandan soň, dürli gaýra üzülmeleriň ýüze çykmagynyň mümkindigini nazarda tutup, täzeden barlamaga mümkinçilik bolar ýaly çüýşäniň düýbünde 10-15 ml gan goýmaly. Çüýşäniň daşyna näsagyň adyny, familiýasyny, kesel taryhynyň belgisini ýazyp, 1 sutkanyň dowamynda saklamly, soň çüýşäniň gapagyny gaýçy bilen açyp içini 5% hlor hekiniň ergini bilen doldurmaly we gaýçy bilen bilelike şol erginiň içinde 1 sagatlap ýatyrmaly, soň olary akar suwuň aşagynda ýuwmaly, gaýçyny gury esgi bilen süpürmeli, çüýşäni uly şepagat uýasyna tabşyrmaly |
| Klizma üçin ulanylýän abzallaryň uçlary (nakoneçnikler), peşew kateterleri. | 5% hlor hekiniň ergininde 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 30 min.(gaýnap başlandan soň) dowamynda gaýnatmaly, soň suwyny döküp gury görnüşde saklamaly. |
| Maskalar | Ulanylan maskany 30 min. 1% hlor hekiniň erginide ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda hojalyk (kir) sabyny, ýa-da poroşok bilen ýuwmaly, ütüklemeli. Maskany her 4 sagatdan çalşyp durmaly. |

| | |
|---|---|
| Lotoklar. | 3% hlor hekiniň ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly. |
| Zondlar, gakylyk sorujy abzalyň (otsosyň) ujy | 1 % hlor hekiniň ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 30 minut gaýnatmaly , soň suwyny döküp gury görnüşde saklamaly. |
| Näsagyň aşagyna ýazylýan klýonka | 1 % hlor hekiniň ergininde, 30 min. ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we guratmaly. |
| Holodilnikler (prosedura otagynda we naharhanada) | 2 gezek, arasyna 15 min. salyp ,1% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli we 1 sagatlap gapysyny ýapyp goýmaly, soň arassa suw bilen ýuwmaly. |
| Nahar üçin ulanylýan gap-gaçlar. | Ilki bilen naharyň galyndysyny çemçe bilen aýyrmaly, soň 30 min. 0,5 % hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly we akar suwda ýuwmaly. Soň gap-gaçlar üçin niýetlenen ýuwujy serişde bilen ýuwmaly we akar suwuň aşagynda 10-15 min. durlamaly. |
| Pol ýuwulýan enjamlar (şwabra, bedre, esgi) | Şwabrany 1% hlor hekiniň ergini batyrlan esgi bilen, arasyna 15 min. salyp, 2 gezek süpürmeli, soň aşagyny ýokaryk edip goýmaly. Bedräni1% hlor hekiniň ergini bilen, arasyna 15 min. salyp, 2 gezek süpürmeli we düňderip goýmaly, pol ýuwmak üçin ulanylýan esgileri 1% hlor hekiniň ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we guratmaly. |
| Gorşoklar | Ilki suw guýup, içini unitaza boşatmaly, 1% hloramin ergininde, (ýa-da 3% hlor hekiniň ergininde 30 min.) 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we düňderip goýmaly. |
| Ganly düşek örtükleri (prostyn, ýassykdaşy we | 3 % hlor hekiniň ergininde, 2 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly, durlamaly we |

| | |
|---|---|
| ş.m.) | hojalyk uýasyna tabşyrmaly. 1 kg. örtüge 5 litr dez. ergin ulanmaly. |
| Ýorgan, düşek, ýassyk. | Dez. kamera tabşyrylýar. |
| Açylmadyk biksler. | 3 sutkanyň dowamynda steril hasaplanylýar. |
| Açylan biksler. | 1 sutkanyň dowamynda steril hasaplanylýar. |
| Ganyň holodilnikde saklanyş temperaturasy | +4+8 C |
| Pol ýuwmak | Poly eliň ellikli ýuwmaly, bir sutkanyň dowamynda pol azyndan 3 gezek ýuwulýar, 2 gezek ýuwyjy serişde, 1 gezek 0,25 % gipohlorid natriniň, ýa-da 1% hlor ergini bilen ýuwmaly, soň arassa suw bilen durlamaly, 10 litr 0,25 % gipohlorid natriniň ergini bilen 60 kw. metr meýdany (3palatany) ýuwup bolýar.Durlamak üçin ulanylýan suwy hapalanyşyna görä çalyşmaly. Her otagyň öz şwabrasy, bedresi we esgisi (wetoşy) bolmaly, olary ýörite otaglarda saklamaly. Hajathanada unitazyň üsti 1% , içi 5% hlor hekiniň ergini bilen süpürilýär. |
| Metallik gurallar (instrumentler), köp gezek ulanylýan şprisler. | Ulanylandan soň, instrumentleri 3% hlor ergininiň içinde goýup, olary gowy edip (şýotka bilen) ýuwup, olordaky dürli galyndylary (gan,nem,iriň we ş.m.) aýyrmaly, soňra beýleki gapda 1 sagadyň dowamynda 3% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soň akar suwda ýuwmaly we 50-60 $^0$C gyzgynlykdaky ýuwujy erginde 20 min. ýatyrmaly, (ýuwujy ergininiň taýýarlanylşy: 895 ml suwa 5 gr ýuwujy serişde we 100 ml 6% perekis wodorodyň erginini goşmaly), soň şol erginde gurallary çotka bilen, soň akar suwda gowy edip ýuwmaly, soň distillirlenen suw bilen ýuwmaly, instrumentleri sterilizatoryň içine goýmaly we üstüne distillirlenen suw guýup, gaýnap başlandan soň 10 min. gaýnatmaly. Bu tapgyra duzsyzlandyrma diýilýär, |

| | |
|---|---|
| | soňra instrumentleri sterilizasiýa üçiň bikslere salyp, aftoklawa ibermeli. |
| Şpateller | Ulanylandan soň 30 min.dowamynda 1% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soň akar suwda ýuwup,50-60 $^{0}$C gyzgynlykdaky ýuwujy erginde 20 min. ýatyrmaly, (ýuwujy ergniň taýýarlanylşy: 895 ml suwa 5 gr ýuwujy serişde we 100 ml 6% perekis wodorodyň erginini goşmaly), ýagny duzsyzlandyrmaly, soň akar suwda ýuwmaly we sterilizatora salyp üstüne distillirlenen suw guýup 45 min. gaýnatmaly,sterilizatoryň gapagyny açman suwyny dökmeli we agzy ýapylýan ýagdaýda (sterilizatorda) saklamaly. |
| Ulanylan pagta, hasa şariklar, tomponlar | Ulanylandan soňra 5% hlor ergininde 1 sagat ýatyrmaly,soň polietilen haltajyga salyp zyňmaly. |
| Täze ulanylmaly pagta, hasa şariklar, tomponlar | Pagta, hasa şarikleri, tomponlary 20-20-den taýýarlap haltajyklara salmaly, agzyny daňmaly, olary aşagyna prostyn ýazylan bikse salmaly, olaryň üstüni prostyn bilen ýapmaly, sterilizasiýanyň doly geçendigini anyklamak üçiň üstüne kükürt salynan ampulany, ýa-da flakonjagazy goýmaly. Biksiň aýnajyklaryny ýapmaly, aftoklawa tabşyrmaly. Sterilizasiýanyň doly geçendigine kükürdiň reňkiniň garalmagy güwä geçýär.Sanjym üçin 1 haltajygy çykaryp işlemeli,indiki tapgyrdaky sanjymlarda täze |

| | |
|---|---|
| | haltajygy açmaly. |

Ýygy ulanylýan dez. erginleriň taýýarlanylyşy:

1. ***Hlor heki.***
   Hlor hekinden ilki bilen 10% ene ergin taýýarlanylýär. Bu ergin gara gapda, garaňkyrak otagda taýýarlanylýar, 9 litr suwa bir kile hlor heki goşulýar we gowy edip garylýar, günüň dowamynda bir näçe gezek garmaly,bir gije gündiz geçenden soň süzmeli.10% ene ergini garaňky jaýda saklap, 7 günüň dowamynda ulansaň bolýar, 7 günden soňra täze ene erginini taýýarlamaly.Ulanylýan hlor hekiniň işjeňligi(aktiwligi) kadada 25% deň bolmaly.Egerde onuň işjeňligi 13% az bolsa ulanmak bolanok, 14-24% aralygynda, ya-da 25% ýokary bolsa, onda hlor hekiniň mukdaryny täzeden hasaplamaly.

Ene erginden dürli göterimi (prosentli) içki iş erginlerini taýýarlap bolýar:

5% (500 ml 10% ene ergini + 500 ml suw = 1 litr)

1% (100 ml 10% ene ergini + 900 ml suw = 1 litr)

0,5% (50 ml 10% ene ergini + 950 ml suw = 1 litr)

***2. Hloramin.***
Hloramin-hlor hekiniň arassalanan görnüşi bolup, ondan iş erginleri taýarlanyp, olary dessine ulanyp bolýar.

3. ***Gipohlorid natriniň ergini.***
   Enelik ergin hökmünde 0,7% gipohlorid natriniň ergini ulanylýar, bu reňksiz, ýiti bolmadyk hlor ysly ergindir.

Işçi erginleriň taýarlanylşy:

0,125% (125 ml 0,7% gipohlorid natriý + 875 ml suw _= 1 litr)

0, 25% (250 ml 0,7% gipohlorid natriý + 750 ml suw _= 1 litr)

0, 5% (500 ml 0,7% gipohlorid natriý + 500 ml suw _= 1 litr)

0, 6% (900 ml 0,7% gipohlorid natriý + 100 ml suw _= 1 litr)

4. ***Ýuwyjy ergini̇ň taýarlanylşy:***

   1 litr ýuwyjy ergini taýarlamak üçin 795 ml suwa 200ml 3% perekis wodorodyň erginini we 5 gr.ýuwujy serişde (Lotos, Aýna we ş.m.) ýa-da 895 ml suwa 100 ml 6% perekis wodorodyň erginini we 5 gr.ýuwujy serişde (Lotos, Aýna we ş.m.) goşmaly.

5. ***Distillirlenen suwuň taýýarlanylşy:***

   Suwy 2 gezek gaýnatmaly we 4 gat hasadan süzmeli, ýa-da ýöritelişdirilen distilýator enjamlarynyň kömegi bilen taýýarlamaly.

   **Bellikler**: içki işlenýän erginleriň ulanylyş möhledi bir gije-gündizden köp bolmaly däl. Günüň dowamynda erginler hapalansa, hökmany suratda olary çalyşmaly.

   5% hlor hekiniň ýerine 5% hloromin, ýa-da 0,6% gipohlorid ulanylýar

   1% hlor hekiniň ýerine 1% hloromin, ýa-da 0,25% gipohlorid ulanylýar

   Termometrleri we naharhanadaki gap-gaçlary arassalamak üçiň 0,5% hlor ergini, 0,5% hloromin, 0,12% gipohlorid natriý ulanylýar.

   Hemme arassaçylyk(sterilizasiýa) işleri geçirilenden soňra, olaryň geçirilen wagty bellenilmeli.

***Steril stolyň taýarlanylyşy:***

Awtoklawa gidip biksiň etiketikasyna, aýnajyklaryna seredip (ýapyk bolmaly) getirmeli. Soň otagyň içini we biksleri arasy 15 min. dowamlylykda 1% hlor hekiniň ergini bilen 2 gezek süpürmeli, 30 min. kwars çyrany ýakmaly. Soň eliňi 2 gezek hojalyk (kir) sabyny bilen barmaklaryň ujyndan tirsegiňe çenli ýuwmaly. Yanyňdaky kömekçi biksi açyp bermeli, ilki bilen indikatora seretmeli (kükürt erän, reňki garalan bolmaly), biksiň içi gury bolmaly. Soň üstündäki gury salfetka bilen eliňi süpürip guratmaly. Kömekçiň eliňe 3 gezek 10 gr. 96 % spirt guýup berýär, spirt guraýança eliňi süpürip durmaly, barmaklaryň ujyny 5% ýod bilen süpürmeli. Soň biksdäki steril eşigi(maskany, ýalygy, halady) geýmeli, soň stolyň üstüne 2 gat prostyn ýazyp instrumentleri goýmaly, stolyň gyrasyna indikatory (kükürt, saharoza) we içine kornsang goýmaly, üstini 2 gat prostyn bilen ýapmaly, ýokarky prostyn aşakydan 10 sm uzyn bolmaly, gyralaryny gysdyrmaly we etiketka (güni, wagty ýazmaly we şepagat uýasy golyny çekmeli) ýazmaly. Soň biksiň içini 1% hlor hekiniň ergini bilen iki gezek, arasyna 15 min. salyp süpürmeli, prostynlary salyp, biksiň aşagyna, üstüne kükürt goýup, aýnajyklaryny açyp goýmaly we wagtyny belläp awtoklawa tabşyrmaly.

**PEDIKULÝOZ**

**(buýruk 320)**

Kabul ediş böluminde pedikulýoz ýüze çykanda ulanar ýaly aşakdaky serişdeler bolmaly:1)Öňlik; 2)Ellik; 3)Yaglyk; 4)Päki (bir gezek ulanylýan); 5) Gaýçy; 6)Saçy ýakmak üçin lotok;7)Näsagyň boýnyndan aşagyny ýapyp duran klýonka;8)Dişleriniň arasy ýygy darak; 9)Spirtowka; 10)Pagta; 11)Saçyny durlamak üçin nahar uksysy; 12)Ýuwulýan serişde; 13)Bit üçin sabyn- Antienton.

Pedikulýozly (bitli) näsag düşende şepagat uýasy biz ellik geýip, öňlük dakynmaly. Egerde näsagyň saçy gysga bolsa, ejesiniň razylygyny alyp, onuň saçyny päki bilen syryp, lotoga taşlaýarys, soň pakeda salyp otlaýarys. Egerde çaganyň saçy uzyn bolsa, eşiklerini çykaryp, boýnyna klýonka geýdirip, saçyny öllemeli. Öllenen saça Antienton sabynyny çalyp köpürjikletmeli we 1 sagadyň dowamynda ýaglyk bilen daňyp saklamaly. Köpürjikli suwuklyk yaglykdan dammaz ýaly gyralaruna pagta böleklerini gysdyrmaly. Bir sagatdan soň saçyny ýuwup, ownuk dişli darak bilen darap, guradyp, näsagy bölüme ibermeli. Egerde näsagy suwa düşürsek, oňda ulanylan polotensany, moçalkany, daragy, ýaglygy, dyrnak alnan gaýçyny we eşiklerini 30 min. dowamynda 5% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soňra akar suwda durlamaly. Gaýçyny akar suwda ýuwup, süpürip guratmaly.

***Bit aýyrmak üçin ulanylýan serişdeler:***

1) 200 ml. gatyk+ 200 ml. arak;
2) Nebit +ösümlik ýagy ( 1:1).

**Dezinfeksion erginler**



**Spatelleriň we termometrleriň saklanylyşy**



**Kükürt synagy**



**Dez erginleriň markirowkasy**

**Biks**



**Iňňeler we şpristler ulanylandan soň saklamak üçin gaplar**

**6-NJY TEMA – 2 SAGAT**

# ÇAGALARYŇ GIGIÝENASY WE OLARYŇ BEDENININ̆ TAPLANYŞ USULLARY

## Çagalaryň bedeniniň taplanyş usullary.

Tebigy faktorlaryň kömegi bilen çaganyň organizminiň dürli kesellere, daşky gurşagyň ýaramaz täsirlerine (temperaturanyň ütgemegine, stress, ýaramaz ekologiki, epidemiologiki ýagdaýlar) garşylygy, gowşak, näsag çagalaryň immunitetiniň ýokarlandyrmaga gönükdirilen ulgamlaýyn çärelere bedeniň taplanmasy diýilýär.

Tebigy faktorlara howa, suw, gün şöhlesi degişlidir. Emeli fiziki çeşme görnüşinde beden taplamasy üçin çagalarda ultramelewşe (UM) şöhleleri ulanylýar.

Taplamany ýylyň hemme döwürlerinde hem başlasaň bolýar, emma ýylyň ýyly paslynda başlanyp, yzygiderli geçirilse gównejaý bolýar. Taplanmada ilki bilen howa, soňra suw we şöhle wannalary ulanylmaly.

Bu usullary çagada ýiti keseller ýok wagty ýa-da hroniki keselleriň diňe doly remissiýa (möwjeme ýok döwri) döwründe geçirmeli.

### TAPLANMA USULLARYŇ DÜZGÜNLERI:

- her çaganyň ýaşyna, saglyk ýagdaýyna görä (indiwidual) taplanyş usullary bellenilmeli;
- taplanyş usullaryň görnüşlerini, olaryň geçirilýän wagtynyň dowamlylygyny we çylşyrymlygyny, güýjini (intensiwliligini) ýuwaş-ýuwaşdan köpeltmeli;
- taplanyş usullaryny yzyny üzmän yzygiderli geçirmeli;

### BEDENIŇ TAPLANYLYŞYNYŇ MEHANIZMI:

Bedeniň taplanmasynyň netijesinde nerw ulgamynyň işjeňligi sazlaşýar, türgünleşýär. Organizme yzygiderli we intensiwligi boýunça ýuwaş-ýuwaşdan ýokarlandyrylyp täsir edýän taplanyş usullary nerw ulgamynyň işjeňligini kämilleşdirip, şertli reflekleriň tiz emele gelmegine we olaryň berkemegine göniden-göni täsir edýär. Tebigatyň fiziki faktorlarynyň hemmesiniň organizme täsiri deriniň reseptorlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Taplanmanyň esasynda çaganyň organizminiň ilki bilen daşky gurşawyň temperaturasynyň üýtgemelerine (sowuk, yssy) uýgunlaşma (adptasiýa) prosessleri kadalaşýar.

Taplanyş usullaryny geçirýän lukmanlar çagalaryň ýagdaýyna, olaryň geçirilýän usullara berýän jogaplaryna gözegçilik etmeli. Çaganyň taplanyş usullara berýän jogaplarynyň esaslary onuň özüni duýuşynyň, işdäsiniň, ukusynyň kadalaşmagy, agramynyň, boýunyň yzygiderli artmagy bolup durýar.

Egerde , çaga taplanýan döwründe gowşak ýa-da çendenaşa ynjyk bolsa, agramyny pes ýa-da almasa, tiz-tizden kesellese, onda taplanyş usullary oňa ýaramaz täsir edýär diýip hasaplanylýar. Şu hili ýagdaý ýüze çykanda lukman çagada geçirilýän taplanyş usullaryny wagtlaýynça bes etmeli, onuň sebäplerini öwrenmeli.

Çaga bedeniniň taplanýandygyny subut edýän görkezijiler (boýy, agramy) yzygiderli ýaşyna görä artýar, çaga nerw-psihiki, motoriki taýdan kadaly ösýär,

sowuklama keseller bilen kesellemeýär ýa-da az keselleýär, hroniki keselleriň remissiýa döwri uzalýar, möwjemeler azalýar, olar kliniki taýdan ýeňil geçýärler.

## HOWA BILEN TAPLANMAK USULLARY.

Howanyň taplandyryş mehanizmi çaganyň derisiniň we howanyň temperaturasynyň deň däldigine baglydyr. Adamyň endamynyň we egin –eşiginiň arasyndaky temperatura 27 - 33 °C deňdir. Çaganyň eşigi çykarylanda onuň derisiniň üsti bilen ýylylygyň belli bir derejesi ýitirilýär. Bu ýagdaýda çaganyň üşemezligi üçin termoregulýasiýa prosessleriniň mehanizmi işläp başlaýar – ýylyllygyň emele gelmegi we ýylylygyň ýitirilmegi. Şol sebäpli çaganyň eşiginiň bölekleýin çykarylmagy hem onuň bedenini taplap biler.

### Haçan çaga bilen daşarda gezelenç etmeli?

Eger-de sagdyn ýetik çaga ýylyň ýyly paslynda doglan bolsa, onuň bilen dogum öýinden çykarylandan soňra 2 –3 gün geçenden soň daşarda gezelenç edip bolar. Çaga ýylyň sowuk paslynda doglan bolsa, onda onuň ýaşy 1 aý bolandan soň, daşarynyň howasynyň temperaturasy – 5 - 7°C aşak bolmadyk ýagaýlarynda taplanyp başlanýar. Gezelenç etmegiň dowamlylygy 10 - 15 ' başlanyp 1 –1,5 sagada çenli uzadylýar.

Güz, gyş aýlary bu gezelençler güniň dowamynda 2 gezek geçirilmeli. Tomus günleri çagalar saýa ýerlerde güni bilen bolup bilerler.

**AÇYK HOWADA UKLAMAK.**

Arassa howa çaganyň bedenini berkidýar we onuň desensibilizasiýa ediji häsiýeti bar. Arassa, tämiz howada çaganyň ukusy rahat, çuň bolýar. Çagany aýnalary açyp otagda, balkonda, werandada ýa-da daşarda saýada ýatyryp bolýar. Çaganyň egin-eşigi hökmany suratda howaň temperaturasy bilen bagly bolmaly.

**ÇAGA OTAGYNDAKY HOWA WANNALARY.**

Howa wannasy otag gowy ýeljiredilenden soňra geçirilýär. Howa wannalary çaga 2 aýlyk bolandan soň geçirip başlanýar we yzygiderli dowam etdirilýär. Taplanma geçirilýän otagyň temperaturasy 20 -22°C aşak bolmaly däl. Ilki bilen çaga ýalaňaç ýagdaýda 1 – 2' saklanýar, her 2-3 günden onuň dowamlylygy 1-2' köpeldilýär we güniň dowamynda 6 aýa çenli çagalarda 10-15' ýetirlýär. Çaga howa wanna alnan wagty endamynyň hemme ýerine deň düşmekligi üçin ony eýlesine – beýlesine öwrüp durmaly. 1 ýaşdan uly çagalaryň bedenini ýylyň sowuk pasyllarynda howanyň temperaturasyny aşaklandyrmak bilen taplaýarlar. Munuň üçin otagyň temperaturasy 1-2°C çenli aşaklandyrylyp 2 ýaşa çenli 16°C, 4 ýaşdan uly çagalarda 15°C çenli ýetirilmeli. Ilkinji otag howa wannasynyň dowamlylygy 2 – 3'

deň bolmaly 2-3 günden onuň dowamlylyg 2-3' köpeldiler, 1-1,5 aýyň dowamynda çaganyň ýaşyna görä –20 –30' deň bolmaly.

## AÇYK HOWADAKY HOWA WANNALARY.

Bu taplanmanyň aktiw görnüşine degişli (aeroterapiýa) bolup, onuň esasyny howanyň temperaturasy, çyglylygy we ýeliň häsiýeti tutýar. Ýokary çyglylyk, güýçli ýel çaganyň bedeninden ýylylygyň köp ýitirilmegine sebäp bolýarlar. Ultramelewşe (UM) şöhlelerine baý bolan gün radiasiýasy çaga organizmine hemme taraplaýyn pozitiw täsir edýär. Bu wannalar çaga organizmine toniki, rahatlandyryjy, allergiýa garşy, immuniteti ýokarlandyryjy täsir edýär. Bu wannalar gowşak, rahit, tuberkulýoz, allergiýa keselli çagalaryň sagalmagyna göniden –göni ýardam edýär.

Howa wannalaryny saýa ýa-da ýöriteleşdirilen (sanatoriýa, kurort) ýerlerde geçirmeli. Bu wannalar çaganyň 2 – 3 aýlygyndan başlanyp ilki bilen çaganyň ellerini, aýaklaryny, soňra bedeni ýalaňaçlap geçirilýär. 1-1,5 ýaşynaky çagalar howa wannasyny doly ýalaňaçlanyp (trusyly) alyp bilerler. Howa wannalary üçin daşky gurşawyň temperaturasy 1 ýaşa çenli çagalar üçin 20 °C, 1 ýaşdan uly çagalr üçin 18°C pes bolmaly däl. Howa wannalaryň wagty çagalaryň ýaşyna görä 30 –60' dowam edip biler. Howa wannalarynyň geçiriljek optimal wagtlary günorta -8-11 orta –9-13 demirgazyk giňişliklerinde –11-13 sagat aralyklaryna deňdir.

## GÜNIŇ KÖMEGI BILEN TAPLANDYRMAK USULLARY.

Gün şöhlesi adam organizmi üçin zerur bolan örän köp funksiýalary ýerine ýetirýär. Ýer üstüne güniň şöhleli energiýasy düşmek bilen, olar göni we ýaýran görnüşde bolýarlar. Gün şöhlesiniň ýaýran görnüşleriniň içinde çaga organizmi üçin iň wajyplysy, biologik aktiwligi ýokary ultramelewşe şöhlelerdir. Gün şöhlesiniň täsiriniň esasynda çaga bedeni berkeýär, taplanýar, sebäbi olar immunitetiň sazlaşmagyna, güýçlenmegine, içki mäzleriň funksiýalarynyň ýokarlanmagyna, witaminleriň, hasam witamin D-nyň emele gelmegine, madda çalşygynyň kadalaşmagyna göniden –göni pozitiw täsir edýärler.

Çagalaryň güniň aşagynda bolmagyna berk gözegçilik etmeli, sebäbi olaryň organizmine belli bir wagtyň özünde güniň göni şöhleleri täsir edip çagada ýaramaz duýgy (temperaturanyň ýokary galmagyna we ş.m.) döretmegi mümkin. 1 –1,5 ýaşa çenli çagalarda gün wannalaryny ulanmak maslahat berilmeýär.

Gün wannalaryny ýöriteleşdirilen (solýariý), suwa ýakyn ýerlerde geçirmeli. Gün wannalaryny arassa, ýyly, şemalsyz howa şertlerinde geçirmeli, howanyň temperaturasy 17 °C aşak ýa-da 25 °C ýokary bolmaly däl. Gün wannalaryny çagalar howa wannalaryna uýgunlaşandan 2 – 3 hepde soň geçirip başlamaly. Gün wannasy geçirilenden soň çaga howa wannasyny 3 – 5 min almaly we suw usullary (suwa düşmek, üstünden guýmak we ş.m.) bilen tamamlamaly we saýa ýerde demini almaly.

## GÜN WANNASYNYŇ GEÇIRILIŞ USULLARY.

Gün wannasy geçirilende çagany aýaklaryny güne tarap ýatyryp, kellesine şapgajyk ýa-da ýalyk daňmaly.

Gün wannalary geçirilende 2-4 ýaşly çagalarda olaryň dowamlylygy 2 –3 min köp bolmaly däl, çaga bu prosedurany gowy geçirse, onda her 2 günden onuň wagty 2-3 min köpeldilýär we takmynan 20 günden umumy wagtyň owamlylygy 20 min ýetirilýär.

5 – 8 ýaşyndaky çagalarda gün wannalaryny 5 min başlap 10-12 güniň dowamynda 30 min ýetirilip, 20 –25 gezek geçirilýär. 9 – 12 ýaşlaryndaky çagalarda 5 min başlap 18-20 güniň dowamynda 50 min ýetirilýär we 20-25 gezek geçirilýär. Gün wannalary geçirilende çaganyň ýagdaýyna berk gözegçilik etmeli, eger-de çagada kelle agyry, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma, gaýtarma we ş.m. alamatlar ýüze çyksa, onda prosedura wagtlaýynça bes edilýär.

Eger-de çaga gün wannalary täzeden geçiriljek bolsa, onda olary çaganyň ýagaýy doly dikeldilenden soň we az wagtly, ýagny 1-2 min başlamaly.

## GÜN WANNALARYNYŇ GEÇIRILMEGINE

## BOLAN GAPMA – GARŞYLYKLAR

Dürli dogabitdi we gazalnylan ýürek ýetmezlikleriniň sub-, dekompensasiýa döwürleri, ötegeçen arryklyk, çiş, gan, kollagenoz keselleri, epilepsiýa,

fotodermatozlar, kiçi ýaşly çagalaryň tuberkulýoz bronhoadenidi, tuberkulýoz infeksiýasy.

## SUW BILEN TAPLANDYRYŞ USULLARY

Suw adamyň organizmine termiki, mehaniki we himiki täsir etmek bilen umumy rezistentligiň, immunitetiň ýokary galmagyna ýaram edýär. Suw bilen taplandyrmak usullarynyň yzygiderliligi: ýuwunmak, süpürinmek, üstünden suw guýmak, duş we suwa düşmek.

Suw wannalary geçirilende çaganyň ýaşyny, saglyk ýagdaýyny howanyň temperaturasyny, ýylyň paslyny göz öňünde tutmaly. Eger-de suw wannalary gyş pasly geçirilip başlansa, onda otagyň temperaturasy 20-22°C pes bolamly däl. Suw proseduralaryny ir bilen geçirseň çaganyň güniň dowamynda aktiw bolmagyna ýardam edýär.

## ÇYGLY SÜPÜRINME.

Çagany çygly süpürmek 2-3 aýlykdan başlanýar. Kiçi ýaşly ýa-da gowşak çagalarda ilki 10 – 15 güniň dowamynda ýumşak mata bilen çagalaryň endamyny çalaja gyzarýança süpürip öwrenişdirmeli. Soňra ýumşak matadan tikilen elligi ýa-da polotensiýany suwa ezip, sykyp ilki bilen çaganyň ellerini, soňra döşüni, garnyny, arkasyny, iň soňunda aýaklaryny çalt-çaltdan süpürmeli. Soňra çaganyň endamyny gury polotense bilen çalaja gyzarýança süpürmeli. Bu proseduranyň umumy wagty 3-5 min.Eger-e suw bilen taplandyrmak ýylyň ýyly döwründe başlanylsa onda 1 ýaşa çenli çagalar üçin suwuň temperaturasy

35-34 °C-dan (gyş pasly 1-2 °C ýokary) aşak bolmaly däl. Her 4-5 günden suwyň temperaturasy 1°C aşak düşürilýär we ýuwaş-ýuwaşdan 29-27 °C çenli ýetirilýär.

2-4 ýaşly çagalarda 33-32 °C başlap 25-24 °C çenli ýetirilýär, 5-7 ýaşda 32-31°C başlap, her 2-3 günden 1°C azaldyp 21-20°C çenli peseldilýär.

Mekdep ýaşly çagalarda çygly süpürinme 31-30°C suw bilen başlanyp, her 2-3 günden 1-2°C peseldilýär we 18-16 °C çenli ýetirilýär.

Bu taplanma usulynyň dowamlylygy 1-1,5 aýa deň bolmaly.

## ÇAGANYŇ ÜSTÜNDEN SUW GUÝMAK.

Eger-de çaga çygly süpürinmäni gowy geçirse, onuň saglyk ýagdaýy kadalaşsa, onda taplanmanyň çaganyň üstünden suw guýmak tapgyryna geçmeli.

Bu proseduranyň ilki başlangyjy bäbeklik döwründe başlanyp, çaga suwa düşirilden soňra (suwyň temperaturasy indifferent 36-37°C) onuň üstünden 1-2 °C (34-35°C) peselen suw guýulýar. Soňra 2-3 hepdeden suwyň temperaturasy has aşaklandyrylýar we 26-25°C ýetirilýär.

Üstünden suw guýmak özbaşdak taplanyş usuly hökmünde çaga 1 ýaşa ýetenden soň başlanýar. Ilki bilen çaganyň üstünden guýulýan suwyň temperaturasy çygly süpürmä görä 1-2 ýokary bolmaly, soňra her 3-4-5 günden suwuň temperaturasy 1°C azaklandyrylyp, 19-20°C çenli peseldilýär. Çagalary ýyly suw guýulan tazda oturdyp ýa-da dik duruzyp, çaganyň bedeninden 8-10 sm ýokarlykdan, belli temperaturadaky suwy ilki eginlerine, soňra döşüne, arkasyna, iň soňunda kellesine guýmaly. Bu proseduranyň umumy wagty 1-2 min deň bolmaly.

## DUŞ

Bu prosedurada çaga organizmine bir wagtyň özünde temperatur we mehaniki täsir edilýär. Bu taplanmak usuly 2 ýaşdan uly çagalarda ulanylýar.

Duşyň merkezi nerw ulgamynyň oýanjylygyny güýçlendirýändigini göz öňünde tutup, bu prosedura semizlik, içdäsi pes, gowşaklyk ýaly alamatlar ýüze çykanda ulanylýar.

Kontrast duşlar (gyzgyn we sowuk suw) çagalarda ulanylmaýar. Emma köp respirator ýokançlar bilen keselleýän, gowşak çagalarda aýaklaryň üstünden kontrast temperaturaly suwy guýmak usuly örän peýdaly hasaplanylýar.

**ÝONEKEÝ KONTRAST UÝGUNLAŞMA** – ilki çaganyň aýaklarynyň üstünden 36-35°C, soňra 24-25°C suw guýulýar we gury polotensa bilen süpürilýär. Ýuwaş-ýuwaşdan suwyň temperaturasy 39-40°C we 18 deň bolmaly.

Aktiw kontrast uýgunlaşma – aýaklaryň üstüne ilki 24-25°C sowuk, soňra 35-36 °C ýyly suw guýylýar. Suwuň temperaturasy 18°C we 39-40°C çenli ýetirilýär.

## AÇYK SUW HOWANLARYNDA

## (DERÝALARDA, KANALLARDA, KÖLLERDE)

## SUWA DÜŞMEK

Bu taplanyş usulynda çaga bedenine bir wagtyn özünde howa, suw we gün söhleleri täsir edýär. Duzly howdanlarda, deňizde suwa düşülende çaganyň bedenine mineral duzlaram täsir edýar.

Çagalar dürli taplanma usullaryna uýgunlaşdyrylanlaryndan soň 3 ýaşdan suwa düşmäge rugsat berilýär. Suwa düşülen wagty howanyň temperaturasy 20°C, suwuň temperaturasy 20-21°C pes bolmaly däl.

Çagalaryň ilki suwa düşenlerindäki wagty 3-5 min köp bolmaly däl. Ýuwaş-ýuwaşdan suwa düşülýän wagt köpeldilýär we 15-20 min ýetirilýär. Eger-de suwa düşýän çagada üşeýänliginiň (dodagynyň gögermegi ,endamynyň tikeneklenmegi, titremesi) alamatlary ýüze çyksa, çagany suwdan çykarmaly we ýyly polotensa bilen gowy süpürip, geýimini geýdirip ýylytmaly.

Rewmatizm, bronhial astmaly, hroniki keselli, ýygy keselleýan çagalary diňe keseliň durnukly (remissiýa) wagty suwa düşürip başlamaly.

Suw bilen taplanmanyň örän gowy usuly-ýylyň dowamynda çagalaryň basseýnlerde suwa düşmegi hasaplanylýar. Gyşda howanyň temperaturasy 0-11°C yssy, suwyň temperaturasy 29-30°C, tomus wagtlary howanyň temperaturasy 20-22°C deň bolmaly. Suwa düşmäniň wagty 5-10 min başlanyp 25-30 miň. çenli ýetirilýär, 4-5 ýaşdan çagalara özbaşdak ýüzmani öwredip başlamaly.

2-3 hepdelik çagalary ýüzmäge öwretmek usuly häzirki döwürde ylmy taýdan öwrenilýan usul we onuň  çaga organizimine polojitel täsir edýändigi subut edilen.

Suw bilen taplanmak usullary çagalaryň sowuklama keselleriniň önüni alýar, olar keselläýän ýagdaýlarynda hem tiz sagalmagyna, keseliň ýenil we gaýra üzülmesiz geçmegine, hroniki keselleriň möwjemeziniň önüni almaga, remissiýanyň uzada çekmegine, fiziki, motoriki, nerw-psihiki taýdan kadaly ösmegine ýardam berýär.

## EMELI TAPLANYŞ USULLARY

Eger-de çaga haýsydyr bir sebäplere göra gün söhlesini ýetik mukdarda almasa, onda onuň organizminiň dürli kesellere görkezýan çarşylygy (immunitet), durnuklylygy (rezistentnost) peselýär, deride witamin D-niň emele gelmeginiň azalmagy rahit keseliniň döremegine getirýär.

Gün söhlesi ýeterlik bolmadyk ýagdaýlarynda, keselleriň önüni almak we bejermek maksady bilen emeli ultramelewşe (UM) söhleleri çagalaryň 3-4 hepdelik ýaşyndan ulanyp başlanyp, ýylyň güýz-gyş aýlarynda geçirilýär.

Sagdyn çagalarda profilaktiki (önüni alyş çäreleri) maksat bilen, ýagny olaryň fiziki, nerw-psihiki, motoriki taýdan sazlaşykly (garmoniki) ösmekleri üçin (1-nji topar), wagty ýetmän doglan, respirator keseller bilen köp näsaglaýan, rahidiň önüni almak üçin (2-ni topar), dowamly (hroniki) keselleriň (bronhial astma, hroniki pnewmoniýa, rewmatizm we ş.m.) doly (3-ni topar) we doly däl (4-ni topar) remissiýa döwrürlerinde UM- şöhleler profilaktiki we bejergi hökmünde ulanylýar.

UM – şöhleleriniň ulanylyşy her çaganyň ýagdaýyna, ýaşyna, keseline görä indiwidual bellenilýar.

3 ýaşa çenli çagalarda UM – şöhleleri indiwidual, mekdebe çenli, mekdep ýaşly çagalarda indiwidual we köpçilikleýin (kollektiwleýin) ulanylýar.

Çagalar ultramelewşe söhleleriň täsirine örän duýgyr bolýarlar, şol sebäpli bu usul ulanylmazyndan öň çaga derwaýyş UM-şöhlesiniň dozasyny anyklamaly. UM – şöhlesiniň çaga organizmine peýda berjek mukdaryna ***biologiki doza*** diýilýär. Biodoza her çagada aýratynlykda (indiwidual) anyklanylýar. Biodoza – çaganyň endamynda UM – şöhlesiniň täsiri netijesinde çalaja gyzarmagyň (örän gowşak eritema) emele gelmegi. Biodoza ýörite biodozimetriň kömegi bilen anyklanylýar. Biodozimetriň 6 sany deşijegi bolup, olary yzygyderli açyp bolýar. Çagany arkanlaýyn ýatyryp onuň açyk garnyna biodozimetri gowy edip daňmaly, çaganyň endamynyň başga ýerlerini doly ýapmaly. UM – şöhlesiniň çyrasy 10 min. ýakyp goýlandan soňra 50 sm aralykdan biodozimetriň üstüne gönükdirilýar. Ilki bilen 30 sekundyň (1-biodoza) dowamynda 1-nji deşijik şöhlelendirilýar, soňra 1-nji deşijik

ýapylman 2-nji deşijik açylýar we şeýle yzygiderli edilip hemme 6 deşijegem söhlelendirilýar. Şeýlelik-de, 1-nji deşijik 3 min, 6-njy deşijik 30 sekundyň dowamynda UM – şöhle alýar. Biodoza 24 sagatdan soň anyklanylýar, şol wagtyň içinde çagany suwa düşürilmeli däl, oňa hiç-hili bejergi (massaž, derman çalmak we ş.m.) bellemeli däl.

Mysal üçin, has gowşak ýüze çykýan eritema 4-nji deşijikde ýüze çyksa, onda biodoza-1,5 min, 5-nji deşijekde – 1min deňdir. 1-nji geşijik 3 minuda deň bolup, ol 6 biodoza deňdir.

## UM – şöhlesiniň ulanylyş usullary.

UM – şöhle seçýän lampalary ulanylmazdan öň 7-10 min ýakyp gyzdyrmaly, ulanylandan soň gowy sowatmaly we gaýtadan ulanylanda ýenede gyzdyrmaly.

UM – şöhleler çagalarda umumy we ýerli şöhlelendirme usullarynda ulanylýarlar. Umumy şöhlelendirmede çaganyň bütin bedeni UM – şöhleleri alýar we bu usulda eritema ýüze çykarmaýar, az dozalar ulanylýar.

Bu usul çagalarda dürli keselleriň öňüni almak, organizmiň ummunitetini galdyrmak üçin ulanylýar.

UM – şöhleler ulanylýan otagyň temperaturasy 20-22 °C deň bolmaly, çagalar üçin ýaý görnüşli rtut lampalar (DPT 400) ulanylýar. 70-100 sm aralykdan lampanyň şöhleleri ilki çaganyň arkasyna, soňra garnyna gönükdirilär, olaryň gözlerine gara aýnek geýdirilýär, oglanjyklaryň daşky jyns organlarynyň üsti arlyk bilen ýapylýar. 1-3 ýaşyndaky çagalarda şöhlelendirme 1/4 biodozadan (7-10 sekund) başlanyp, ýuwaş – ýuwaşdan 2 biodoza ýetirilýär we günaşadan 20-25 seans geçirilýär.

4-7 ýaşdaky çagalarda 1/4 dozadan başlap, 3 doza ýetirilýär we 20-25 seans geçirilýär.

## UM – şöhlesiniň ýerli ulanylyşy.

Bu usul haýsydyr bir sowuklama ojagyny (furunkulýoz, infiltratlar, iriňli rinit, tonzillit we ş.m.), içki ulgamlara täsir etmek üçin refleksogen zonalary şöhlelendirmegiň üsti bilen amala aşyrylýar. Ýerli UM – şöhlelendirmede eritem

ýa-da suberitem biodozalar ulanylýar. Eritemaly meýdan her 2-3 günden emeli şöhlelendirilýär – 6-7 seans geçirilýär.

Daşky eşidiş ýollaryny, badam şekilli mäzleri, burun deşiklerini şöhlelendirmek üçin tubus – kwars ulanylýar. Tubus – kwarsyň üsti bilen 1-2-3 biodozalary ulanylýar, umumy 3-15 seans geçirilýär.

Hassahanalardaky otaglar, em edilýän otaglar bakterisid lampalar bilen üpjin edilýär we güniň dowamynda 30 minundan, 3 gezek şöhlelendirilýärler. Otagdan näsaglar çykarylýar, otag 30 min ýapylýar, seans gutarandan soň penjireler we gapylar açylýar, otaglar ýeljiredilýär.

## ÇAGANYŇ FIZIKI TERBIÝELENILIŞI.

Ösüp barýan çaganyň hemme taraplaýyň sagdyn bolmagy üçin, onuň bedenini hökmany suratda wagtly – wagtynda taplap, uýgunlaşdyryp durmaly. Munuň üçin dürli tebigy faktorlar: gün şöhlesi, howa, suw, şeýle-de, fiziki maşklar, sport, oýunlar ulanylýar.

Ol diňe bir daýanç – hereket ulgamyny taplaman, eýsem immuniteti ýokarlandyrýar, madda çalşygyna oňaýly täsir edýär.

### 3 ýaşa çenli gimnastika we massaž.

Gimnastikany we massažy 1,5 aýlyk çagalarda başlap bolar. Olary howa wannalary bilen baglanyşdyrmak örän peýdaly. Massažyň we gimnastikanyň geçirilmeginiň öz kadalary bar. Onda hereket ýeňil bolmaly, çetden merkeze ugrukdyrylmaly.

1,5 – 4 aý aralykda maşklar şertsiz reflekslere görä geçirilýär. 4 aýa çenli passiw hereketleri ýerine ýetirmek bolanok, sebäbi, çaganyň myşsalary we siňňirleri çekilip, agyry döräp biler. 4 aýa çenli çagalarda fiziologiki myşsa gipertonusy

bolýar. Şeýle çagalara şertsiz reflekslere bagly – goranma hereketleriniň maşklary edilýär. Mysal üçin : 3 – 4 aýlyk çagany garnynyň üstüne ýatyrsaň, ol kellesini galdyryp gaýşardýar we birnäçe wagtlap şeýle ýagdaýda saklaýar.

3 – 4 aýda elleriň we aýaklaryň epiji we ýazyjy myşsalarynyň deňagramlylygy emele gelýär. Şu döwre ellere passiw gimnastikany girizseň bolýar, ýagny ulularyň kömegi bilen ýerine ýetirmeli. Aýaklaryň myşsalarynyň bu ýaşda doly ösüp ýetişmänligi sebäpli, bu döwürde aýaklar üçin sypalama, nokatlaýyn massažlar ulanylýar, göwre üçin sypalama, sürtme maşklar ulanylýar.

**4 – 6 aý aralygynda** aýaklarda we ellerde gipertonusyň peselmegi bilen passiw massaž uly gerimde ulanylýar. Ýöne aktiw hereketlere hem uly üns berilýär. Aktiw hereketleriň ilkinji elementleri emedeklemedir, bu hereketleri dürli sözleriň we oýnawaçlaryň kömegi bilen gyzyklandyrmaly.

**6 – 10 aý aralygynda** bedeniň we ahyrlaýyn hereketleri utgaşýar, şol sebäpli taplanyş komplekslaryna çylşyrymly hereketler goşulýar. Emedeklemä uly üns bermeli. Bu hereketler bedeniň we ahyrlaryň daýanç apparatyny berkidýär. Bu kompleksler çaganyň dogry oturmagyna, durmagyna, ýöremegine ýardam edýär, ýasy dabanyň emele gelmeginden we oňurgalygyň gyşarmagyndan goraýar. Bu komplekse maşklar bilen bir hatarda ýagtylyk, ses, söz gyjyndyryjylar goşulýar.

**10 aý – 1 ýaş 2 aý aralygynda** çagada ýöreme, arkaýyn ýöreme, sözleýişe düşünme emele gelýär.

Massažy we gimnastikany iýmitden 30 min.öň ýa-da 40 – 80 min soň ýerine ýetirmeli. Her maşky 2 – den 4 – 6 gezege çenli geçirmeli.

1 –3 ýaşdaky çagalara fiziki maşklary olaryň psihiki we fiziki, şeýle-de olaryň hereket edip biljek ukyby boýunça saýlanylyp geçirilýär.

## Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň beden terbiýesi.

Ol ýaş çaganyň geljekki ösüşi bilen bagly. Çaga daşky gurşawa çuňdan aralaşýar. Nerw sistemasy güçli depginde ösýär, kelle gabygynyň öýjükleriniň funksiýalary kämilleşýär. Bu döwürde fiziki maşklar gigiýeniki gimnastikanyň, hereketli oýunlaryň, gezelençleriň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Oňurgalygyň dogry ösmegine

uly üns bermeli. Çaganyň geýimi oňa laýyk bolmaly. Çagalarda ylgamagy, bökmegi, dyrmaşmagy, deňagramlylygy kämilleşdirmeli.

Gezelençleri 1 –4 km çenli aralykda geçirip bolar, her 15 –20 minutdan soň dynç aldyrmaly. Oýunlar çagalarda işjeňligiň çözgütliligiň emele gelmegine ýardam etmeli.

**Gimnastikada** elleriň, aýaklaryň, bedeniň kompleks maşklary ýerine ýetirilýär. Maşklar üçin ýörite bökmekler, taýaklar, pökgi, lentalar ulanylýarlar. 4 –5 ýaşda buzda typmak, ýüzme hem geçirilip biliner.

ÇAGALARDA BEDENTERBIÝE GEÇIRMEGIŇ ESASY DÜZGÜNLERI.

Maşklary sistematiki, ýagny günde 2 –3 gezek geçirmeli. Fiziki maşklar myşsa hereketliligine uly täsir etmeli we agramy ähli bedene deň berdirmeli. Maşklary ýeňilden başlap, ýuwaş – ýuwaşdan agramyny ýokarlandyrmaly. Her çaga indiwiduallykda çemeleşmeli. Maşklar aýdyň we konkret bolmaly. Çagada hereketlenmäge höwes döretmeli. Fiziki agramyň agyrlygyny ýaşa, taýýarlyga we bedeniň sagdynlygyna görä saýlamaly. Maşklary 4 –8 günden üýtgetmeli (mekdep ýaşa çenli çagalar üçin). Maşklary ýelejiredilen otagda ýa-da arassa howada geçirmeli. Geýim ýeňil bolmaly.

# Sagdyn we keselli näsaglaryň iýmitlendiriliş usullarynyň aýratynlyklary.

# Hassahanadaky näsag çagalaryň iýmitlendirilişi. Pewzner boýunça berhizleriň görnüşleri. “Çaga keselleriniň bütewi alynyp barlyşy”, “Ene-süýdi” maksatnamalary boýunça çagalaryň iýmitlendirilişi.

Çagalaryň dogry iýmitlendirilmegi olaryň hemme taraplaýyn, ýagny fiziki, ruhy taýdan kämil ösmekleriniň özeni bolup durýar. Türkmenistanda bu ugurda geçirilýän işler örän köp ugurly bolup, olaryň hemmesi çagalaryň hil we mukdar taýdan kada laýyk iýmitlendirilmegine gönükdirilen. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda Saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary” kitabynda beýan eden -“Çagalar biziň geljegimiz. Çagalaryň saglygynyň düýbüni tutmagyň esasy usuly – ene süýdi bilen iýmitlendirmek. Bu gadymy tebigatyň döreden däp usuly ylmy taýdan esaslandyrylyp, biziň ýurdumyzda işjeň dikeldilýär”- sözleri Türkmenistanda çagalaryň iýmitlendirilmegine Döwlet derejesinde uly üns berilýändigine şaýatlyk edýär.

1 ýaşa, hasam 5-6 aýlyga çenli çagalar üçiň iň gymmatly, hiç zat bilen ýerini çalşyp bolmajak iýmit ene süýdüdir. XX asyryň 2-nji ýarymynyň 80-90-nji ýyllaryna çenli bütiň dünýäde, hasam ykdysady taýdan ösen ýurtlarda eňe süýdüniň ýerine çagalar köp halatlarda dürli emeli süýt garyndyrlary bilen iýmitlindirilip başlanyldy. Bu hadysa sosial, ykdysady, dürli milletleriň medeniýeti bilen bagly bolup durýar. Wagtyň geçmegi we dürli ylmy-barlag işleriň geçirilmegi bilen çaganyň ene süýdünden jyda edilmegi çaganyň we enäniň saglyk ýagdaýyna köp taraply ýaramaz täsir edýändigi subut edildi.

Bu babatda türkmen zenanlaly asyrlar boýy endik bolup gelýän däbe görä çagalaryny ene süýdi bilen iýmitlendirýän bolsalar hem, emeli usulda iýmitlendirilýän çagalaryň sany biziň ýurdumyzda-da az bolmady. Bu ýagdaýa medisina işgärleri tarapyndan wagyz edilýan düzgünler hasam goldaw berdi. Mysal üçiň, çaganyň doglandan soňra enesinden aýry otagda saklanmagy, oňa ene gowsüniň 6-12 sagatdan soň berilmegi, çaganyň her 3-3,5 sagatdan

iýmitlendirilmegi, çaga ilki 6-12-24 sagadyň dowamynda çüýşeden emzik bilen dürli suwuklyklaryň berilmegi, gije 12-den daňdan 6 çenli çaganyň ene göwsünden emdirilmezligi we ş.m. Bu düzgünler çaga dogrulýan öýlerde dürli ýokanç keselleriň döremegiňe, çagalaryň saglyk ýagdaýyna örän erbet täsir etmek bilen bir  wagtda çaga dogran zenanlarda dogumdan soňky gan akmalaryň, gowsüñ çişmeginiň, onuň areolasynyň towereginiň jaýrylmagynyň, göwüs mäzleriniň mastit keseline uçramagynyň esasy sebäpleri bolup durýar.

Köp sanly geçirilen ulmy-barlag işleriň netijesinde Bütündünýa Saglygy Goraýýş Guramasy ***YUNISEF*** bilen bilelikde çaga üçiň iň gymmatly, derwaýys, hemme taraplaýýň çaganyň dürli talaplaryna laýyk gelýan diňe ene süýdi diýen düşünjäni oňe sürdi we 1989ý çagany ene göwüşden emdirmekligi gorap saklamak, goldamak we ýardam etmek barada  Deklarasiýa kabul etdti. Bu deklarasiýanyň esasy çagalary ene göwsünden dogry iýmitlendirmek bolup durýar. Deklarasiýada “Ene süýdi bilen  üstünlikli emdirmegiň 10 ädimi” atly düzgünnama beýan edilen.  Bu düzgünnamanyň her bir ädiminiň dogry ýerine ýetirilmegi çaganyň we onuň ejesiniň saglyk ýagdaýyna gönüden-göni, hemme taraplaýyn  pozitiw täsir edýändigi doly subut edilen.

Türkmenistan dünýäde ilkinjileriň hatarynda bolup bu düzgünnamany goldady we ýurdumyzyň bejeriş-anyklaýýş edaralarynda iş ýüzünde ulanmaga işjeñ girişildi. Ilki bilen 1998 ýylyň 9-njy dekabrynda Türkmenistanyň Saglygy goraýýş we derman senagaty ministrliginiň №408 buýrugyna laýyklykda Gurbansoltan eje adyndaky enäniň we çaganyň saglygyny goraýýş ylmy-kliniki merkeziniň nutrisiologiýa bölüminde “Türkmenistanda ene süýdi bilen emdirmekligi gorap saklamak we goldamak baradaky merkezi” açyldy. Bu merkeziň baştutanlygynda Türkmenistanyň  hemme welaýatlarynda çagalaryň ene süýdi bilen iýmitlendirilmegi barada köp dürli işler amala aşyryldy.

Çaganyň ene süýdi bilen iýmitlendirilmeginiň birnäçe artykmaçlyklary bar. Häzirki döwürde çagalary iýmitlendirmek üçiň köp dürli, tehnologiki taýdan ýokary, ene süýdüne ýakynlaşdyrylan, ýagny adaptirlenen  süýt garyndylary taýýarlanylýar, olaryň hemmesiniň esasyny sygyr süýdi tutýar. Ene süýdi sygyr süýdi bilen deňeşdirilende onuň aşakdaky artykmaçlyklary bardyr.

Ene süýdi öz düzüminde hiç-hili allergen saklamaýar, şol sebäpli ene süýdüni emýän çagalarda dürli allergiki keseller örän seýrek dus gelýärler, çagada haýsydyr bir allergiki ýagdaýyň bolmagy sebäpli ony ene süýdünden kesmek düýpgöter nädogry hasaplanylýar, sebäbi bu ýagdaýa enäniň iýýän iýmitleriniň (süýji,

ýumurtga, kofe we ş.m.) hili sebäp bolup durýar. Enäniň iýmitinden obligant (sebäp bolýan) allergenleriň eliminasiýa (aýrylmagy) edilmegi köplenç halatlarda çagalarda dörän allergiýanyň aýrylmagyna getirýär.

Ene süýdünde sygyr süýdi bilen deneşdireňde beloklar az mukdarda bolýar, emma ene süýdündäki beloklar kiçi dispersli, ownuk, olaryň belli bir mukdary çaganyň bedeniniň beloklaryna meňzeş (identiçen), şol sebäpli beloklar çaga bedeninde ýenil dargaýarlar we doly siňýärler. Ene süýdi bilen iýmitlendirilýän çagalaryň beloga bolan talaplary sygyr süýdüne garanyňda 1,5-2 esse azdyr. Bu öz gezeginde çagalaryň häli morfologik-funksional taýdan doly ösmedik iýmit-sindiriş we bölüp çykaryş ulgamynyň işjeňligini ýeňilleşdirýär.

Ýaglar ene we sygyr süýdünde mukdar taýdan deň, emma ene süýdündäki ýaglaryň aglabasy doly doýmadyk ýag turşularyndan dürýarlar. Ene süýdündäki lipaza ýaglaryň dargamagyna, olaryň  çaga organizmine doly siňmegine, aşgazan-içege ýollarynyň kadaly işlemegine (kinetikasyna) täsir etmek bilen içegeleriň peristaltikasyny güýçlendirýär, bäbeklerde ilkinji täretiň, ýagny mekoniýanyň öz wagtynda bolmagyna ýardam edýär.

Ene süýdünde uglewodlaryň mukdary köp, olaryň esasyny B-laktoza tutýar. Ene süýdünäki uglewodlar içegelerde iýmitiň doly özleşmegi üçin wajyp bolan bakteriýalaryň (bifidum, laktobakteriýalar) köpelmegine, ýogyn içegede witaminleriň B toparynyň emele gelmegine ýardam edýär.

Ene süýdi bahasyna ýetip bolmajak, düzüminde kükürt saklaýan taurin aminoturşusyna baýdyr. Täurinler çaganyň merkezi nerw ulgamyndaky neýronlaryň ösmegine, olaryň differensasiýasyna gönüden-göni pozitiw täsir edýärler. Ene süýdi bilen, hasam uzak wagtlap (2-3 ýyl, ondan hem köp) iýmitlendirilen çagalaryň akyl-huş, intellekt taýdan ösüşiniň ýokary derejede bolýandygy ylmy taýdan doly subut edilen.

Ene süýdünde, hasam dogumdan soňky ilkinji günlerde bölünip çykýan owuz (moloziwo) süýtde  dürli kesellere garşy immunoglobulinler örän köp mukdarda bolýarlar. Ene süýdündäki antitelalar çaga organiziminde derwaýys bolan passiw immuniteti döredýär. Çaganyň aktiw immuniteti doglan badyna we 5-6 aýa çenli örän gowşak öşen, şoňa göräde ene süýdündäki antitelalar belli bir wagta çenli çagany dürli bakterial, wirus ýokançlaryndaň goraýar, çaga näsaglan halatlarynda hem keseliň ýenil, gaýra üzülmesiz geçmegine, hassanyň tiz wagtda sagalmagyna ýardam edýär.

Sekretor immunoglobiň A diňe ene süýdünde bolmak bilen aşgazan-içege, dem alyş ýollaryň nemli bardalaryny örtüp, dürli ýokançlary döredýän mikroorganizmleriň zeperlenmesinden goraýar. Ene süýdi çaganyň spesifiki däl immunitetiniň ýokary bolmagyna ýardam edýär, ýagny ene süýdündäki leýkositleriň sanynyň köplügi, interferonyň ýokary mukdarda sintezlenmegi, lizosimiň sygyr süýdüne garaňda 200-300 esse köp bolmagy muňa şaýatlyk edýär.

Ene süýdünde dürli fermentleriň (lipaza, amilaza, tripsin we ş.m.) bolmagy iýmitiň ýeňil dargamagyna, siňmegine kömek berýär we morfologiki-funksional taýdan doly ýetişmedik aşgazan-içege ulgamynyň işjeňligini ýeňilleşdirýär. Eger-de çaga doglandan sygyr süýdüniň saryndylary bilen iýmitlendirilse, onda bu ulgamyň işjeňligi mejbury ýagdaýda ýokarlanýar, bu öz gezeginde çaga ulaldygyça olarda gastritiň, duodenitiň, baş keselleriň köp duşmagyna sebäp bolýär.

Mikroelementler (demir, kobalt, mis, sink, magniý we ş.m.) ene süýdünde özara sazlaşykly mukdarda bolup,çaga organiziminde geçýän dürli madda çalşyklaryna gatnaşýarlar we energiýa talaby köp bolan çaga bedeniniň hemme taraplaýyn kämil ösmegine goldaw berýärler. Demir ene süýdünde sygyr süýdüne garaňda az mukdarda, emma ene süýdündäki demriň 50% golaýy doly özleşýän bolsa, sygyr süýdündäki demriň diňe 5% özleşýär, şol sebäpli ene süýdüni emýän çagalarda anemiýanyň dürli görnüşleri, hasam demir ýetmezçilik anemiýasy örän seýrek duş gelýär.

Kalsiý (Ca) we fosfor (P) minerallary ene süýdünde az mukdarda, emma olaryň özära sazlaşykly bolmagy bu minerallaryň doly özleşmegini, siňmegini ýenilleşdirýär. Ene süýdi hemme witaminlere baý, hasam witamin D-niň mukdarynyň ýokary derejede bolmagy içegelerden Ca, P sorulmagyna, olaryň intensiw ösýän sünk dokumalarynyň mineralizasiýasyna ýardam edýär. Natriý (Na) we Kaliý (K) gatnaşygy ene süýdünde örän sazlaşykly. Natriniň mukdarynyň azlygy çagalarda suw çalşygynyň kadalaşmagyna, dürli patologiki ýagdaýlarda bedende çişme howpunyň azalmagyna ýardam edýär. Çagalykda sygyr süýdi bilen iýmitllendirilen adamlarda ýürek-damar keselleri, gipertoniki krizler köp duşýarlar.

Ene süýdi örän arassa (sterill) bolup, onuň bakteriologik ekişiniň netijesinde çagany ene göwsünden aýyrmak düýbünden nädogry hasaplanylýar. Çagany ene süýdündeň kesmek meselesi lukman tarapyndan hemme taraplaýyn öwrenilmeli we dogry netije çykarylmaly. Ene süýdüniň temperaturasy çaga üçin örän optimal (kadaly). Ene süýdüni emen çagalaryň äňleriniň, dişleriniň ösüşi kadaly bolýar, sygyr süýdüni emen, hasam köp wagtlap rezin emzik emen çagalaryň äňleriniň,

dişleriniň ösüşinde köp dürli patologiýalar duş gelýär. Çaganyň ene göwsünden emmegi onuň gürleýşiniň (artikulýasiýa) sazlaşykly bolmagyna ýardam edýär.

Çagasyny göwsünden emdirýän zenanlar haýsydyr bir kesel bilen kesellänlerinde olaryň organiziminde şol kesele garşy spesifiki antitelalar emele gelýärler.Eger-de çaga şol kesel bilen hassalan ýagdaýynda ol ene süýdi bilen taýýar antitelalary alýar, şeýlelikde çagada keseliň ýeňil derejede geçmegine ýardam edýär. Ene süýdüni emýän çagalarda fiziologiki saraltma ýenil derejede bolýär we tiz wagtyň içinde aýrylýar, ýa-da aslynda ýüze çykmaýar.

Çagalykda ene süýdi bilen iýmitlendirilen adamlarda potensiýa ýokary derejede bolýar, olaryň fertil (nesil öndüriji) ýaşy uzalýar.

Çaganyň doglandan soňra ilkinji 2 sagadyň dowamynda ene göwsünden emdirilmegi oksitosin gormonynyň köp bölünip çykmagyna sebäp bolýär. Oksitosin zenanyň ýatgysynyň öz wagtynda ýygrylmasyna gönüden-göni täsir edýär, şeýlelikde dogumdan soňky gan akmalaryň öňi alynýar.

Çaganyň ene göwsünden emdirilmegi enäniň we çaganyň arasyndaky aragatnaşyklaryň sazlaşykly bolmagynyň esasy girewidir, çagasyny ene süýdi bilen iýmitlendiren zenanlarda göwüs mäzleriniň mastit keseli ýüze çykmaýar diýen ýaly, olaryň çiş keselleri bolsa birnäçe esse az duşýar.

Çaga ene göwsüni emýän wagty gipotalamasyň işjeňliginiň peselmeginiň netijesinde gonadotropin gormonynyň mukdary azalýar we zenanda täze ýumurtga oýjükleriniň emele gelmesiniň (owulýasiýa) öňüni alýar. Bu ýagdaý tebigy kontraseptiw bolup 6-7 aýlyga, käbir halatlarda 1 ýaşa çenli enede täze göwreliligiň öňüni alýar. Çagalaryň aratapawudynyň 1,5-2 ýaş bolmagy enäniň we indiki doguljak çaganyň saglyk ýagdaýyna gowy täsir edýär.

Lukmanlar we eneler üçin ene süýdüniň ähmiýetini bilmek doly ýeterlik däldir, eýsem bu artykmaçlyklaryň zerurlygy diňe çaga ene-göwsünden dogry iýmitlendirilende amala aşyrylýär. Şol sebäpli Bütündünýä saglygy goraýyş guramasynyň ***YUNISEF*** bilen bilelikde hödürleýän ene süýdüni goldamak baradaky meýilnamasyny hemme zenanlara göwrelilik döwründe gözegçilik edýän, çaga dogrulýan we çagalara hyzmat edýän saglyk öýlerinde goldamaly we onda beýan edilen düzgünleri öwrenmeli, öwretmeli, ýerine ýetirmeli.

**Kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişine baglylykda**

ulanylýan terminler.

**Köp wagtyň dowamynda çaganyň iýmitlendirilişine görä aşakdaky terminler ulanyldy.**

1. Tebigy iýmitlendiriliş – **çaga ene göwsünden iýmitlendirilýär we ýaşyna görä goşmaça iýmit faktorlary we naharlar berilýär.**
2. Garyşyk iýmitlendiriliş –**ene süýdüniň mukdarynyň çaga üçin doly ýeterlik bolmadyk ýagdaýlarynda ene süýdi bilen bir hatarda oňa goşmaça emeli süýt garyndylary berilýär, goşmaça iýmit faktorlary we naharlar ýaşyna we berilýän süýt garyndylaryň (üýgunlaşan we üýgunlaşmadyk) hiline bagly bolýar.**
3. Emeli iýmitlendiriliş - **enäniň we çaganyň saglyk ýagdaýyna baglylykda çaga diňe emeli süýt garyndylary bilen iýmitlendirilýär, goşmaça iýmit faktorlary we naharlar çaganyň emýän süýt garyndysynyň hiline we onuň ýaşyna baglylykda berilýär.**

**Häzirki döwürde kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişine baglylykda aşakdaky terminler ulanylýar:**

1. **Ýeketäk (eksklýuziw) göwüsden emdirmek**- çaga diňe ene süýdi bilen iýmitlendirilýär, ol gije-gündiziň dowamynda ene göwsünden öz islegi boýunça emdirilýär. Eksklýuziw göwüsden emdirmek çaganyň 6 aýlygyna çenli dowam etdirilýär, şol döwrüň içinde çaga ene süýdünden başga iýmit ýa-da dürli suwuklyklar (suw, çaý, kompot, şireler, kisel we ş.m.) düýbünden goşmaça berilmeýär. Çaga haýsydyr bir sebäplere görä hassalan ýagdaýynda onuň ene süýdi bilen iýmitlendirilmegi hökmany suratda dowam etdirilýär, çaga bellenilýän derman serişdeleri suw bilen içirilýär. Egerde çaga ene göwsüni emip bilmedik ýagdaýlarynda (stomatit,gowşaklyk we ş.m.) oňa saglan ene süýdüni bermek bolýar, emma süýt käseden ýa-da

çemçeden içirilmeli. Çaga ene göwsüni ýada salýan (imitirleýän) emzikli çüýşejiklerden süýt emdirmek gadagan, sebäbi çaga süýdi ýeňillik bilen emen ýagdaýynda ene göwsünden ýüz öwürmegi mümkin. Mundan başgada rezin emzikler dürli ýokançlaryň ojagy bolup hyzmat edýärler.

2. **Köplenç göwüsden emdirmek** – çaga diňe ene süýdi bilen iýmitlendirilýär, şol bir wagtyň özünde oňa az sanda suwuklyk (çaý, nabatly suw we ş.m.) berilýär.
3. **Belli bir bölegini göwüsden emdirmek**-çaga bir wagtyň özünde ene süýdi we emeli süýt garyndylary (adaptirlenmedik- sygyr süýdi, adaptirlenen süýt garyndylary- laktogen, malyş we ş.m.), aşlar ýa-da başga iýmitler bilen iýmitlendirilýär.
4. **Çüýşejiklerden emdirmek**- çagany çüýşeden emdirmek, onuň içinde saglan ene süýdi, başga iýmitler hem bolup biler.
5. **Emeli süýtler bilen iýmitlendirmek (emeli)** –dürli sebäplere görä çaga ene süýdi düýbünden berilmeýär, ol diňe emeli süýt garyndylary bilen iýmitlendirilýär.

**<u>Ene süýdi bilen emdirmekligi üstünlikli</u>**

**<u>geçirmäge alyp barýan 10 ädim.</u>**

Aýallara göwrelilik döwründe gözegçilik edýän, çaga dogurýanlara we täze doglan çagalara hyzmat edýän her bir medisina edarasy hökmany suratda aşakda beýan edilen 10 ädimiň hemme tapgyrlaryny amala aşyrmaly:

1. Hat üsti bilen beýan edilen göwüsden emdirmeklige degişli syýasaty bolmaly, ol yzygiderli hemme medisina işgärleriň dykgatyna ýetirilip durmaly.

2. Ähli medisina işgärlerine şu syýasatyň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin zerur bolan endikleri öwretmeli.

3. Ähli göwreli aýallary göwüsden emdirmekligiň artykmaç taraplary, şeýle hem ene süýdi bilen emdirmegi nähili alyp barmalydygy barada habarly etmeli.

4. Çaga doglan badyna birinji ýarym sagadyň dowamynda göwüsden emdirmeklige ýardam bermeli.

5. Enelere dogry emdirmekligi we çagasyndan wagtlaýynça aýra düşen ýagdaýlarynda süýdüniň çekilmän saklanmagynyň düzgünlerini görkezmeli.

6. Täze doglan çaga medisina görkezmesi bolmasa ene süýdünden başga hiç hili iýmit we suw bermeli däl.

7. Eneleriň we çagalaryň gije-gündiziň dowamynda bir otagda bolmagyny gazanmaly.

8. Çaganyň islegine görä emdirmekligi höweslendirmeli.

9. Ene süýdi bilen emdirilýän çagalara rezin emziklerini ýa-da boş sorulýan rezin emziklerini bermeli däl.

10. Ene süýdi bilen emdirmekligi goldaýan toparlary hormatlamaly we çaga dogrylýan öýlerden çykandan soň, eneleriň şol toparlar bilen aragatnaşykda bolmaklaryna goldaw bermeli.

**1.Her medisina edarasynyň <u>hat üsti bilen beýan edilen göwüsden emdirmeklige degişli syýasaty bolmaly, ol yzygiderli hemme medisina işgärleriniň dykgatyna ýetirilip durmaly.</u>**

Bu syýasatda şu edaranyň maksady, ädilýän ädimler we galan ädimleri ýerine ýetirmegiň ýollary görkezilmeli. Resminama (dokument) gospitalyň ýolbaşçysy arkaly tassyklanan bolmaly, ähli medisina işgärleriň we çaga dogurýan zenanlaryň dykgatyna ýetirilmeli. Ähli bölümleriň ene süýdi baradaky burçlarynda şu syýasatyň türkmen we rus dillerinde bolmagyny üpjün etmeli.

**2. <u>Göwüsden emdirmegiň tejribelerini üstünlikli ýerine ýetirmek üçin gerek bolan endikleri medisina işgärlerine öwretmeli.</u>**

Lukmanlary okatmaklygy “ene süýdi bilen emdirmekligi gorap saklamak we goldamak baradaky merkezde” hem-de göçme seminarlar arkaly amala aşyrmaly. Täze işe giren işgärlere ene süýdi bilen emdirmekligiň usullary barada düşündiriş

geçmeli, 6 aýyň dowamynda olar 18-sagatlyk okuwy geçmeli. Kiçi medisina işgärlerine bölümlerde 2-sagatlyk okuw kurslary gurnamak arkaly öwretmeli. Lukmançylyk uniwersitetiniň ähli fakultetlerinde talyplaryň hemmesi ene süýdüniň ähmiýeti barada çüňňür bilim almaly. Talyplar kiçi ýaşly çagalaryň ene göwsünden emdirmekligiň usullarynyň hemmesini jikme-jik öwrenmeli.

**3. <u>Ähli göwreli aýallary göwüsden emdirmegiň artykmaç taraplary we usullary barada habarly etmeli.</u>**

Göwüsden emdirmeklige göwreli aýallary taýýarlamak antenatal döwürde aýallar konsultasiýalaryndan başlanýar. Sapagyň 2 görnüşi bar: toparlaýyn we şahsy (indiwidual). Toparlaýyn sapaklar göwreliligiň möhleti 30 hepdeden uly bolan aýallar üçin geçirilýär. Sapaklara beýleki maşgala agzalaryň gatnaşmagy hem islenilýär: göwreli aýalyň ýanýoldaşy ýa-da ejeleriniň, gaýynlarynyň, baldyzlarynyň gatnaşmagy.

**Toparlaýyn sapaklar öz içine hökman 4 sany temany almaly:**

- Göwüsden emdirmegiň artykmaç taraplary.
- Göwüsden emdirmegiň usullary (emen wagty çagany tutup saklamagyň esasy 4 pozisiýasy, dogry tutup emmegiň 5 alamaty, sagmagyň usullary).
- Göwüsden emdirmegiň usuly (doglan badyna çagany tiz wagtyň içinde emdirmäge bermek, ene bilen çaganyň bilelikde bolmagy, çaganyň talabyna görä emdirmek).
- Wideofilmleriň görkezilmegi, zenanlar bilen sorag-jogap geçirmek.

4 sany hökmany sapakdan daşary, başga temalardan hem okuwlar geçirmek bolýar, mysal üçin: “Göwreli we emdirýän aýallaryň iýmitlenişi”, “Laktasion amenoreýa usuly we ş.m. Göwreli aýalyň gözegçilik kartasynda goşmaça “Göwüsden emdirmeklik baradaky kagyzjyk” bolmaly, onda ähli geçirilen sapaklar bellenilen bolmaly. Indiwidual sapaklar göwreli aýallaryň konsultasiýa 1-nji sapar ýüz tutan pursatyndan, tä çaga dogurynça geçirilýär. Her bir aýal bilen aýratynlykda:

- Laktasion anamnezini, ýagny öňki çagalaryny emdiriş tejribesini anyklamaly.
- Göwüs mäzlerini barlamaly.
- Çagasyny göwüsden emdirip biljekdigine enede ynam döretmeli.

Göwüsden emdirmekligi üstünlikli başlamak we dowam etdirmek üçin aýallara göwreli döwründe, hem-de çaga dogurandan soňky pursatlarynda goldaw gerek. Çaga dogurýan öýleriň ähli bölümlerinde (göwrelileriň we bäbekleriň patologiýa bölümi we başgalar) aýallar bilen şekilendiriji suratlary, wideokassetalary ulanmak arkaly ene süýdüni emdirmek meseleleri barada gürrüňler geçirmeli. Çaga dogurylýan öýlerden çykanlaryndan soň, ene süýdi bilen emdirmekde gerekli habarlary alyp biler ýaly, "habar nokatlaryň" hem-de goldaw toparlaryň telefonlaryny her bir aýalyň dykgatyna ýetirmeli.

**4. <u>Çaga doglan badyna birinji ýarym sagadyň dowamynda göwüsden emdirmeklige ýardam bermeli.</u>**

Çaga mähirli gatnaşyk çaga dogrulýan otagda daşky gurşawyň (sredanyň) amatly (komfortly) şertlerini döretmek arkaly başlanýar, munda ilki bilen otaglarynyň kadaly (optimal) temperatura düzgüni göz öňünde tutulýar. Çaga dogrulýan otagda howanyň temperaturasy +26 +28$^{0}$C-dan pesde bolmaly däl. Doguryljak çaga dogmaly wagtyndan ir dogýan bolsa, onda howanyň optimal temperaturasyny saklamakdan başgada, dogum otagynda goşmaça kýuwez taýýarlanylýar. Täze doglan çagany gundamak we göbegini arassalamak, gerek bolan esbaplary ýylatmak üçin kýuweziň içindäki temperatura +36$^{0}$C-dan pes bolmaly däl.

Çalt süpüriji hereketler bilen çaganyň teni arassa, ýyly arlyk bilen guradylýar, şol wagtda onuň ýagdaýyna baha berilýär, egerde çaga goşmaça lukmançylyk kömegi gerek bolmasa, onda öl arlygy aýryp, çagany enäniň garnynyň üstünde ýatyrmaly we onuň üstüni gury arlyk bilen ýapmaly. Çaganyň kellesine şapka geýdirilýär we onda emiji-gözleg refleksi dörän dessine ol enäniň göwsüne emdirmäge tutulýar, ýylyň sowuk pasyllary çaga ýenede goşmaça üç ýyly arlyk we odeýal bilen örtülýär.

Göbek damarynyň urşy gutarandan soň, göbekden 10 sm aralykda birinji gysgyç, 8 sm aralykda ikinji gysgyç goýulýar. Iki gysgyjyň arasyndaky göbek 95% etil spirtine batyrylan pagta bilen süpürilýär we steril gaýçy bilen kesilýär. Çaganyň göbeginiň kesilen ýerine 1% ýod ergini çalynýar.

Çaga doglan badyna enäniň tenini çaganyň tenine degirmek, çagany göwüsden emdirmek ene-çaga gatnaşygynyň berkemegine peýdaly täsir edýär, göwse süýdüň inmegini çaltlandyrýar. Çaganyň sorujy hereketleri (ýa-da onuň göwsi ýöne ýalamagy) emzik-areol kompleksiniň nerw öýjüklerini gyjyndyryp, merkezi gipotalamus-gipofize impulslary ýollaýar, şeýlelik bilen gipofiziň öňki böleginde prolaktiniň, yzky böleginde oksitosiniň bölünip çykmagy ýola goýylýar.

Mundan başgada, böwrek üsti (kortizol), aşgazan asty (insulin), galkan (tiroksin we ş.m.) we onuň gapdalyndaky (paratgormon) mäzleriň gormonlary hem laktasiýany sazlaşdyrmaga gatnaşýarlar.

Oksitosin ýatgynyň ýygrylmagyny we plasentanyň ýatgynyň diwarlaryndan aýrylmagyny üpjün edýär we dogumdan soňky gan akmalaryň öňüni alýar.

Dogrulýan we dogumdan soňky ýerleşdirilen otagda täze doglan çaga hemme wagtyň dowamynda enesi bilen bile bolmaly. Munuň şeýle edilmegi çaga bilen enäniň ysnyşmagyna ýardam edýär, enäniň öz çagasyna ideg etmegi çagany dürli ýokançlardan goraýar.

Gonoblenoreýanyň öňüni almak çäreleri çaga bilen enäniň ýakyn we gözme-göz (wizual) gatnaşyklaryny ýola goýup, dogulandan 2 sagat geçenden soň, ýa-da enede kolpit bar bolsa 15-20 minut geçenden soň başlanýar. Gonoblenoreýanyň öňüni almak üçin konýuktiwanyň iç ýüzine tetrasiklin ýa-da eritromisin melhemi (bugdaý dänejigi ýaly) çalynýar.

5. **Enelere çagany göwüsden dogry emdirmekligi we çagadan wagytlaýynça aýra düşen ýagdaýlarynda süýdüniň çekilmän saklanmagyny öwretmeli.**

Göwüsden emdirilende çaganyň enäniň gujagynda dogry saklanýandygynyň 4 alamaty:

- çaganyň kellesi bilen göwresi bir tekizlikde ýerleşmeli;
- çaganyň ýüzi enesine tarap öwrülip, burunjygy göwsüň ujunyň garşysynda durmaly;
- çagany enesi özüne ýakyn gysyp saklamaly;

- eger täze doglan çaga bolsa, onda onuň diňe bir egnini we kellesini dälde, eýsem enesi çaganyň bütin göwresini tutup saklamaly ***(85-nji surat “Çaganyň ene göwsünde saklanylyş usuly, a-dogry; b-nädogry”).***

**Çaganyň ene göwsüni dogry tutup almagynyň we sormagynyň 5 alamaty:**

- çaganyň agzy giňden açyk, aşaky dodagy daşyna çöwrülip dur;

- areolanyň köp bölegi bäbegiň ýokarky dodagynyň üstünden görünýär;

- çekgesi togalanyp dur;

- çaganyň eňegi enäniň göwsüne degip dur;

- çaga haýaldan, arasynda dynç alyp çuňňur sorýar, çaganyň ýuwdunyşyny görüp we eşidip bolýar. ***(86-nji surat “Çaganyň ene göwsüni tutmagyna we sormagyna baha berlişi, a-dogry; b-nädogry”).***

**Ene göwsüni sagmagyň usuly:**

- areolanyň araçäginden iki barmagyň bilen tutmaly: başam barmagyň ýokardan, süýem barmagyň aşakdan, galan barmaklaryň bilen göwsi aşagyndan tutmaly;

- göwsüňi çalaja gapyrgaňa tarap gysmaly;

- barmaklaryň bilen sagyjy hereketler etmeli.

Şeýle görnüşde emzigiň töweregindäki aýlawy gapdalyndan hem tutup sagmak bolýar, şeýlelik bilen süýt mäziniň ähli böleklerinden süýdüň sagylandygyna göz ýetirilýär. Barmaklaryň bilen derini sürtmekden we göwsüň ujuny gysmakdan häzir bolmaly. Eger-de aýalyň süýdi köp bolup,ol özüni ýaramaz ýagdaýda duýmasa, onda çaga dogrulýan öýlerde oňa çagasyny emdireninden soň, süýdüni sagmak maslahat berilmeýär.

Çaga dogum öýlerinden öýüne çykandan soň, çaga emdirilenden soň,göwüsde süýt galsa ony sagyp aýyrmaly. Eger göwüs süýtden dolup, agyryly ýagdaýda bolsa, sagmakda kynçylyklar döretse, onda “gyzgyn çüýşe” usulyny ulanmaklyk maslahat berilýär we enä bu usul görkezilýär. Göwrümi 700 ml kiçi bolmadyk, 1-2 litre gabat gelýän aýnadan çüýşäni almaly, onuň agzynyň giňligi (diametri) göwsüň ujy sygar ýaly 2-4 sm çenli bolmaly. Çüýşe gowy edip ýuwlan bolmaly. Çüýşäni gyzgyn suwdan doldurmaly (aýnanyň ýarylmazlygyna häzir bolmaly) we aýnasy gyzar ýaly birnäçe minut goýmaly. Polotensa bilen tutup

çüýşäni öwürmeli we suwuny dökmeli. Çüýşäniň agzyny sowuk suw bilen sowatmaly, beýle edilmese göwsüň ujunyň gyzgyndan bişmegi mümkin.

Gyzgyn çüýşäni göwsüň ujuna geýdirmeli, howasyz boşlyk (germetiçnost) döretmek üçin ony göwsüň derisine berk gysyp saklamaly. Birnäçe minut geçenden soň çüýşe sowaýar we göwsüň ujy çekilip başlaýar, şeýlelik bilen oksitosin refleksiniň döremegi (stimulasiýasy) emeli gelýär we süýt akyp başlaýar hem-de çüýşejikde ýygnanýar. Çüýşäni süýdüň akýan wagty saklamaly, soňundan zeper ýetirmez ýaly, seresaplyk bilen göwsüň ujundan çüýşäni aýyrmaly. Saglan süýdi döküp, eger zerur bolsa bu işi täzeden gaýtalamaly. Belli bir wagt geçenden soň, süýt mäzlerinde agyry gowşaýar we süýdi el bilen sagmaga ýa-da çagany emdirmäge mümkinçilik döreýär.

**Saglan süýdi ýygnap saklamagyň düzgüni we möhleti.**

| **Saklanyş düzgüni** | **Saklanyş möhleti** |
|---|---|
| Otagda t< +25$^oC$ | 4 sagada çenli |
| > +25$^oC$ | 1 sagat |
| Sowadyjyda t +4$^oC$ | 3 güne çenli |
| Doňduryjy kamerada -14$^oC$ | 3 aýa çenli |

Saglan süýt üçin niýetlenen gap sabynly suw, ýa-da ýörite ýuwujy serisdeler bilen ýuwulýar, oňa 3 minutlap gaýnan suw guýup goýulýar (gap plastmasdan dälde, aýnadan bolmaly). Sagmazdan öňürti suwy dökmeli, mümkin boldugyça çaganyň bir sapar iýmitlenmegi üçin ýeterlik bolan süýdi sagmaly. Gabyň agzy gapak bilen berk ýapylýar, ýazgylarda (etiketkada) süýdüň haçan we kimiň tabşyranlygy barada maglumatlar görkezilmeli. Ulanmazdan öňürti ene süýdüni gyzdyrmaly.

Donor süýdi 56$^oC$ 30 minudyň dowamynda pasterizasiýa edilýär.

**6. <u>Täze doglan çaga medisina görkezmesi bolmasa ene süýdünden başga hiç hili iýmit we suw bermeli däl.</u>**

Çaganyň mümkin boldugyça ir, ýagny birinji ýarym sagadyň dowamynda, özüniň ilkinji iýmitini – owuz süýdüni almagy zerur. Owuz süýdünde köp sanda belok, ýagda ereýän witaminler saklanýar. Owuz süýdi az hem bolsa, ol örän ýokumlydyr. **Owuz süýdüniň aýratynlyklary:**

| **HÄSIÝETLERI** | **ÄHMIÝETI** |
|---|---|
| - Immunoglobulinlere baý | - Ýokançlardan (infeksiýalardan)we allergiýadan goramaklygy üpjün edýär<br>- Ýokançlardan goraýar |
| - Leýkositler kän | |
| - Täretiň konsistensiýasyny ýumşatmaklyga ýardam edýär | - Ilkinji täretiň, ýagny mekoniýanyň bölünip çykmagyna we saraltmanyň öňüni almaga kömek edýär |
| - Ösüş faktorlaryny öz içine alýar | - Içegäniň ösüp ýetişmegine täsir edýär, allergiýanyň ýüze çykmagynyň öňüni alýar |
| - “A” witaminine baý | - Ýokançlaryň ýokuşmagyny azaldýar, göz keselleriniň öňüni alýar |

Emma hemme çagalar ýeketäk ene süýdi bilen emdirilip bilmezler. Medisina tarapdan ene süýdi bilen emdirmeklige bolan garşy görkezmeler:

- agramy gaty kiçi dogan çagalar (1500 gramdan az) we gestasion ýaşy 32 hepdä çenli;

- ýetmezligiň agyr alamatlary bilen doglan çagalar we potensial agyr gipoglikemiýaly ýa-da gipoglikemiýa zerarly bejeriş almaga zerur, hem-de göwüsden ýa-da saglan ene süýdüni köp emdirilenine garamazdan, ýagdaýlary gowulaşmaýan çagalar;
- eneleri agyr keselli çagalar (eklampsiýaly, psihozly ýa-da şok ýagdaýlarda bolsa);
- eneleri emdirmeklige garşy görkezilen dermanlar ulanýan bolsalar (sitostatikler, radioaktiw serişdeler, propiltiourasildan özge tireoidite garşy dermanlar);
- dogabitdi metabolizmi bozuk çagalar (galaktozemiýa, fenilketonuriýa, “klýonyň şiresi” keseli we ş.m);
- organizmi köp mukdarda suw ýitiren çagalar (mysal üçin saraltma zerarly fototerapiýa kursuny alýan wagty, eger-de göwüsden köp emdirmeklik gerek bolan gidratasiýa bilen üpjün edip bilmese);
- adam immunodefisit sindromly zenanlardan doglan çagalarda bu ýokanjyň wertikal, ýagny ene süýdüniň üsti bilen geçmeginiň mümkinçiliginiň ýokarlygy sebäpli çagany ene süýdi bilen iýmitlendirmek maslahat berilmeýär.

**7. <u>Eneleriň we çagalaryň gije-gündiziň dowamynda bir otagda bolmagyny üpjün etmeli.</u>**

Doglandan soň bäbegi enesinden aýyrman, gije-gündiziň dowamynda bir otagda bilelikde saklamak bilen, olaryň ýakyn aragatnaşygy ýola goýulýar. Çaganyň krowaty bilen enäniň krowaty deň beýiklikde bolmaly. Şeýle edilende ene çagasyna ideg etmekde öz goşandyny goşýar, täze doglan çaganyň elmydama çalşyp duran nobatçy medisina işgärleri bilen aragatnaşygy çäklenýär we şertli-patogen mikrooranizimleriň gospital ştammlarynyň çaga ýokuşmak mümkinçiligi azalýar. Munuň tersine, enelerinden aýra saklanýan çagalar, düzgün bolşy ýaly antimikrob derman serişdeleriniň köpüsine durnukly bolan gospital şertli patogen mikrofloralardan kolonizirleşýärler. Enäniň süýdi bu mikrooranizimlere garşy mahsus bolan antitelalary öz düzüminde saklamaýar. Şonuň üçin şu çagalarda dürli keseller (deri,öýken, aşgazan-içege we ş.m.) ýeňillik bilen döreýärler, kliniki taýdan agyr derejede geçýärler we olaryň bejergisi örän kyn bolýar.

**Çaga bilen enäniň bilelikde saklanmagynyň artykmaç taraplary:**

- ýokançlary (infeksiýany) azaldýar;
- **enäniň we çaganyň arasynda položitel emosional aragatnaşygyň döremegine kömek berýär;**
- göwüsden emdirmek dowamly bolýar;
- goşmaça medisina işgärlerini talap etmeýär.

**8. Sagatly däl-de, çaganyň talabyna görä**

**emdirmekligi höweslendirmeli.**

Çaganyň talapy boýunça emdirmeklik şu aşakdaky položitel ýagdaýlary üpjün edýär:

- göwse süýt basym inýär;
- çaga agramyny gowy alýar;
- süýt mäzleriniň çişmesi az bolýar;
- çagany göwüsden emdirmeklige ýeňil öwredip bolýar.

**9. Göwüsden emdirilýän täze doglan bäbeklere hiç hili enäniň göwsüni ökündiriji enjamlary bermeli däl (rezin emzikleri we başgalar).**

Çaga göwüsden emýän wagty agyz boşlugyndaky duýujy nerwleri gyjyndyrýar, şeýlelikde azaşan nerwi (n.wagus)gyjyndyrýar we gastrointestinal gormonlar bölünip çykýar (gastrin, holesistokinin, sekretin we ş.m.). Çaga boş rezin emziklerini soryan wagty hem şu mehanizm bolup geçýär, ýöne süýt gelmeýänligi zerarly bölünip çykan gormonlar aşgazanyň içki gatlagyna erbet (negatiw) täsir edýärler.

Çaga dogrulýan öýlerde belli bir sebäplere görä enesiz galan çagalar üçin hem rezin emziklerini, boş emzikleri ulanmaklyk rugsat berlenok, olarda

iýmitlendirmegiň alternatiw düzgünlerini ulanmaly: käse, çemçe, şpris, zond. Mundan başgada boş rezin emziklerini ulanmaklyk çaganyň dişleriniň, äňiniň nädogry ösmegine, artikulýasiýasynyň bozulmagyna getirýär. Rezin emzikleri birnäçe sapar gaýnadylandan soňra, dürli toksinler bölünip çykýar, olaryň ýokançlary ýüze çykarmak howpuny ýokarlandyrýandygy doly subut edilen.

**10. <u>Ene süýdi bilen emdirmekligi goldaýan toparlary hormatrlamaly we çaga dogrulýan öýlerden çykandan soň, eneleri şol toparlara ugratmaly.</u>**

Göwüsdeň emdirýän eneleri goldaýan toparlar (EGT) çaga dogrulýan öýleriň kömegi bilen saglyk öýlerinde düzülýär (aýallar konsultasiýasy). Saglyk öýlerinde ýörite otag döredilýär, ol ýerde birnäçe aýallar öz çagalary bilen, göwreli aýallar we olaryň maşgala agzalary ýygnanyşyp bilerler. Bu jaý ene süýdi bilen emdirmek barada habar berýän görkezme esbaplar bilen üpjün edilen bolmaly (plakatlar, emdirýän aýallar üçin esbaplar we kitaplar, ene süýdi bilen emdirilen çagalaryň suratlary).

Çaga dogrulýan öýlerde we aýallar konsultasiýasynda (saglyk öýlerde) EGT-yň işlerine gözegçilik edýän ýörite jogapkär medisina işgärleri bellenilýär (lukman, eneke, şepagat uýasy). Jogapkär medisina işgärleri çagany ene göwsünden emdirmegiň usullary barada 18-sagatlyk okuw geçen bolmaly.

Aýallar konsultasiýasyndaky EGT-yň işlerine jogapkär medisina işgärleri tarapyndan toparlar döredilýär. Bu toparyň içine okuw geçen, şu iş boýunça edarada işlemäge rugsat berlen 1-2 sany orta medisina işgäri we 5-6 sany çagasyny göwüsden emdirýän aýal, garry ene girýär. Ortaça EGT-yň içine 8-10 sany adam girýär, emma ýerli şertlere görä onuň sany üýtgäp biler. EGT-da işlemek üçin aýallar aşakdaky görkezijiler boýunça saýlanýar: dowamly göwüsden emdirmekde položitel tejribesi bolan, tejribe alyşmaga islegi bolan, adamlar bilen gürleşmäni başarýan. EGT-yň ähli agzalary 18-sagatlyk programma boýunça hökman okadylmaly. Okuwy jogapkär medisina işgäri geçirýär we okuw wagtynda zenanlara göwüsden emdirmekligi goldamak boýunça endikler öwredilýär we barlanylýar.

EGT-barada habarlar çaga dogrulýan öýlerde berilmeli, aýallar konsultasiýasynda ýa-da saglyk öýlerinde görünýän ýerlerde EGT-barada

habarlary, maglumatlary asyp goýmaly. Onda kömek sorar, ýüz tutar ýaly EGT-yň işleýän sagatlary, şeýle hem telefonlary, ýa-da EGT-yň agzalarynyň öý salgylary görkezilmeli.

Ene süýdüni emdirmek syýasatyny amala aşyrmakda, çaga dogrulýan öýlerden çykandan soň, uly orny maşgala lukmanlary tutýar. Şol sebäpli maşgala lukmanlaryna täze doglan çaga gözegçilik etmäge baranlarynda şu aşakdaky görkezmelere eýermeklik maslahat berilýär:

- eneleriň çagany emdirmek meseleleri bilen tanyşlygyna göz ýetirmek, gerek bolsa degerli maslahat bermek;
- emdirmekde dürli meseleleriň barlygyna göz ýetirmek, maşgala lukmanynyň ýanynda enäniň çagasyny emdirmekligini haýyş etmeli, eger düýpli meseleler bar bolsa, eneleri regional ene süýdi merkezine ugratmaly;
- çagany birinji 6 aýyň içinde ýeketäk ene süýdi bilen emdirmekligiň wajyplygyny enelere düşündirmeli;
- laktasiýanyň kontraseptiw ähmiýetini düşündirmeli;
- maşgala agzalarynyň arasynda çagany göwüsden emdirmeklige položitel garaýyş döretmeli;
- düşündiriş işlerinde durmuş tejribesinde gabat gelen wakalary mysal hökmünde ulanmaly.

Çagany onuň talabyna görä, ýygy-ýygydan diňe ene süýdi bilen emdirmeli, gijelerine arakesme etmeli däl we bir gije- gündiziň dowamynda 8-12 sapardan az emdirmeli däl.Her sapar emdirilende göwsüň ikisini hem gezekleşdirip bermeli, birinji berilýän göwsi her sapar çalyşmaly, çaga emýän göwsüni doly boşadandan sonra beýleki göwüsden emdirmeli, sebäbi soňky süýdüň ýokumy ilkinji gelýän süýtden ýokary diýlip hasaplanylýar.

Göwsi arassalap süpürmek üçin sabyn, dürli çyrşaklar, losýonlar we şuňa meňzeşleri ulanmak gadagan edilýär. Ýuwmak üçin diňe suw ulanylýar. Her sapar emdirmezden öňürti göwsi ýuwmak hökman däl, beýle edilende kadaly floralar aýrylýar, göwsüň ujunyň we areolanyň derisiniň guramaklygy ýüze cykýar, soňundan ýaryklar döreýär.

Rezin emzikleri, çüýşejikleri, emeli süýt garyndylaryny ulanmak gadagan edilýär. Aýratyn medisina görkezmesi bolmasa, çaga islendik suwuklygy içirmek gadagan edilýär (şol sanda 5% glýukoza ergini, Ringer erginini we şuňa meňzeşler). Emdirmezden öňürti ene kellesini ýaglyk bilen daňmaly, elini iki sapar sabynlap ýuwmaly, polotensa bilen süpürip guratmaly, arassa arlygy ýazyp, oňa

bäbegi goýmaly, gundamaly we göwsünden emdirmäge başlamaly. Emdirmegiň wagtyny hiç hili çäklendirmeli däl, çaga näçe dowamly emse, süýt öndürmek prosesi şonça hem ýokary bolar.

Çagany emdirip bolanyndan soň,ene her sapar göwüs süýdünden birnäçe damjany gysyp çykaryp, göwsüň ujuna çalmaly we süýt guraýança saklamaly, şeýle etmek  göwsüň ujunyň ýarylmasynyň, jaýrylmasynyň öňüni alar.

**8-NJI TEMA -2 SAGAT**

# Çagalaryň fiziki, akyl-huş we hereket taýdan ösüşlerine baha bermek, olara gözegçilik etmek.

## V. ÇAGALARYŇ FIZIKI ÖSÜŞI.

Häzirki Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýaş nesliň fiziki, nerw-psihiki taýdan sagdyn ösüp ýetişmegi üçin ummasyz işler amala aşyrylýar. Munuň şeýledigine orta bilim berýän mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda bedenterbiýe sapaklarynyň girizilmegi, ýurdumyzyň hemme künjeklerinde sport toplumlaryň, dünýä ölçeglerine, standartlaryna gabat gelýän stadionlaryň birnäçesiniň eýýäm gurlyp, işe başlandygy, birnäçesiniň gurluşygynyň dowam edýändigi şaýatlyk edýär.

Dürli genetiki faktorlaryň we daşky gurşawyň täsir etmeginde çaga bedeniniň morfologiki, funksional we biologiki taýdan öz ýaşyna görä ösmegine (boýy, agramy, kelle aýlawy we ş.m.) çaganyň fiziki ösüşi diýilýär. Eger-de, çaganyň ýaşaýyş şertleri gowy, talaba laýyk bolanda onuň bedeniniň fiiziki ösüşi nesline baglylykda hiç hili kadadan daşlaşman amala aşyrylýar.

Çaganyň fiziki ösüşine genetiki täzirlerden (faktorlardan) başga-da, ençeme hadysalar täsir edip bilýär. Çaganyň kadaly ösmegine onuň içki mäzleriniň sazlaşykly işlemegi örän çuň täsir edýär. Içki mäzleriň hemmesi madda çalşygyna gatnaşmak bilen, çaganyň ösmegine we biologiki taýdan ýetişmegine gatnaşýarlar, emma olaryň täsiri çagalaryň ýaşyna görä tapawutlanýarlar. Çaganyň fiziki taýdan kadaly ösmegine gipofizyň gormonlary, hasam somatotrop gormony işjeň gatnaşýar. Somatotrop (STG) gormony bagyrda, böwrekde somatomedinleri emele getirýär, olaryň kömegi bilen hondrogenezi aktiwleşdirýär, ýagny çaganyň süňküniň ösüş zonasynyň işjeňligini ýokarlandyryp, onuň boýunyň ösüşine gönüden-göni pozitiw täsir edýär. STG gipofiziň öňki böleginde (adenogipofiz) emele gelýär, çaganyň 2-3 ýaşyna çenli onuň täsiriniň ujypsyzdygy sebäpli gipofizar nanizm keselinde çaganyň boýy 2-3 ýaşa çenli kadaly bolýar. Bu gormonyň çaganyň boýuna edýän täsiri has hem onuň 5-12 ýaş aralygynda ýokary derejede bolýar.

Galkan şekilli mäziň bölüp çykarýan gormonlary (tiroksin, triýodtironin, tireokalsitonin) madda çalşygynyň dürli görnüşlerine gatnaşmak bilen, çaganyň hemme taraplaýyn kadaly ösmegine (boý, agram, nerw-psihiki, motoriki we ş.m.)

täsir edip, süňkiň emele gelmegine we onuň ösüp ýetişmegine kömek edýärler. Çaganyň fiziki taýdan ösüşinde bu gormonlaryň täsiri has hem 5 ýaşa çenli örän wajypdyr.

Çaganyň jyns mäzleri ýetginjek döwürlerinde (pre,- pupertat) aktiw işlemek bilen, öz gormonlarynyň (testesteron, estrogenler) köp bölünip çykmagyna getirýärler, olar çaganyň fiziki we biologiki taýdan (ikilenji jyns alamatlarynyň emele gelmegi) ösüp ýetişmegine güýçli täsir edýärler. Böwreküsti mäziniň bölüp çykarýan androgen gormony çaganyň myşsa dokumasynyň, süňkiň ösmegine gysga wagtlaýyn (5-12 ýaş töweregi) täsir etmek bilen, boýyň ösmeginiň togtamagyna getirýär, ýagny süňklerdäki epifizar ösüş zonasynyň ýapylmagyna sebäp bolup bilerler. Aşgazanasty mäziniň gormony bolan insulin özbaşdak we somatomedinlere täsir etmek bilen çaganyň fiziki taýdan ösüşine pozitiw täsir edýär.

Çaganyň dogry iýmitlendirilmegi onuň fiziki taýdan sagdyn ösmeginiň esasy girewidir. Çaganyň ene süýdi bilen iýmitlendirilmegi, diňe çaganyň fiziki ösüşine täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem onuň nerw-psihiki, motoriki taýdan hem ýaşyna görä kadaly ösmegine ýardam edýär. Çaganyň emeli iýmitlendirilmegi onuň aşgazan-içege, bölüp çykaryş ulgamyna ýaramaz täsir etmek bilen, kiçi ýaşly çagalarda paratrofiýa, uly ýaşly çagalarda semizlige, dürli distoniýa ýagdaýlara, allergiki kesellere getirip biler. Iýmitiň mukdarynyň az bolmagy (açlyk), onuň hiliniň kada laýyk gelmezligi, kaloriýasynyň pes bolmagy çagalarda witaminlere, beloklara, minerallara, uglewodlara, ýaglara, duzlara bolan talabyň bozulmagyna, ýagny iýmitiň disbalansyna getirip, olarda fiziki taýdan ösmegiň dürli ýetmezliklerine (gipotrofiýa, boýyň pes bolmagy we ş.m.) getirýär. Çagalaryň, has hem kiçi ýaşly çagalaryň irki döwürlerde nädogry iýmitlendirilmegi onuň diňe bir fiziki ösüşine ýaramaz täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň kelle beýnisiniň işjeňligini peseltmek bilen, çaganyň intellekt taýdan gowşak ösmegine getirip bilýär. Çaganyň iýmitinde witamin A-nyň, sinkiň, ýodyň ýetmezçiligi fiziki ösüşiň bozulmasynyň esasy sebäpleriniň biri bolup durýar.

Süňk dokumasynyň ösüp ýetişmeginde çaganyň ukusynyň orny uludyr. Çaganyň ukusy näçe çuň, rahat bolsa, onuň bedeninde madda çalşygy sonça-da sazlaşykly geçýär. Çaga ukudaka anaboliki (assimilýasiýa) hadysalar kataboliki (dissimilýasiýa) hadysalardan ýokary derejede geçýär, bu ýagdaý çaga bedeniniň dokumalarynyň ösmegine, işjeňliginiň ýokarlanmagyna getirip, onuň fiziki taýdan sagdyn ösmegine ýardam edýär.

Çaganyň ösüş döwrüniň hemme tapgyrlarynda dürli psihiki şikesler, otrisatel emosiýalar olaryň fiziki ösüşine diňe ýaramaz tarapdan  täsir edýärler. Göwrelilik döwründe zenana täsir edýän otrisatel psihiki stress bäbegiň fiziki taýdan ösmegine täsir edip, dürli patologiki ýagdaýlara (dogabitdi gipotrofiýa, ýetmezçiligiň dürli derejeleri we ş.m.) getirip bilýär. Maşgalada ene-atanyň arasyndaky gapma-garşylyklar, arakhorlyk, işsizlik we ş.m., çaganyň özünde ýüze çykýan meseleler (ilkinji bakja gitmek, mekdebe gatnama, deň-duşlary bilen aragatnaşygynyň bozulmagy we ş.m.) onuň fiziki ösüşden yza galmagyna sebäp bolýarlar. Dürli otrisatel emosiýalaryň netijesinde simpatiko-adrenal ulgamynyň işjeňliginiň ýokarlanmagy çagalaryň ösüşi togtadýar.   Položitel emosiýalar  çaganyň nerw -

psihiki, motoriki, fiziki taýdan sagdyn ösmegine gönüden - göni pozitiw täsir edýär.

Çaganyň fiziki ösüşine dürli keseller, patologiki ýagdaýlar hem täsir edip bilerler. Ýiti geçýän keseller (pnewmoniýa, içgeçme, çaga ýokanç keselleri we ş.m.) çagalaryň basym tapdan düşmegine getirýär. Hroniki keseller (süýji diabet, dogabitdi öýken-ýürek ýetmezçilikleri, hroniki böwrek ýetmezçiligi we ş.m.) çagalarda gipoksiýa, gipoksemiýa, dürli toksinleriň (moçewina, azot galyndylary we ş.m.) emele gelmegine getirip, olaryň fiziki ösüşiniň yza galmagyna sebäp bolýarlar.

Çagalaryň fiziki taýdan ösmegine sportyň dürli görnüşleri (futbol, woleýbol, basketbol, ýeňil atletika we ş.m.) pozitiw täsir edýär. Çaganyň ýaşyna laýyklykda ýerine ýetirýän işleri onuň fiziki ösüşini güýçlendirýär, emma ýaşyndan agyr, hasam wertikal agram berýän işler (agyr zatlary götermek, daşamak we ş.m.) fiziki ösüşi togtadýar.

Yssy howa çaganyň boýunyň ösmegine päsgel berýär, emma çagalaryň biologiki taýdan tiz ýetişmegine täsir edýär. Çaganyň fiziki ösüşi ýaz-güýz aýlary güýçlenýär, gyş-tomus aýlary peselýär.

Ene-atanyň zyýanly endikleri (çilim çekmek, alkogol, neşekeşlik, nas atmak we ş.m.) olaryň jyns öýjüklerine, göwrelilik döwründe çaganyň ösüşine zyýan ýetirmek bilen bäbegiň dürli patologiýalar bilen dünýä inmegine we olaryň dogulandan soňra nerw-psihiki, fiziki taýdan doly ösup ýetişmekliklerine özleriniň örän ýaramaz täsirlerini ýetirýärler.

**Antenatal döwürde düwünçegiň fiziki ösüşiniň aýratynlyklary.** Tohumlanma geçenden soňra bir öýjükli düwünçek emele gelýär. Bir hepdeden trofoblastlaryň (düwünçegiň örtügi) bölüp çykarýan fermentleri ýatgynyň diwarynyň nemli bardasyny bozýarlar, ýarylan damardan akýan gana düwünçek çümýär we ýatgynyň diwaryna ýelmeşýär (implantasiýa). Bir gatly düwünçekden 2-3 sany gatlak emele gelýär (gastrulýasiýa-“garynjyk”) we embrional öýjüklerden dürli dokumalar emele gelip başlaýarlar-**gistogenez .**

Ektodermadan deri, nerw ulgamy, mezodermadan myşsalar, ganyň, plewral boşlugyň, böwrekleriň epiteliýasy, birleşdiriji dokuma (mezenhima), gan, süňk, kekirdewik, endodermadan içegeleriň epiteliýasy emele gelýär. Emele gelen düwünçegiň birnäçe gatlagy bolýar: içki gatlak – amnion, ikinji gatlak – horion, üçünji gatlak ýa-da daşky gatlak – desidual. 3 sany gatlak birleşip, düwünçek ýany suw bilen doldurylan düwünçek haltanyň diwaryny emele getirýärler we emele gelen düwünçek onuň içinde ýerleşýär.

Düwünçegiň ösüşi örän ýokary derejede geçýär we 40 hepdäniň içinde onuň agramy $6x10^{12}$ esse köpelýär. Antenatal döwürde, ýagny çaga enäniň gowresindekä onuň ösüşine genetiki faktorlardan başga-da zenanyň durmuş-sosial ýagdaýy, käri, iýmitlenişi, dürli somatiki we urogenital patologiýalary gönüden-göni ýaramaz täsir edýär. Düwünçegiň ösüşi gipofiziň, galkan şekilli mäziň gormonlaryna doly bagly bolmaýar, munuň şeýledigine gipofizar nanizmde, anensefaliýada bäbigiň fiziki taýdan kadaly dogulmagy şaýatlyk edýär.

Döwünçegiň kadaly ösüşi ýene-de plasentanyň üsti bilen geçýän maddalar bilen şertlenendir, çaganyň dogabitdi anomaliýa bilen dogulandygyna garamazdan,

onuň fiziki görkezijileriniň (parametrleriniň) kada laýyk bolmagy munuň şeýledigine subutnamadyr. Düwünçegiň agramynyň, boýunyň we beýleki görkezijileriniň ulalmagy öýjükleriň bölünmegi, köpelmegi bilen düşündirilýär. Düwünçek döwründen göwreliligiň 40-41 hepdesine çenli çaganyň boýy 5 müň esse köpelýär (1-nji tablisa).

Kiçi ýaşly çagalaryň fiziki ösüşiniň göwnejaý bolmagy ilkinji gününden ene süýdüne bagly bolup durýar, ene süýdündäki dürli maddalar, mikroelementler özära sazlaşykly bolmak bilen organizmde doly özleşýärler we çaganyň fiziki, nerw-psihiki, motoriki taýdan ýaşyna görä dogry ösmegini üpjün edýär. Ene süýdünden başga çaganyň ýaşyna görä goşmaça naharlar öz wagtynda berilmelidir. Çaganyň nädogry iýmitlendirilişi (sygyr süýdi, emeli süýt garyndylary, goşmaça naharlaryň giç, nädogry berilmegi we ş.m.) olarda rahit, gipotrofiýa, anemiýa, allergiki kesellerniň ýuze çykmagyna we çaganyň fiziki ösüşiniň bozulmagyna sebäp bolup bilýär.

**Enäniň göwreliliginiň wagtyna (gestasiýa) baglylykda**

**düwünçegiň agramynyň ölçegi**

**1-nji tablisa**

| Göwreliligiň wagty (hepdesi) | Bäbegiň doglandaky agramy | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 10% | 25% | 50% | 75% | 90% |
| 24 | 530 | 660 | 840 | 1025 | 1260 |
| 25 | 605 | 740 | 880 | 1070 | 1035 |
| 26 | 685 | 830 | 965 | 1140 | 1360 |
| 27 | 770 | 925 | 1045 | 1220 | 1435 |
| 28 | 860 | 1025 | 1150 | 1340 | 1550 |
| 29 | 960 | 1140 | 1270 | 1485 | 1690 |
| 30 | 1060 | 1250 | 1395 | 1645 | 1840 |
| 31 | 1170 | 1380 | 1540 | 1815 | 2030 |
| 32 | 1290 | 1520 | 1715 | 2020 | 2280 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 33 | 1440 | 1685 | 1920 | 2290 | 2600 |
| 34 | 1600 | 1880 | 2200 | 2595 | 2940 |
| 35 | 1800 | 2130 | 2435 | 2870 | 3200 |
| 36 | 2050 | 2360 | 2710 | 3090 | 3390 |
| 37 | 2260 | 2565 | 2900 | 3230 | 3520 |
| 38 | 2430 | 2720 | 3030 | 3360 | 3640 |
| 39 | 2550 | 2845 | 3140 | 3435 | 3735 |
| 40 | 2630 | 2930 | 3230 | 3520 | 3815 |

Çaganyň fiziki ösüşine dürli somatiki keseller, durmuş ýagdaýy, dogabitdi näsazlyklar gönüden-göni ýaramaz täsir edýärler. Çagalaryň fiziki taýdan dogry ösmegi üçiň lukmanlaryň yzygiderli gözegçiligi we çagalaryň beden taýdan taplanmagy hökmanydyr.

## Çaganyň antropometriki barlag usullary

*Antropometriýa* ***– çaganyň fiziki görkezijileriniň ölçeniliş usullarydyr. Çaganyň fiziki ösüşine baha bermek üçin birňäçe görkezijiler ulanylýar, olaryň esaslary bolup çaganyň boýy, agramy, kelle we döş aýlawynyň ölçegleri bolup durýar. Bularyň içinde iň wajyby diylip çaganyň boýy hasaplanylýar, ýagny ol durnukly, dürli kesellerde üýtgemeýän ýa-da örän az derejede üýtgeýän görkezijidir. Fiziki ösüşe dogry baha bermek üçiň hemme ölçegler çaganyň geýimsiz ýagdaýynda we günüň 1-nji ýarymynda geçirilmegi zerurdyr.***

**Çaganyň boýunyň ölçenilişi.** 2 ýaşa çenli çagalaryň boýuny ölçemek üçin ýoriteleşdirilen boý ölçenilýän abzal (rostomer) ulanylýar. Kiçi ýaşly çaganyň boýy ýatan ýagdaýynda ölçenilýär. Ol abzal ini 40, boýy 80 sm bolan tagta görnüşinde bolup, onuň gapdal taraplarynda santimetr bilen belgilenen şkalalar bar, aşaky böleginde hereket edýän, ýokarky böleginde bolsa hereket etmeýän plankalar bar. Çagany rostomerde arkanlygyna, ýagny depesi rostomeriň hereket etmeýän plankasyna deger ýaly edip ýatyrmaly, ejesi çaganyň kellesini saklaýar, şepagat uýasy onuň dyzyny çalaja basyp, aýaklaryny ýazmaly we şol wagt hereket edýän

plankany caganyň dabanyna tarap süýşürmeli. Ýokary we aşaky plankalaryň arasy caganyň boýuna gabat gelýär (6-njy surat).



**6-njy surat Kiçi ýaşly çagalaryň boýynyň ölçenilişi**



**7-nji surat. Uly ýaşly**

Uly ýaşly çagalaryň boýy wertikal boý ölçeýji abzalyň kömegi bilen ölçenilýär. Abzalyň wertikal direginiň aşaky bölegi tagta berkidilen we wertikal böleginde santimetrler ýazylan, abzalda hereket edýän planka bolýar.

Boýy ölçemek üçiň çagany abzalda ökjesi, ýanbaşy, pilçesi we ýeňsesi wertikal tagta deger ýaly edip duruzmaly, caganyň bedeni dik, elleri beden ugruna erkin göýberilen, dyzlary ýazylan, ökjeleri biri-birine degip duran, göz okarasynyň aşaky we daşky eşidip geçirijisiniň ýokary gyralary bir tekizlikde ýerleşen ýagdaýda bolmaly. Abzalyň süşürilýän plankasyny gaty basmasyzdan, kelläniň ýokarky nokadyna degirmeli we şondan soň boýun ölçegini kesgitlemeli (7-nji surat).

**çagalaryň boýunyň ölçenilişi**

**Çaganyň agramynyň ölçenilişi** - kiçi ýaşly çagalaryň agramynyň dogrulygy ±10 gr. çenli bolan ýöriteleşdirilen medisina ýa-da elektron terezilerinde çekilýär. Mümkin boldugyça, çaganyň agramyny günüň birinji ýarymynda, iýmitlendirmezden öň çekmeli.

Çaganyň agramy çekiljek terezini ilki bilen sazlamaly, ýagny terežiniň üstüne arassa arlyk ýazyp, terezini sazlamaly we onuň dilini ýapmaly. Soňra çaganyň egin – eşiklerini çykaryp, onuň kelle bilen egin taraplaryny tereziniň giň tarapyna, aýaklaryny bolsa dar tarapyna edip ýatyrmaly.

Şepagat uýasy tereziniň öň ýanynda durup sag eli bilen çekuw daşlaryny eýläk – beýläk süýşürmeli, çep eli bilen bolsa çaga ýykylmaz ýaly ony gaty basman saklamaly. Çaganyň agramy çekilenden soň tereziniň dilini ýapmaly we çagany tereziden düşürmeli, alnan netijäni bellemeli. Her çaga çekilenden soňra tereziniň hemme ýeri 1% hlor ergini bilen arassalanmaly. 3 ýaşa çenli çagalaryň agramy göterijiligi 19 kg.deň bolan adaty ýa-da elektron terezilerde




8-nji surat .Kiçi ýaşly çagalaryň agramynyň ölçenilişi.

anyklanylýar (8-nji surat).



**9-njy surat. Uly ýaşly çagalaryň agramynyň ölçenilişi**

Üç ýaşdan uly ýaşly çagalaryň agramlary ýöriteleşdirlen dik, dogrulygy ±50 gr deň bolan wertikal terezilerde çekilýär. Uly ýaşly çagalaryň agramynyň çekiliş usullary kiçi ýaşly çagalaryňky bilen birmeňzeşdir (9-njy surat).

**Çaganyň kelle aýlawynyň ölçenilişi.** Kelle aýlawy yz tarapdan ýeňse tümmisine, öň tarapdan bolsa gaşyň ýokarsyndaky ýaýa (duga) goýlan santimetr lentanyň kömegi bilen ölçenilýär. Lentanyň 2 taraplarynyň ujyny sag çekge meýdançasynyň üstünde bir-biri bilen birleşdirmeli, şepagat uýasynyň barmagy lentanyň daşynda durmaly (10-njy surat).

**Çaganyň döş kapasasynyň aýlawynyň ölçenilişi**

Kiçi ýaşly çagalarda döş kapasasynyň aýlawynyň ölçenilişi – santimetr lentasyny çaganyň arka tarapyndan pilçeleriň aşaky burçyna, öň tarapdan bolsa göwüs mäzleriniň areolasynyň üstüne goýmaly (11-nji surat).



10-njy surat. Çagalaryň kelle aýlawynyň ölçenilişi



**11-nji surat. Kiçi ýaşly çaganyň döş kapasasynyň aýlawynyň ölçenilişi**

Uly ýaşly çagalarda döş kapasasynyň aýlawyny üç gezek, ýagny çaga arkaýyn dem alanda, dem alyş we dem çykaryş fazalarynda ölçemek maslahat berilýär. Çaga dik ýagdaýda durmaly, ilkibada ol ellerini iki gapdala galdyrýar, pilçeleriň aşaky burçuna santimetr lenta goýulandan soň, elleri beden ugruna göýberilýar, lentanyň öň tarapyny göwüs mäzleriniň areolasynyň üstüne goýmaly.

Yetginjeklik döwründe göwus mäzleri ösüp başlan gyzjagazlarda döş kapasasynyň ölçeginiň öz aýratynlygy bar, santimetr lentany yz tarapdan pilçäniň burçlarynyň aşagynda, öň tarapdan bolsa göwüs mäzleriniň ýokarsynda, ýagny döş kapasasynyň derisiniň göwüs mäzlerine geçýän ýerinde goýyp ölçemeli (12-nji surat).




**12-nji surat.Uly ýaşly çaganyň döş kapasasynyň aýlawynyň ölçenilişi**

## 1 ýaşa çenli çagalaryň fiziki ösüşi.

Çaga dogulanda onuň boýy 48-54 sm (ortaça 50-52 sm), agramy 2500-4000 (ortaça 3200-3500 gr), kelle aýlawynyň ölçegi 34-36 sm (ortaça 35 sm), döş aýlawynyň ölçegi 32-34 sm (ortaça 33 sm) deň bolmaly.

**Çaganyň boýynyň ösüşi** – çaganyň boýunyň ortaça osüşi I çärýekde (kwartalda) (0-3 aýlyk) her aýda 3 sm (9 sm), II çärýekde (4-6 aýlyk) 2,5 sm (7,5 sm), III çärýekde (7-9 aýlyk) 1,5-2 sm (4,5-6 sm), IV kwartalda (10-12 aýlyk) 1 sm (3 sm) ösýär, ýylyň ahyrynda (1 ýaş) çaganyň boýy ortaça 73-78 sm, ýagny 1 ýylyň dowamynda onuň boýy 24-25 sm çenli ösýär.

**Çaganyň agramynyň ösüşi** – çaganyň agramy ilkinji aýynda 600 gr, 2-3-nji aýlarynda 800 gr, soňky aýlarda bolsa öňdäki aýlardan 50 gr az möçberde agralýar, ýagny 4 aýlykda – 750, 5 aýlykda - 700 gr we ş.m. Çaganyň agramy 6 aýa çenli 2 esse, 1-nji ýylyň ahyrynda bolsa ortaça agramy dogulandakydan 3 esse köpelýär, ýagny 10-10,5 kg deň bolýar (2-nji tablisa).

**Çaganyň kelle aýlawynyň ösüşi** – bir ýaşa çenli çaganyň kelle aýlawynyň ölçegi her aýda 1 sm ösýär, 1-nji ýylyň ahyrynda onuň ölçegi 46-47 sm deň bolýar

## 1 ýaşa çenli çaganyň agramynyň we boýynyň ösüşi

**2-nji tablisa**

| Çaganyň ýaşy (aý) | Her aýda çaganyň alýan agramy (gr) | Çaganyň ýaşyna baglylykda agramynyň (aýlyk) artyşy (gr) | Her aýda çaganyň boýynyň ösüşi (sm) | Çaganyň ýaşyna baglylykda (aýlyk) boýynyň ösüşi |
|---|---|---|---|---|
| 1 aýlyk | 600 | 600 | 3 | 3 |
| 2 aýlyk | 800 | 1400 | 3 | 6 |
| 3 aýlyk | 800 | 2200 | 3 | 9 |
| 4 aylyk | 750 | 2950 | 2,5 | 11,5 |
| 5 aýlyk | 700 | 3650 | 2,5 | 14,0 |
| 6 aýlyk | 650 | 4300 | 2,5 | 16,5 |
| 7 aýlyk | 600 | 4900 | 2,0 | 18,5 |
| 8 aýlyk | 550 | 5450 | 2,0 | 20,5 |
| 9 aýlyk | 500 | 5950 | 2,0 | 22,5 |
| 10 aýlyk | 450 | 6400 | 1,0 | 23,5 |
| 11 aýlyk | 400 | 6800 | 1,0 | 24,5 |
| 12 aýlyk | 350 | 7150 | 1,0 | 25,5 |

**Çaganyň döş kapasasynyň aýlawynyň ösüşi** - bir ýaşa çenli çaganyň döş aýlawynyň ölçegi her aýda 1,2-1,3 sm ösýär, 1-nji ýylyň ahyrynda onuň ölçegi 48-49 sm deň bolýar. Döş aýlawy çaga dogulanda kelle aýlawynyň ölçeginden 1-2 sm kiçi , ýagny 32-34 sm deň bolýar. 3-4 aýlykda olaryň ölçegleri deňleşýär, çaganyň galan ömrüne döş kapasasynyň aýlawy kelle aýlawyndan uly bolýar.

## Bir ýaşdan uly çagalaryň fiziki ösüşi

**Boýy** -5 ýaşyndaky çaganyň boýy ortaça 110 sm diýlip hasaplanylýar, eger-de çaganyň ýaşy 5 ýaşdan kiçi bolsa, onda onuň her ýetmeýän bir ýylyna 8 sm

aýrylýar,  çaga 5 ýaşdan uly bolan ýagdaýynda, onuň  her bir artykmaç ýylyna 6 sm goşulýar.

Çaganyň boýynyň mümkin bolan araçäkleri:

1 – 5 ýaş aralygynda ± 6,0 sm

5 – 10 ýaş aralygynda ± 9,0 sm.

10-15 ýaş aralygynda ± 10 sm.

**Agramy** - 5 ýaşly çaganyň agramy takmynan 19 kg diýlip hasaplanylýar, eger-de çaganyň ýaşy 5 ýaşdan kiçi bolsa, onda onuň her ýetmeýän bir ýylyna 2 kg aýrylýar,  çaga 5 ýaşdan uly bolan ýagdaýynda, onuň  her bir artykmaç ýylyna 3 kg goşulýar. 11 ýaşdan uly ýaşly çagalaryň agramy ýaşyny 3 köpeldip 8-zi goşmak, ýagny n x 3+8 formula bilen kesgitlenilýär, n-çaganyň  ýaşy, ýyl hasabynda.

Çaganyň agramynyň mümkin bolan araçäkleri:

1 – 5 ýaş aralygynda ±  3 kg

5 – 10 ýaş aralygynda ± 6 kg

10-15 ýaş aralygynda ±10 kg

**Kelle aýlawy** -5 ýaşly çaganyň kelle aýlawynyň ölçegi ortaça 50 sm diýlip alynýar. Eger-de çaga 5 ýaşdan  kiçi  bolsa her bir ýetmeýän ýylyndan 1 sm aýrylýar, 5 ýaşdan uly bolsa 0,6 sm goşulýar.

Çaganyň kelle aýlawynyň mümkin bolan araçäkleri:

hemme ýaşda-da  ±  2,5 sm deň.

Döş aýlawy-**10 ýaşly çaganyň  döş aýlawynyň  ölçegi 63 sm diýlip alynýar, eger-de çaga  10 ýaşdan kiçi bolsa her bir ýetmeýän ýylyndan 1,5 sm aýrylýar, uly bolsa her bir artykmaç ýylyna 3 sm goşulýar.**

**Çaganyň döş aýlawynyň mümkin bolan araçäkleri:**

**hemme ýaşda ± 3,5 sm deň.**

## Çaganyň ýaşyna görä dürli hereketleriň emele geliş aýratynlyklary

**Ýetik, wagtynda doglan bäbegiň** epiji myşsalarynyň tonusynyň ýokarydygy sebäpli, onuň hereketleri sazlaşyksyz, tertipsiz (atetoz) ekstrapiramida häsiýetli. Bäbek düşekde ýatanda onuň elleri-aýaklary epilen ýagdaýda (flexo) bolýar (17-nji surat). Bäbek ajyganda aglaýar, onuň agyry we temperatura gyjyndyryjylara jogap reaksiýasy döreýär. Gülip bilenok, görýär, emma ýagtylygyň hereketini yzarlap bilenok, göz ýaş bölünip çykanok.



17-nji surat. 2 günlik çaga



18-nji surat. 3 aýlyk çaga

**1 aýlyk -** çaga nazaryny haýsy hem bolsa bir zada dikýär, gymyldaýan, hasam ýagty predmetiň hereketlerini synlaýar, garnyna ýatyrsaň biraz wagtlap (birnäçe sekundyň dowamynda) kellesini dik saklamany başarýar,

**2 aýlyk -** dürli hereket edýän predmetleri nazary bieln yzarlaýar, gülýär, ses çykan tarapa seredýär, diňşirgenýär, gep goşsaň wüjürdäp "jogap berýär", garnyna ýatan halatynda kellesini ep-esli salym dik saklamany başarýar.

**3 aýlyk -** tagaşyksyz bolsa-da, oýunjaklary eline alyp bilýär, olara tarap agdarylýar, agyrly gyjyndyryjylardan daşlaşamaga synanşýar, ejesini we ýakyn adamlary tanap başlaýar, çagany garnyna ýatyraňda kellesini galdyryp, birnäçe wagtlap saklap bilýär (18-nji surat).

**4 aýlyk -** predmetleri eline ynamly alyp bilýär, oýunjaklary öz elinde saklap, oýnap bilýär, gaty ses bilen gülýär. Gapdalyndan goltgy berseň otyryp bilýär. Goltugyndan tutyp, ýokaryk galdyrsaň ellerini we döşüni öňe tarap egýär.



**19-njy surat. 6 aýlyk çaga**

**6 aýlyk -** hereket edýän predmetleri tutup, ellerinde saklap bilýär. Aýna hezil edip seredýär, öz-özi bilen “gürleşýär”, özüni gurşap alýan hemme ýakyn adamlaryny gowy tanaýar, del adamlardan ýadyrganýar. Goltgy berseň oturýar, käbir halatlarda özbaşdak oturyp bilýär, oýunjak-lary bilen oýnaýar, arkanlygyna ýatyrsaň gapdala togalanmagy başarýar (19-njy surat).

**8 aýlyk -** çaga emedekleýär, gowy oturýar, käbir çagalar “durdy-durdy” edýärler, ellerinden tutsaň ýeňillik bilen turýarlar, oýunjaklaryna üns berip seredýär, olary bir elinden beýleki eline geçirýär, elindäki oýunjaklary ýere gaçsa aňýar, özüne daş-töweregindäkileriň ünsüni çekmäge synanşýar, käbir sözleri aýtmany başarýar.

**10 aýlyk-** ulularyň hereketini yzarlaýar, eljagazlaryny galgadýar, “uruşýar”, şatlygyny ýüze çykarýar. Käbir sözleri dogry aýtmany başarýar, käbir ulanýan sözleriniň, esasanam oýunjaklarynyň adynyň manysyna düşünýär. Özbaşdak turyp bilýär hem-de näme-de bolsa bir zatdan ýapyşyp durup bilýär.

**12 aýlyk -** oýunjaklaryny barlap görýär, sözleri gaýtalaýar, sesleri aýyl-saýyl edýär, “etmeli däl” sözüň manysyna düşünýär, özbaşdak turup we ýöräp bilýär (20-nji surat).

**15 aýlyk -** birnäçe predemtleri, esasanam oýunjaklary tanaýar, olaryň atlaryny bilýär. Özüne tanyş bolan sözlere jogap berýär, özbaşdak erkin, ynamly ýöreýär, jaýyň basganjaklaryndan ýokary galýar.

**18 aýlyk -** ýönekeý sözleri aýtmany başarýar. Kynçylykly ýagdaýa düşende daş-töwereginden haraý isleýär, onuň gowy görýän oýunjaklary, oýunlary bolýar.



**20-nji surat. 1 ýaşly çaga**

**21 aýlyk -** dil bilen aýdylan käbir sada ýumuşlary ýerine ýetirip bilýär. Käbir sözleri dogry aýdyp, gürläp başlaýar. Dürli zatlaryň (ýassyk, beýik bolmadyk diwan we ş.m.) üstüne çykmany we ondan bökmäni başarýar.

**22-24 aýlyk -** dürli predmetleri we haýwanlary tanaýar, olaryň atlaryny bilýär. Öz duýgularyny ýönekeýje sözlemler bilen aýtmany başarýar. Oýunjaklary bilen gürleşýär, erteki diňleýär. Eşiklerini çykaraňda kömekleşýär, meýdan etjegini duýdurýar. Näme-de bolsa bir zatdan ýapyşyp, başgançak boýunça ynamly ýokaryk galyp bilýär, gowy görýän sazlaryny takmynan bilýär, “küşt depmäni” gowy görýär (21-nji surat).

**3 ýaşynda -** çagajyk öz jynsyny (gyzjagazdygyny ýa-da oglanjyklygyny) aýdyp bilýär, üç-dört sany gaýtalap sanaýar. Suratdaky predmetleriň,  öz adyny aýdyp bilýär. Bökmäni, tans etmäni, yzlygyna ýöremäni, basganjakdan aşak düşmäni, üç tigirli welosipedi sürmäni başarýar. Monjuklaryny düzmäge, surat çekmäge synanyşýar, düşegine buşukmasyny goýýar.



21-nji surat. 2 ýaşyndaky çaga



22 – nji surat. Uly mekdep yasly döwür. 15 yasly çaga

**4 ýaşynda -** dörde –bäşe çenli dogry sanap bilýär, suratdaky çyzylan haýwanlaryň atlaryny bilýär, gyzykly okalýan ertekileri hezil edip diňleýär, ululara dürli soraglary berýär, surat çekip bilýär.

**5 ýaşynda -** dört dürli reňkleri saýgaryp, olaryň atlaryny aýdyp bilýär, iki sany dürli predmetiň agramyny tapawutlandyryp bilýär, on sözden ybarat bolan sözlemi doly gaýtalaýar, käbir çagalar harplary bilip başlaýarlar.

**6 ýaşynda -** üç sany dürli tabşyrygy ýalňyşman ýerine ýetirip bilýär. Suratlarda nämäniň owadandygyny ýa-da owadan däldigini saýgaryp bilýär. Suratlardaky predmetleriň diňe bir atlaryny aýtman, eýsem-de olara gysgajyk düşündiriş hem berip bilýär. Köp sanly çagalar doly okap, ýazyp, sanap bilýärler.

**Mekdep ýaşynda -** dürli derslerden alýan bahalaryna seredip, çaganyň akyl-huşyna belli bir derejede baha berip bolýar (22-nji surat).

**Şertli reflekleriň emele gelişiniň aýratynlyklary.** Çaga birnäçe şertsiz refleksler bilen dünýä inýär, kelle beýnisiniň işjeňliginiň ýokarlanmagy bilen çagada şertli, ýagny haýsydyr bir ýagdaýa baglylykda refleksler emele gelip başlaýarlar. 2-3 hepdelik çagada ilkinji şertli refleksler ýüze çykýar diýip hasaplanylýar, emma olaryň emele gelişi 1,5-2 aýlykdan başlanýar. Ilkinji reflekleriň biri, bu çaganyň iýmitlendirilişi bilen bagly refleksdir. 6 aýlyk çagada hemme analizatorlar (göz, gulak, burun, deri, dil we ş.m.) bilen bagly bolan refleksler, 2 ýaşly çagada bolsa şertli reflekleriň ählisi doly derejede emele

gelýärler. Çaga bäbeklik dowründe eýýäm öz duýgusyny (emosiýalaryny) sesiniň, aglaýşynyň üsti bilen beýan edýär. Çaganyň ejesi onuň sesine baglylykda hereket edýär, ýagny emdirýär, arlygyny çalyşýar, eline alýar, sallançagyny üwreýär, hüwdüleýär we ş.m.

Bäbeklik döwrüniň 2-3 hepdeliginde çaga uly adam ýakynlaşanda hereketlerini güýçlendirýär, onuň agyzjygy emiji hereketleri edýär. Eýýäm 3-4 hepdelik çaga ejesi emdirmäge başlamazdan öň diňşirgenýär, emmäge taýýarlyk gören ýaly ümsüm bolýar, eger-de ejesi ony wagtynda emdirmese ilki bilen hykyrdap başlaýar, hereketleri köpelýär, şondan soňam emdirilmese ol talap ediji, sesli aglap başlaýar. 1 aýlyk çaga ejesini emen wagty eýýäm ejesine seredýär, “syn salýar”, enäniň gowsüni, ellerini elläp görýär. 1-1,5 aýlyk çaganyň ejesine bolan duýgusy emmedik wagtam ýüze çykýar, onda položitel emosiýa döredýär. Türkmenlerde çaga ejesini “ysyndan” tanaýar diýilýändigi ýöne ýerden däldir.

5-4 hepdelikden çaga ýylgyryp başlaýar, onuň bilen “gürleşeňde” “diňleýär”, ýylgyryp “jogap” berýär, 2,5-3 aýlyk çaga gülüp başlaýar, položitel emosiýalara ellerini galgadýar, aýaklaryny tapyrdadýar, öz duýgusyny “sesli” beýan edýär.

4,5-5 aýlykda çaga ejesini doly tanaýar, ony başga hemme adamlardan tapawutlandyrýar, bu duýgy ene süýdi bilen iýmitlendirilýän çagalarda has hem güýçli ýüze çykýar. Ene çaga ýakyn gelende, ol oňa begenýär, owsunýar, hereketleri güýçlenýär, gülýär, ellerini ejesine baka uzadýar, eger-de şol wagt haýsydyr bir sebäplere görä ejesi oňa üns bermese ýa-da ýanyndan aýrylsa çaga uly sesi bilen aglaýar. Tanyş däl adamynyň ýanyna ýakynlaşmagy, eline aljak bolmagy çagada ilki bilen “ýadyrgamak” alamatlaryny ýüze çykarýar, ol diňşirgenýär, hereketlerini azaldýar, gözlerini giňden açýar, käbir halatlarda agyzjygyny açýar, ýagny çaga ýüze çykan ýagdaýa “baha” berýär. Ol täze adam bilen “tanyşýar”, onuň eline barýar, onuň bilen “oýnaýar”, “gürleşýär”, käbir halatlarda bolsa negatiw jogap berýär, gorkýar, aglaýar. Çaga ulaldygyça onuň özüne tanyş bolmadyk adamlara bolan jogaby (reaksiýasy) otrisatel, negatiw bolýar, wagt geçdigiçe onuň gowy görýän adamlarynyň sany (ejesi, atasy, babasy, mamasy, doganlary we ş.m.) köpelýär. 6-7 aýlykdan soňra onuň dünýä garaýşy hasam kämilleşýär, çaganyň dürli oýunjaklara bolan özboluşly gyzyklanmasy ýüze çykýar. 7-8 aýlykda çagalarda sensor sözleşik ukuby döräp başlaýar, ýagny olar uly adamlaryň käbir aýdýan sözlerine düşünýärler, ady agzalan zatlara seredýärler, olary tanaýarlar. Mysal üçin, hany “haw-haw” diýeňde ite, “piş-piş” diýeňde pişige seredýär we ş.m.

1 ýaşdaky çagalar eýýäm “gözüň”, “gulagyň”, “burnuň” nirede we ş.m. soraglara dogry “jogap” berýärler, ýagny olary özlerinde görkezip bilýärler. Çaga ulaldygyça onuň kelle beýnisiniň işjenligi ýokarlanýar, hasam mahlaý we çekge keşleriniň doly differensirlenmegi, ýagny olaryň doly ösüp ýetişmegi çaganyň gürläp başlamagyna kömek edýär. Çaganyň öz wagtynda dogry gürläp başlamagyna daşky gurşawdaky uly adamlaryň çaga bolan gatnaşygy, onuň eşidiş organlarynyň (sensor) kadaly işlemegi, terbiýeçilik işleri täsir edýär. Çaga dogabitdi ker bolan ýagdaýynda ol gürlemek ukubyndan jyda düşýär.

**Çaganyň gürleýiş ukyby 3 döwürden ybarat:**

- **gürleşigiň taýýarlyk dowri** – çaga 2-3 aýlykda “jüwürdäp” başlaýar, ýagny üýtgeşik ses çykarýar, onuň “jüwürdisi” hasam položitel emosiýalarda kopelýär, 5 aýlykdan soňra çaga uzak wagtlap sesli “jüwürdeýär”, “aýdym” aýdýar, dürli sesleri çykarýar, çaga 7-8 aýda aýratyn bogunlary (ma, af, pa, je we ş.m.) aýdyp başlaýar:
- **gürleşigiň sensor döwri** – bu döwür çaga 7-8 aýlyk bolandan soň başlanýar. Çaga eşiden sözlerini haýsydyr bir zat bilen baglanyşdyryp, ady agzalan zada tarap seredýär, ünsüni berýär. Mysal üçin: “hany ejeň” diýeniňde, ejesine tarap seredip ýylgyrýar, eger-de ejesi ýanynda bolmasa daş-töweregine seredýär, gözleýär. Bu döwürde çagalar köp dürli sesleri emele getirýärler, köplenç halatlarda käbir sözleriň äheňini (intonasiýasyny) üýtgedip aydýarlar (waf-waf, mäjik we ş.m.). 1 ýaşdaky çaga birnäçe sözleri aýtmak bilen, olaryň manysyna düşünýär we ýonekeý ýumuşlary (agzyňy aç, getir, otur, al, ber we ş.m.) ýerine ýetirýär, “ýok”, “bolýar” sözleriň manysyna doly düşünýär, käbir çagalar “etme bolanok” diýen sözlere, köplenç otrisatel jogap hökmünde aglaýarlar, aýajyklaryny depýärler we ş.m:
- **gürleşigiň motor döwri** – 1 ýaşdaky çagalaryň köpüşi 10-15 bogunlary, sözleri bilýärler. Olar örän ýonekeý (eje, kaka, ene, ata, mam-mam we ş.m.), emma hökmany suratda haýsydyr bir zat bilen bagly bolýarlar. 1,5 ýaşdaky çagalar sözlemleri düşünip başlaýarlar, ýönekeý ertekileri diňleýärler, ulylar bilen suratlara “baha” berýärler, kitaplaryň sahypalaryny agdarýarlar, ýagty suratlary hasam gowy görýärler, käbir zatlary, haýwanlary suratda tanaýarlar. Bu döwürde çagalar köp sözleriň manysyna düşünýärler, käbir “oýunlaryň” rollaryny ýerine ýetirýärler. Mysal üçin: gyzjagazlar oýunjaklaryny ýassykda, aýaklarynda ýatyryp “alla-alla” diýip tappatlaýarlar, sallançagy “hüwdüläp” üwreýärler, “haw-haw” gelýär diýseň gorkan bolýarlar we ş.m. Birnäçe ýönekeý buýruklary ýerine ýetirýärler, oýunjaklaryny özleri döküp-ýygnap bilýärler, ulularyň köwüşlerini geýmäge höweşjeň bolýarlar, hasam gyzjagazlar öz saçlaryny “darap” bilýärler, dürli bezegleri dakmany gowy görýärler. 2 ýaşdaky çagalaryň bilýän sözleriniň

sany çalt artýar, olar takmynan 200-300 söz bilýärler, 2-3-4 sözden durýan ýönekeý sözlemleri gürleýärler. 2-3 ýaşdan soňra çagalar uly adamlar bilen doly gürleşip bilýärler.

Çagalaryň käbiri ir, käbiri bolsa gijiräk gürläp başlaýarlar, olaryň biri "gürlegen", beýlekisi "dymma" bolmagy mümkin. Bu ýagdaýlar çaganyň intellekti, onuň akyl-huş taýdan ösüşi bilen bagly bolman, eýsem köplenç halatlarda genetiki taýdan şertlenen bolýar.

## Çaganyň nerw-psihiki taýdan terbiýelenişi, impritingiň ähmiýeti

**Impriting diýmek näme?** Impriting – çaganyň ilki gören zatlaryny ýatda saklamagynyň we olara bolan jogabynyň galan ömrüne edýän täsiri. Bu ýagdaý türkmenleriň "guş höwürtgesinde görenini eder" diýen adyl nakylyna meňzeş. Çaganyň gelejekde ene-atasyna bolan gatnaşygy, jemgyýetde tutjak orny, onuň dünýä inen gününden, hat-da çaga ejesiniň içindekä (antenatal) başlaýar. Göwreli zenanyň özüniň rahat bolmagy, içindäki çagasy bilen mylaýym "gürleşmegi", garnyny sypalamagy çaganyň ruhy, beden taýdan sagdyn dogulmagyna täsir edýändigi häzirki döwürde alymlar tarapyndan doly tassyklanan. Çaga dünýä inenden soňra onuň sagdyn ösmegi ony gurşap alýan adamlar bilen doly şertlenen bolýar. Häzirki döwürde çaganyň doglan badyna ene göwresine goýulmagy ("tenme-ten" gatnaşyk-2 sagat), onuň ene göwsünden ilkinji 30 minudyň dowamynda emdirilmegi, ýyllylyk zynjyrynyň berjaý edilmegi (dogum otagynyň temperaturasy 26-28Ç, kellesine şapgajyk geýdirilmegi, ýyly arlyk bilen örtülmegi we ş.m.), ene bilen çaganyň bir otagda saklanmagy bahasyna ýetip bolmajak döwrebap usullar (tehnologiýalar) bolup, gelejekde hemmetaraplaýyn (akyl-huş, ruhy, motoriki, fiziki) jemgyýet üçin peýdaly, intellekt taýdan ýokary ösen nesil öndürmäge kömek etjegi ikiuçsyzdyr.

Çaganyň doglan dessine ene gujagynda bolmagy, ene göwsüni emmegi, ýylyja, arassa ýerde saklanmagy onda rahatlandyryjy duýgyny

döredýär, çaga özüni goragly duýýar. Çaganyň öý şertlerinde ideg edilişine ejesinden başga-da, hemme maşgala agzalary kömekleşmeli, hasam çaganyň kakasynyň orny örän uly bolmaly. Zenan maşgala elmydama adamsynyň özüne arkadagdygyny duýmaly, çaganyň kakasy hemmetaraplaýyn enä kömekçi bolmaly. Eger-de maşgalada agzalalyk bolsa (kakasy serhoş, gaharjaň, işlänok we ş.m.), onda ol çaganyň ejesini ruhdan düşürýär, howsalandyrýar, göwüs mäzlerinde süýdiň azalmagyna (gipogalaktiýa) getirýär. Enäniň ruhy taýdan tapdan düşmegi elmydama çaganyň saglyk ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär.

Çaga ulaldygyça, onuň özüne ideg edilişiniň talaby şonça-da güýçlenýär. 3-4 ýaşyndaky çagada bilesigelijilik häsiýeti has aýdyn ýüze çykýar. Çaga özünden uly adamlara örän köp sorag berýär, ol “näme üçin?”, “nirede?”, “kim?” we ş.m. sorag berende oňa howlukman, çaga düşüner ýaly (çaganyň gürleýşi ýaly gürlemän) jogap bermeli, eger-de çaganyň ejesi “boldy et, gürleme” diýse, onda çaga ejesinden öýkeleýär, aglaýar ýa-da dymýar, “içine salýar”, sorag bermesini azaldýar ýa-da bes edýär. Çaga bilen ululary̆n sazlaşykly gatnaşygy onuň geljekde jemgyýetde özbaşdak, ugurtapyjy, bir-birege howandarlyk etjek adam bolup ýetişmeginiň esasy girewidir.

Çagalar çaga bakjalaryna, mekdebe gatnanlarynda olaryň özlerini alyp baryşlary, okuw-bilime bolan höwesleri, olary özleşdiriş ukyplary gönüden- goni terbiýeçilere baglydyr. Çaganyň mekdep döwürleri onuň durmuşynda esasy orunlaryň birini tutýar, sebäbi şol döwürde olar özlerine dost tutunýarlar, den-duşlarynyň aralarynda dartgynly ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkin, çaga iň çylşyrymly döwri, ýagny ýetginjeklik döwrüni başdan geçirýär. Ýaş nesliň dogry terbiýe almagynda hiç kim gaýra durmaly däl, diňe ene-ata, dogan-garyndaşlar, terbiýeçiler, mugallymlar, jemgyýet işgärleri bileleşip, hemmetaraplaýyn iş geçirilinde intellekt taýdan ýokary, ruhy,fiziki taýdan sagdyn, adymkärçilikli nesil ýetişdirip bolar.

Çaganyň ukusy. Uky fiziologiki ýagdaý bolmak bilen, çaganyň ýokary nerw ulgamynyň işjenligini sazlaşdyryp, bedende geçýän ähli madda çalşyklarynyň kadaly geçmegine, çaganyň ruhy, fiziki taýdan kämil bolup ýetişmegine täsir edýär.

Bäbekler gije-gündiziň köp wagtyny ýatyp geçirýärler (21-22 sagat), olar gije-gündiziň tapawudyny bilenoklar. 1 aýdan soňra çagalar gije köp ýatýarlar, gündiz çaga ulaldygyça az ýatýar, ol oýa wagty oýnaýar, gülýär we ş.m. Çaga ösdügiçe, onuň gündizki ukusynyň uzaklygy azalýar, emma 5-6 ýaşa çenli çagalaryň gündizki ukusyny saklajak bolmaly.

Sagdyn çaganyň ukusy çüň, rahat, hereketleri az bolýar, ol ukydan oýananda aglamaýar, ynjyklyk etmeýär. Ene-ata çaganyň belli bir wagtda uklamagyna, oňa uýgunlaşdyrmaga (allalaýar, erteki okaýar, saz çalynýar we ş.m.) gözegçilik etmeli.

# Beden gyzgyny ýokary galan çagalara ideg etmek. Beden gyzgynynyň ölçenilşi, oňa baha berilişi. Gyzgyny ýokary galan çagalara ilkinji lukmana çenli kömegiň beriliş usullary. "Çaga keselleriniň bütewi alynyp barlyşy" maksatnamasy boýunça çagada keseliň howply alamatlaryny kesgitlemek

Adamyň beden temperaturasyny daşky gurşawyň şertlerine (yssy, sowuk) garamazdan birdurkda saklap bilmegi köp faktorlara baglydyr. Beden temperaturasyny bir derejede saklaýanlara – ýylyganlylar (gomoýotermler) diýilýär, olara adam, guşlar, süýtemdirijiler degişlidir.

Birnäçe jandarlar öz beden temperaturalaryny bir derejede saklap bilmeýärler, olaryň temperaturasy daşky gurşawyň temperaturasyna gönüden-göni bagly bolýar. Bu jandarlara- sowukganlylar (poýkilotermler) diýilýär.

Çaganyň oragnizminde ýylylygyň emele geliş hadysasy (termogenez)

Ýylylyk organizmde 2 ýol bilen emele gelýär: ýygrylmasyz we ýygrylma termogenez. Çaganyň ýaşy näçe kiçi boldugyça, şonçada ýygrylymsyz termogenez, ýagny ýylylygyň ýag dokumalaryň dargamagy netijesinde emele gelme prosesi agdyklyk edýär. Ýetik doglan bäbekleriň goňur ýag dokumasy 25-35 gr.deň, ol esasy ýylylyk emele getirýän dokuma bolup hyzmat edýär. Daşky gurşawyň sowuk täsiri deridäki reseptorlary gyjyndyrýar we simpatik nerw ulgamynyň uçlarynda noradrenaliniň bölüp çykmasyny ýokarlandyrýar. Noradrenaliniň täsiri netijesinde adenilsiklazanyň işjeňligi ýokarlanýar, adenozinfosfatyň mukdary köpelýär, proteikinaza aktiwlenýär we lipazanyň mukdarynyň, işjeňliginiň artmagynyň esasynda triglisiridler ýag turşularyna we glisirine dargaýarlar. Emele gelen ýag turşulary öýjükleriň mitohondriýasynda okislenýärler we ýylylyk emele getirýärler, emma goňur ýag dokumasy örän tizarada harçlanýar, eýýäm 4-5 günlük çagada onuň mukdary örän azalýar.

Ýygrylma termogenez – ýylylygyň ýene-de bir emele gelýän ýeri, bu myşsa dokumalarydyr. Sowuk gyjyndyryjylaryň täzsir etmeginde deride emele gelen oýandyryjylyk merkezi nerw ulgamyna ýetip, şol ýerden myşsalaryň reflektor

ýygrylmasyna getirýär, netijede sowuk howada çaganyň sandyramasy, üşütmesi, endamynyň tikeneklemesi, gagşamagy ýüze çykýar we myşsa dokumalarynda ýylylyk emele gelmesi ýokarlanýar.

Ýylylyk çaga organizminde ýenede dürli organlarda, hasam bagyrda, böwrekde emele gelýär. Emele gelen ýylylyk hökmany suratda organizmden daşa çykarylmaly, ýagny ýylylyk emele gelme we ýylylyk çykarma hadysalary özara sazlaşykly bolmaly (termoregulýasiýa). Bedeniň temperaturasyna, ýylylygynyň emele gelmesine, ýylylygyň daşa çykarylmagyna merkezi nerw ulgamy, kelle beýnisiniň gatlagy gözegçilik edýär.

Termoregulýasiýanyň merkezi gipotalamusda ýerleşen, gipotalamusyň yzky maňyzlary ýylylygyň emele gelme (himiki termoregulýasiýa), öňki maňyzlary ýylylygyň daşa çykarylma (fiziki termoregulýasiýa) hadysalaryna gözegçilik edýär. Bäbeklik döwründe termoregulýasiýa örän gowşak, sazlaşyksyz, şol döwürde ýüze çykýan bäbekleriň asfiksiýasy, gipoksiýasy, dürli şikesleriň, dogabitdi ýokançlaryň merkezi nerw ulgamyna täsir etmegi beden temperaturasynyň ýokarlanmagyna, peselmegine getirip bilýär. Çaga ulaldygyça termoregulýator mehanizmler kämilleşýärler we 1,5-2 aýlyk çagalarda gije-gündizdäki beden temperaturasynyň üýtgeme araçäkleri kadalaşýar. Çaganyň daşky gurşawynyň temperaturasy kadaly bolan ýagdaýynda, gije-gündizde onuň bedeniniň temperaturasynyň üýtgeýän araçäkleri bäbeklerde 0,2-0.3$^0$C deň bolsa,

eýýäm 3-4 aýlyk çagalarda –0,5-0,6$^0$C, 3-5 ýaşda –0,8-1,0$^0$C deňdir, ýagny ol uly ýaşly çagalaryňka meňzeşdir.

Çaganyň bedeniniň temperaturasy onuň fiziki, nerw-psihiki, morfologiki taýdan ösüşi bilen gönüden-göni bagly bolýar. Çaganyň emosional ýagdaýynyň ýokarlanmagy, herekerleriniň aktiwligi beden temperaturasyny wagtlaýynça ýokarlandyryp bilýär, çaga rahat ýagdaýda, ukudaka tersine peselýär. Çaganyň bedeniniň temperaturasynyň maksimal ýokarlanmagy 16-19, minimal bolmagy 04-07 sagat aralygyna düşýär.

Termoregulýator hadysanyň çagalarda doly kadalaşandygyna aşakdaky hadysalar güwä geçýärler: dürli kesellerde (ýokanç, sowuklama we ş.m.) beden temperaturasynyň üýtgemegi, goltugasty we rektal (artbujak) temperaturasynyň arasyndaky aratapawut, gije-gündizdäki temperaturanyň üýtgäp bilýän araçäkleriniň kadalaşmagy, daşky gurşawyň temperaturasynyň 20-22$^0$C bolan ýagdaýynda rektal temperaturanyň bir derejede saklanmagy.

Çaganyň ýaşy näçe kiçi boldugyça, hasam bäbeklik döwründe beden temperaturasynyň sazlaşykly bolmagy örän gowşak, wagty ýetmedik bäbeklerde bu hadysa hasam kämilleşmedik. Şol sebäpli bäbekler daşky gurşawyň temperaturasyna baglylykda ýylylyk emele getirme we ony daşary çykarma hadysalaryny sazlaşdyryp, özleriniň hemişelik beden temperaturasyny saklap bilmeýärler. Bäbekler üçin daşky gurşawyň temperaturasynyň has ýokary ýa-da aşak bolmagy olaryň janyna deň derjede howp salyp bilýär. Bäbek dünýä inen dessine onuň rektal temperaturasy ýokary -37-38$^0$C, deň, 2-3 sagadyň dowamynda

onuň derejesi aşaklanýar (1,5-2$^0$C), sebäbi çagany gurşap alýan howanyň temperaturasy düwünçegi gurşap alýan temperaturadan has aşak (37-38$^0$C, 26-28$^0$C, degişlilikde). Bäbek daşky gurşawda biraz uýgunlaşandan soňra, onuň rektal temperaturasy ýokarlanýar. Goltugasty temperatura bäbegiň ilki sagatlarynda 37,1$^0$C -37,3$^0$C deň, 2 sagatdan soň peselýär-36,0$^0$C -35,7$^0$C, 4-5 sagada çenli 36,5$^0$C -36,6$^0$C galýar, 4-5 günlikde 36,8$^0$C -37,0$^0$C deň bolýar. Bäbekleriň ilkinji sagatlarynda beden, rektal temperaturalarynyň peselmegine bäbekleriň tranzitor gipotermiýasy diýilýär. Kähalatlada bäbekleriň 3-5 günlük ýaşlarynda beden temperaturasy ýokarlanyp bilýär – 38$^0$C -39$^0$C çenli, bu hadysa bäbekleriň tranzitor gipertermiýasy diýilýär. Tranzitor gipotermiýa, gipertermiýa ýörite bejergä mätäç däl, bäbege dogry ideg edilen ýagdaýynda (otagyň temperaturasy, çaganyň kadaly geýindirilmegi we ş.m.) bu hadysalar öz-özünden kadalaşýarlar.

Termoregulýasiýanyň çagalarda öz aýratynlyklary bar, ýagny ýylylygyň emele gelme (himiki termoregulýasiýa) we ýylylygynyň daşary çykarylma(fiziki termoregulýasiýa) hadysalary özara doly derejede sazlaşyklary işläp bilenoklar. Organizmde emele gelýän ýylylk birnäçe ýollar bilen daşary çykarylýar: geçirmek, ýaýramak, bugarmak. Ýylylygyň belli bir mukdary dem alyş ýollarynyň, täretiň, peşewiň üsti bilen çykarylýar.

Ýylylyk daşky gurşawa geçirilende ol çaganyň bedeniniň we onuň egin-eşikleriniň arasynda ýygnalýar, ýylylygyň bu ýol bilen daşa çykarylmagy çaganyň endamynda emele gelýän hemme ýylylygyň 30-35% deň bolýar. Şol sebäpli çagalara daşary gurşawyň temperaturasyna laýyk gelmeýan egin-eşikler geýdirilende (çagany üs-üstüne galyň geýindirmek, ýyly odeýalalar bilen üstüni ýapmak, gaty edip gundamak, sintetik geýimler we ş.m.) olaryň beden temperaturasy ýokarlanýar we çagalaryň organizmine ýaramaz täsir edýär. Çaganyň egin-eşikleri ýeňilleşdirilende, otagyň temperaturasy kadaly bolan ýagdaýynda, beden temperaturasy öz-özünden kadalaşýar. Çagalaryň örän ýyly geýindirilmegi dürli keseller bilen baglylykda (pnewmoniýa, enterokolit, meningit we ş.m.) beden gyzgyny ýokary galan hassalarda hasam howply (febril tutgaý, suwsuzlyk we ş.m.) ýagdaýlara getirip bilýär.

Ýylylygyň ýaýramak ýoly bilen daşary çykarylmagy çaganyň bedeninden daşrakda duran zatlary gyzdyrýar. Bedende ýylylygyň daşary çykarylmagynda deriniň damarlarynyň ähmiýeti uly bolup durýar. Sowuk howada deriniň damarlary giňelýär, deriniň reňki gyzarýar, emma tiz wagtda damarlar daralýarlar, deriniň reňki agarýar, derä akyp gelýän ganyň mukdary azalýar, netijede organizmde emele gelýän ýylylygyň deriniň üsti bilen ýitirilmegi kompensator peselýär. Yssy howada deriniň damarlary giňelýär we ýylylygyň geçirmek, ýaýratmak usullary bilen daşa çykma hadysalary güýçlenýär.

Kiçi ýaşly çagalarda, hasam bäbeklerde deriniň üsti bilen ýylylygyň ýitirilmegi ýokary derejede bolýar. Bu ýagdaý bäbeklerde deriniň meýdanynyň otnositel köplügi, onuň gan damarlaryna örän baýdygy bilen düşündirilýär. Emele gelýän ýylylygyň derejesine görä ýylylygyň daşary çykarylma hadysasy diňe çaga 5-7 ýaşa ýetenden soňra sazlaşýar.

Daşky gurşawyň temperaturasy beden temperaturasyndan ýokary bolan ýagdaýynda, ýylylyk esasanam bugarmak, ýagny derlemegiň üsti bilen daşary çykarylýar. Derlemek bilen ýylylygyň ýitirilmegi daşky howanyň çyglylygyna gönüden-göni bagly bolýar, gury howa ýylylygyň daşa bugaryp çykmasyny ýenilleşdirýär, çygly howa kynlaşdyrýar, şol sebäpli howa näçe gurak bolsa, şonçada yssy howa uýgunlaşmak ýeňil bolýar.

Çagalaryň organizminde emele gelýän ýylylygyň der bilen çykarylmagy gowşak, sebäbi der mäzleriniň işjeňligi çaganyň ýaşy diňe 5-6 aýlyk bolandan soň aktiwleşip başlaýar. Çagalaryň yssy howa şertlerinde örän ýyly geýindirilmegi, hasam olara howa geçirmeýän eşikleriň geýdirilmegi (sintetik geýimler) olaryň bedeniniň we geýimleriniň arasyndaky boşlukda çyglylygyň ýokarlanmagyna getirip, ýylylygyň daşa çykarylmagyny kynlaşdyrýar, kähalatlarda “ýylylyk urgynyň” ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Şol sebäpli kiçi ýaşly çagalarda çendenaşa ýylylygyň emele gelmesi, ýylylygyň daşa çykarylma hadysasynyň bozulmasy örän howply hasaplanylýar.

Çagalaryň ýaşyna görä optimal ýagdaýlaryň döredilmegi (otagyň temperaturasy, tämiz howasy, çaga dogry ideg edilişi we ş.m.) olaryň çendenaşa gyzmagynyň ýa-da sowamagynyň oňüni alýar. Çagalaryň termoregulýator funksiýasynyň doly differensirlenmezligi sebäpli, olary gurşap alýan howanyň temperaturasyny kada laýyk saklamaly. Ýetik bäbekler üçin otagyň temperaturasy- $25^0$C -$26^0$C, ýetmez bäbekler üçin bolsa- $30^0$C -$33^0$C deň bolmaly.

Dogum öýlerinde bäbekleriň çendenaşa sowamaklarynyň ýa-da gyzmaklarynyň öňüni almak üçin şertler döredilýär: dogum otagynyň temperaturasy $25^0$C -$26^0$C, gapyň gabadynda aýnanyň bolmazlygy, ýagny şemalyň önüniň alynmagy, dünýä inen çaga üçin ýylyja arlyklaryň, geýim-gejimleriň, bäbege äň etmek üçin ýylydylan stoluň, ýylydyjy lampalaryň bolmagy.

Çaga dünýä inenden soňra onuň saglyk ýagdaýyna dessine baha berilýär. Ýetik, sagdyn doglan çagalaryň göbek bagy kesilen dessine onuň endamy ýylyja arlyklar bilen basyşdyrylyp guradylmaly, onuň endamyny berk süpürmeli däl, dogum örtügini sypyrmaly däl, sebäbi onuň çaga üçin goraýjy funksiýasynyň bardygy häzirki döwürde doly subut edilen.Öl bolan arlygy aýyrmaly, çaganyň üstüne ýylyja täze arlyk ýapylýar, kellejigine şapka geýdirilýär we enäniň üstüne goýulýar, ýagny çaga ene bilen 1,5-2 sagadyň dowamynda “tenme-ten” gatnaşykda bolýar. Ene bilen çaganyň üsti ýylyja ýorgan bilen ýapylýar we bäbegiň göbeginiň ilkinji arassalaýyş işleri 2 sagatdan soň geçirilýär. Geçirilýän çäreler çaga bilen enäniň arasyndaky “ýylylyk zynjyrynyň” doly ýerine ýetirilmegine kömek edýär. 2 sagadyň dowamynda çaga ene göwsünden emdiirlýär, enäniň ýylyja gujagynda ýatýar, bu ýagdaý ene bilen çaganyň arasynda položitel duýgularyň, mähirli aragatnaşygyň döremegine, enäniň ýatgysynyň ýygyrlmagyna, dogumdan soňky ýüze çykýan ganakmalaryň önüni almaga ýardam edýär. Wagtyndan öň doglan çagalar üçin “ýylylyk zynjyrynyň” ähmiýeti has wajyp, bu çagalara belli bir wagta çenli ýöriteleşdirilen kýuwezlerde ideg edilýär. Ýapyk kýuwezlerde temperatura we çyglylyk belli bir derejede saklanýar (143-nji surat).



143-nji surat. Ýöriteleşdirilen kýuwezlerde wagtyndan öň doglan çagalara ideg edilişi

Çaganyň agramy artyp başlandan, daşky gurşawyň howasy 25-26 $^{0}$C deň bolanda beden temperaturasyny belli bir kadada saklap bilenden soňra, ol adaty düzgüne geçirilýär.

Ýokarda agzalan düzgünler bozulanda bäbekleriň gipo-, gipertermiýa ýagdaýlara uçramagy mümkin. Gipotermiýa bäbeklerde energiýa çalşygynyň bozulmagyna, metaboliki asidoza, ganaýlanyş, dem alyş bozulmalaryna, ýüze çykýan keselleriň agyrlaşmagyna, dürli gaýra üzülmeleriň ýüze çykmagyna ýardam edýär. Gipotermiýa bilen bilelikde gipertermiýa hem çaganyň organizmine özüniň otrisatel täsirini ýetirýär.

Dürli patologik ýagdaýlardan başgada, çaga edilýän idegiň bozulmagy, ýagny otagyň howasynyň temperaturasynyň ýokary bolmagy, çaganyň gat-gat geýindirilmegi kiçi ýaşly çagalarda, hasam bäbeklerde beden temperaturasynyň ýokarlanmagyna, dürli mikrosirkulýator bozulmalaryň, eksikozyň, damariçre ganyň lagtalanma sindromynyň ýüze çykmagyna sezewar edýär. Wagtynda çaga kömek berilmese (otagyň ýeljiridilmesi, egin – eşikleriň çykarylmasy we ş.m.) gipertermiýa "ýylylyk urgusyna" ýa-da şok ýagdaýlara getirip, ýaşaýyş üçin wajyp bolan ulgamlaryň, organlaryň işjeňliginiň bozulmagyna getirýär. Çaganyň dürli temperatur režimlerde öz durnuklylygyny saklamak ukybyny ýokarlandyrmakda taplanyş usullarynyň hemme görnüşleri çaganyň sowuk gyjyndyryjylara berýän jogabynyň kämilleşmegine gönükdirilen. Çagalar taplandyrylanda aşakdaky düzgünler doly berjaý edilmeli:

- Çaga berilýän agram minimal derejde başlanylyp, ýuwaş-ýuwaşdan güýçlendirmeli;
- Bir taplanyş usulyna çaga doly uýgunlaşmadyk ýagdaýda, beýleki usullary başlamaly däl;

- Her çaga geçirilýän taplanyş usullary indiwidual seçilip geçirilmeli;
- Bellenýän we geçirileýän taplanyş usullary çaganyň ýaşyna, onuň saglyk ýagdaýyna gabat gelmeli;
- Taplanyş usullary geçirilip gutarylandan soňra çaganyň emosional ýagdaýy gowy, beden temperaturasy kadaly bolmaly, çaga hiç wagt üşetmeli däl;
- Taplanyş usullary çaganyň akyl-huş, fiziki, motoriki taýdan kämilleşmegine položitel täsir etmeli;
- Dürli taplanyş usullary çaganyň saglyk ýagdaýyna gowy täsir etmeli, ýagny olar çaga bedeniň dürli kesellere durnuklylygyny ýokarlandyryp, olaryň az kesellemegine, kesellän ýagdaýlarynda keseliň ýeňil derejede geçmegine, dürli gaýra üzülmeleriň azalmagyna, bolmazlygyna ýardam etmeli.

Çagalaryň beden temperaturasynyň üýtgemeginiň aýratynlyklary. Çaganyň beden temperaturasynyň ýokarlanmagy (gyzdyrma, ysytma) dürli ýagdaýlarda ýüze çykýar. Dürli bakterial, wirus ýokançlarda, allergik reaksiýalarda, şikeslerde, ganöýmelerde, çiş kesellerinde organizmde emele gelýän endogen pirogen faktoralar gipotalamusda ýerleşýän ýylylygy sazlaşdyryjy merkezi gyjyndyrýarlar. Çaganyň bedeninde elmydama ýylylyk emele gelme hadysasy güýçlenýär, emma ýylylygyň daşary çykarylmasy peselýär ýa-da onuň derejesi emele gelýän ýylylygyň mukdaryndan az bolýar, netijede çaga gyzdyryp başlaýar. Ýylylyk emele gelme hadysasynda myşsa termogenezi agdyklyk eden ýagdaýynda beden gyzgynynyň ýokarlanmagy bilen bilelikde gaýşarma, sandyrama, üşetme ýüze çykýar.

Beden temperaturasynyň üýtgemegi (gipotermiýa, gipertermiýa) keseliň geçiş aýratynlyklaryna baglylykda dürli derejede, görnüşde bolup biler.

Beden temperaturasynyň ýokary galmagynyň birnäçe görnüşleri bar:

- *Monoton* – irki we giçki beden temperaturasynyň arasyndaky tapawut ujypsyz;
- *Remittirleýji* – irden çaganyň beden temperaturasy ýokary, emma öýleden soň onuň derejesi has ýokarlanýar;
- *Intermitterleýji* – irden çaganyň temperaturasy kadaly, öýleden soň ýokarlanýar;
- *Inwersli* – irden çaganyň temperaturasy ýokary, öýleden soň peselýär ýa-da kadalaşýar;
- *Gaýtalanýan* – beden temperaturasynyň ýokary galmagy, onuň derejesi kadalaşandan soňra birnäçe (24 sagatdan, birnäçe güne çenli) günden ýenede ýokarlanmagy;
- *Atipik* – beden temperaturasynyň haýsydyr bir yzygiderliligi ýok.

Beden gyzgynynyň ýokarlanmagy köplenç goraýjy häsiýete eýe, sebäbi 37,8-38$^0$C aralygynda dürli jerhitleme hadysalary bilen göreşýän faktorlaryň (interferon, lizosim, properdin, immunoglobulin we ş.m.) emele gelmesi ýokarlanýar. Köp dürli kesellerde (gripp, adenowirus, pnewmoniýa, enterokolit we

ş.m.) beden temperaturasy 38-39$^0$C ýokary galmaýar, onuň derejesi gije-gündiz kän bir tapawutlanmaýar (monoton). Gyzzyrma (malýariýa) keselinde beden gyzgyny belli bir wagtdan soň gaýtalanýar, çaga ýokary gyzdyrýar, gaýyşýar, üşedýär. Brusellýoz keselinde beden temperaturasy ir bilen köplenç kada gabat gelýär, öýländen soň ýokarlanýar.

Dürli ýokançlarda keseliň beden temperaturasynyň ýokarlanmagy bilen geçmegi, hasam çaga köp sanly beden temperaturasyny aşaklandyrýan derman serişdeleriniň (parasetamol, aspirin, analgin we ş.m.) berilmezligi çaganyň keselden tiz wagtyň içinde gutulmagyna ýardam edýär.

Kiçi ýaşly çagalaryň beden temperaturasy 37,5-38$^0$C aralykda bolanda, olara ony aşaklandyrýan derman serişdelerini ulanmak maslahat berilmeýär. Şol bir wagtyň özünde 3 ýaşa çenli çagalarda beden gyzgyny has ýokary derejelere galyp (39-40$^0$C, ondan hem ýokary), ol öz goraýjy häsiýetini ýitirýär we gipertermiýa getirip bilýär. Gipertermiýa ýagdaýynda çaganyň bedeninde ýokary derejede ýylylyk emele gelýär, emma ýylylygyň daşary çykarylmasy örän peselýär. Gipertermiýanyň özi tiz wagtyň içinde çaga organizminde madda çalşygynyň bozulmagyna, metaboliki asidoza, damariçre gan lagtalanma sindromyna, beýniniň, öýkeniň suwly çişmesine, elektrolit, turşy-aşgar balansynyň bozulmagyna, agyr derejede klonik-tonik tutgaýyň ýüze çykmagyna getirip, çaganyň ölümine sebäp bolup bilýär.

Merkezi nerw ulgamynyň kesellerinde (perinatal ensefalopatiýa, dürli şikesler, çaga merkezi ysmazy, ensefalit we ş.m.), anamnezinde febril tutgaý bolan çagalarda beden gyzgyny gatybir ýokary bolmadyk (38-38,5$^0$C) ýagdaýlarynda hem gipertermiýa ýüze çykyp bilýär, şol sebäpli dessine beden temperaturasyny peseldýän fiziki usullar we derman serişdeleri ulanylýar. Nerw ulgamynyň käbir dogabitdi (mikrosefaliýa, okklýuzion gidrosefaliýa, ingiler we ş.m.) ýa-da gazanylan kesellerinde gipotalamusda ýerleşýän termoregulýator merkeziniň işjeňligi bozulýar we beden temperaturasy hemme wagt belli bir derejede ýokarlanýar.

Dogabitdi ýokançlarda (sitomegalowirus, hlamidioz, mikoplazma, toksoplazma we ş.m.) beden gyzgyny uzak wagtlaýyn subfebril (37,2-38$^0$C) bolup, ol wagtal-wagtal ýokary derejä galýar. Beden gyzgynynyň ýokarlanmagy esasy madda çalşygyny ýokary galdyrýan kesellere (tireotoksikoz, feohromositoma we ş.m.) mahsus, emma bu ýagdaýlarda beden temperaturasy 38$^0$C ýokary galmaýar.

Somatiki taýdan sagat, emma nerw ulgamy durnuksyz (labil) çagalarda beden temperaturasynyň subfebril derejede (37,5-37,9$^0$C) ýokary galmagy mümkin. Bu çagalarda ýylylyk emele gelmesi ýokarlanmaýar, emma deridäki periferik damarlaryň tonusynyň ýokarlygy sebäpli ýylylygyň daşary çykarylmasy peselýär. Bu çagalaryň beden gyzgyny hasam fiziki işde, dürli oýunlara (futbol, ylgamak we ş.m.) gatnaşanlarynda, emosional taýdan üýtgemelerde (begenç, gynanç, gorky we ş.m.) ýokarlanýar. Dürli derman serişdeleriniň berilmegi beden temperaturasyna täsir etmeýär, bu ýagdaý çaga ulaldygyça termoregulýator

mihanizmleriň, nerw ulgamynyň morfologik taýdan kämilleşmeginiň netijesinde öz-özünden kadalaşýar.

Wagtyndan öň doglan, ýetik bolmadyk, agramy pes (gipotropfiýa), immunodefisitli çagalaryň gipotalamusdaky termoregulýator merkeziniň dürli pirogen faktorlara bolan duýujulygy pes derejede bolýar, netijede şol çagalarda ýüze çykýan dürli iriňli kesellerde (pnewmoniýa, meningit, absses, destruktiw prosesler we ş.m.) beden gyzgyny kadaly ýa-da örän pes derejede ýokary galýar.

Operasiýa wagtynda ulanylýan käbir anestetiklerden soňra ýüze çykýan howply gipertermiýa (43-44$^0$C) çagalarda seýrek duş gelýär. Bu ýagdaý myşsa öýjükleriniň membranasynyň dogabitdi ferment ýetmezçiligi (anomaliýa) bilen bagly bolup, nesil yzarlaýjy häsiýete eýedir. Beden gyzgynynyň çagalarda 42-43$^0$C ýokary galmagy ölüme sezewar edip bilýär.

Dürli kesellerde beden gyzgynynyň ýokary galmagyna ÇKBAB maksatnamasy boýunça baha berlişi 10-njy goşundyda görkezilen.

## GYZDYRMANYŇ TOPARA BÖLÜNME JETWELI

| ANYKLAŇ | TOPARLARA BÖLÜŇ | BEJERGINI ANYKLAŇ (Hassahana ugratmazdan öň geçirmeli gaýragoýulmasyz bejergi goýy şrift bilen bellenen) |
|---|---|---|
| •islendik umumy howplulyk alamaty ýa-da<br>•Ýeňse myşsalarynyň gatamagy | ÖRÄN AGYR GYZDYRMA KESELI | ***•Degişli antibakterial serişdäniň ilkinji möçberini beriň***<br>***•Gyssagly ýagdaýda hassahana iberiň***<br>***•Gyzgyny (38,5°C we ondan hem ýokary bolsa) parasetamolyň bir möçberini saglyk öýünde beriň.*** |
| •Gyzdyrma - 5 gün we ondan uzak | UZAGA ÇEKEN GYZDYRMA | ***•Ýokary gyzgyny (38,5°C we ondan hem ýokary bolsa) parasetamolyň bir möçberini saglyk öýünde beriň.***<br>•Saglyk öýüne barlaga iberiň |
| • Topara bölünme - PNEWMONIÝA<br>GANLY IÇGEÇME (DIZENTERIÝA),<br>STREPTOKOKKLY FARINGIT,<br>GULAGYŇ ÝITI ÝOKANJY | MUMKIN BOLAN BAKTERIAL ÝOKANÇ | ***•Ýokary gyzgyny (38,5°C we ondan hem ýokary bolsa) parasetamolyň bir möçberini saglyk öýünde beriň***<br>•ÇKBAB boýunça bejeriň |
| •Ýokarky görkezilen alamatlar ÝOK | GAÝRAÜZÜLME-DIK GYZDYRMA | ***•Ýokary gyzgyny (38,5°C we ondan hem ýokary bolsa) parasetamolyň bir möçberini saglyk öýünde beriň***<br>•Enä haçan yzyna gyssagly gelmelidigini düşündiriň.<br>•Eger gyzgyn saklansa dowamly gözegçilik - 2 günden |

Sagdyn çagalaryň beden gyzgyny kada-da 36,1-36,2$^0$C pesde bolmagy däl, beden gyzgynynyň 36,0$^0$C aşak bolmagyna gipotermiýa diýilýär.




144-nji surat. Adamyň bedeniniň dürli ýerleriniň temperaturasynyň derejeleri

Ýiti ýüze çykýan gipotermiýa anafilaksiýa, kollapsa, dürli şok ýagdaýlara mahsus. Beden temperaturasynyň pese düşmegi dürli agonal ýagdaýlarda, galkan şekilli, böwreküsti mäzleriň gipofunksiýasynda, dogabitdi ýürek-damar ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Häzirki döwürde dürli çylşyrymly operasiýalarda emeli gipotermiýa usuly ulanylýar, sebäbi gipotermiýa şertlerinde öýjükleriň, hasam nerw öýjükleriň kislorod ýetmezçiligine (gipoksiýa) bolan durnuklylygy ýokarlanýar. Beden temperaturasy çaganyň goltuk oýunda (36,5-36,9$^0$C) ýa-da göni içegede (rektal temperatura 37,2-37,5$^0$C) ölçenilýär. Bedeniň dürli meýdançalarynda temperaturanyň derejesi dürli-dürli bolýar (144-nji surat).

Çaganyň beden temperaturasynyň dürli üýtgeşmelerine dogry baha berilmegi kesel kesgitlemesini takyklamaga we näsaga dogry (adekwat) bejerginiň bellenmegine ýardam edýär.




**Goltuk astyna goýulyp ulanylýan simap**

**we elektron termometerler**

**Häzirki döwürde gyzgyny elektron we aýnaly termometrlerde ölçenilýär.Gyzgyny goltyk astynda, gasyk epininde, agyz boşlugynda, göni içegede ölçenilýär.Goltyk astynda, gasyk epininde, gyzgyn ölçenende termometriň simaply gyzgyn ölçenilýän epinde goýmaly,**

**Aýnaly termometr 10 minudyň dowamynda saklamaly, elektron termometrleri 5 sekundyň dowamynda saklamaly.**
Bäbeklerde köplenç bedeniň gyzgyny göni içegede ölçenilýär.Göni içegede ölçemezden ozal arassalaýjy klizma etmeli we termometri wazelin ýagyny çalyp göni içegä guýmaly. Ulanylan termometrleri dezinfeksiýa geçirip agzy ýapyk gapda symaby aşak edip saklamaly.

Çagalaryň derisini etil spirti bilen süpürlende tikenekleme emele gelmese gyzyl dermografizm diýilýär, bu ýagdaýda gyzgyn düşüriji derman serişdeleriniň haýry uly.

Kesel merkezi nerw sistemasynyň işjeňliginiň, mikrosirkulýasiýanyň , kadaly ýylylyk bölüp çykmanyň bozulmasynyň netijesinde germografizmli gipertermiýa başgaça gipertermiýa sindromy ýüze çykýar.Üşeme ýüze çykýar. Derisi solak ak, ýer reňkinde, dodagy we dyrnaklary gögümtil, eli, aýagy sowuk , aşa tahikardiýa , dem gysma, durnukly gyzdyrma ,näsagyň samramagy, tutgaý bolýar.

Bu ýagdaýda antipiretikleriň täsiri ýok ýa-da gowşak.Gyzyl dermografizmli gipertermiýada yza çekilmesiz kömegiň ediliş tertibi:

- çaganyň eşiklerini çykaryp düşekde ýatyrmaly.
- çaganyň ýatan otagyna arassa howanyň barmagyny üpjün etmeli , ýöne iki taraplaýyn şemal çalmaly däl.
- çaga köp mukdarda suwuklyk: çaý, miwe şiresi, çorba bermeli.
- gyzyl dermografizmli gipertermiýada çaganyň işdäsi peselýär, şol ýagdaýda zorluk bilen iýmitlendirmeli däl.
- Fiziki usul bilen çaganyň bedeniniň temperaturasy 30 °
  ýokary bolmadyk suw çalmaly 30 min dowamynda, suwa batyrylan çyg esgini maňlaýyna goýmaly, uly gan damarlarynyň üstinde buz goýmaly.

- Ak dermografizimli gipertermiýada tiz kömegi çagyrmaly. Tiz kömek gelýänçä edilmeli çäreler.
- Periferiki spazmy aýyrmak üçin çaga noşpa tabletkasyny ýaşyna görä dozada içirmeli.
- gyzgyn düşüriji serişdeleri bermeli porasetamol, ibuprofen ýaşyna görä dozada, analgin, aspirin bermeli däl. Eger-de çaga gaýtarýan bolsa gyzgyn düşürip sweçleri artbujak deşiginden goýbermeli.
- köp mukdarda gyzgyn suwuklyk içirmeli.
- ak dermografirmli gipertermiýada ýokarda görkezlen fiziki usullar bilen sowatmaklyk berk gadagan edilen.

  Çaganyň temperaturasyny her ýarym sagatdan ölçäp durmaly, eger-de bedeniň gyzgyny 37,5°C çenli düşen bolsa, gyzgyn düşüriji çäreleri kesmeli, soňlygy bilen temperatura öz-özünden kadalaşýar.Ak dermografizmli gipertermiýasy bolan çagany hökmany suratda lukmana görkezmeli.

  Bütün dünýä saglygy goraýyş guramasy gyzgyndüşüriji bejergini haçan temperatura 39°C ýetende başlamaly diýip maslahat berýär. Ýöne çaga özüni erbet duýsa üşetse, endamynda agyry duýsa gyzgyndüşüriji çäreleri ir başlamaly.

- Gyzgynynyň ýokarlanmagy esasanam aşakdaky ýagdaýlarda howplydyr.
- 3 aýa çenli çagalarda
- tebril tutgaý bolan çagalarda
- merkezi nerw ulgamy
- şikesli çagalarda dem alyş ulgamynyň dowamly ýetmezçiliklerinde
- nesil yzarlaýan madda çalyşygy bozulmalarynda ýagdaýda. Eger-de çaga howply topara girýän bolsa gyzgyn düşüriji çäreleriň başlanmaly ýagdaý.
- gyzyl dermografizimli gipertermiýada haçan temperatura 37,8°C
- ak dermografizimli gipertermiýaly çagalarda haçan temperatura 37 °C. bolanda.

## Dem-alyş ulgamy keselli çagalara gözegçilik we ideg etmek. Dem-alyşyň sanyny, görnüşini kesgitlemek.Dem gysmada, dem alyş togtanda lukmana çenli ilkinji kömek. “Çaga keselleriniň bütewi alynyp barlyşy” maksatnamasy boýunça näsag çagalarda dem alyş ulgamynyň bozulmalarynyň alamatlaryny kesgitlemek.

Dem-alyş synalary kesellän çagada köplenç üsgülewük, dem gysma, gögermek (sianoz), dem almanyň kynlaşmagy, burnundan şepbeşik suwuklygyň akmagy, bedende gyzgynyň ýokary galmagy, umumy ýagdaýyň agyrlaşmagy, işdäsiniň peselmegi we gakylygyň bölünip çykmagy ýaly adamatlar ýuze çykýär.

Gakylyk ulylara garanyňda çagalarda has az  bölünip çykýär, çünki kiçi çagalar köplenç gakylygy ýuwudýarlar, çaganyň ýaşy näçe kiçi boldugyça gakylyk goparmak refleksy şonçada pes ösen. Keselhana ýerleşdirlende otaglary belli bir wagtda gelýän we keselleri boýunça birmeňzeş näsag çagalar bilen doldurmaly.

Bu  öz nobatynda bölümde ýokançlaryň ýaýramagynyň öňüni almaga ýardam edýär.

Palatada howanyň temperaturasy +22+24 C we durnukly bolmaly, otagyň howasy tämiz bolmaly.Agyr keselli çagalaryň derisinde ýagyr (prolejni) döremez ýaly wagtal-wagtal çepe, saga agdaryp durmaly. Kiçijik çagalary götermeli, ýöne döş we garyn boşlugynyň doly ginelmegine päsgel bermez ýaly özüňe gaty gysmaly däl. Çaganyň düşegi oňaýly, arassa, ýyly, tämiz bolmaly. Dem almaga päsgel beräýjek (bokurlagy we döş kapasasyny gysýan) eşikleri çykarmaly. Şeýlede ünsi körpäniň derisiniň we nemli bardasynyň arassalygyna  gönükdirmelmeli. Onuň üçiň wagtly-wagtynda suwa düşürip durmaly. Iýmiti tiz sinýän, şol bir wagtyň özünde hümmetli (kaloriýaly) bolmaly. Iýmitiň düzüminde süýt, gök öňümleri, durli görnüşli şireler we ş.m. bolmaly. Körpäniň ukysyna  pasgel berip biljek zatlar (goh-galmagal, radio,telewizor we ş.m.) bolmaly däl.

## DEM-ALYŞ ÝYGYLYGYNYŇ KESGITLENILIŞI

Dem-alyş ýollarynyň kesellerinde çaganyň dem-alyşy çatlanýär,(tahipnoe) ritmi,çuňlugy,görnüşi bozulýar. Çaganyň dem-alyşynyň çaltlanmagy fiziologiki ýagdaýda, ýagny çaga tolgunanda, fiziki maşklary erine ýetirende bolup bilýär.

Çaganyň dem-alyş kadasynyň bozulmagy diňe bir dem-alyş organlary kesellän mahaly dälde, eýsemde ýurek-damar kesellerinde, gan azlylykda (anemiýada) we ş.m. dürli kesellerde ýuze çykýp bilýar.

Ondan başgala birnäçe kesellerde, ýagny koma ýagdaýynda, kelläniň içki gan basyşy ýokarlananda, ýany bolan bäbeklerde dem-alyş distress dem-alyş ýygylygy tersine seýrekleşýär (bradipnoe) käbir agyr ýagdaýlarda dem almanyň togtamagy (apnoe) ýuze çykýar.

***Dem gysmanyň görnüşleri***- Dem gysmanyň 3 görnüşi bolýar: inspirator, ekspirator, garyşyk.

Inspirator görnüşinde körpa demi almak fazasy öran kyn we dowamly bolýar. Çaganyň döş boşlugy ýokary galýar, kömekçi dem-alyş myşçalaryň dartgynlylygy artýar.

Dem gysmanyň ekspirator görnüşinde demiň çykaryş fazasy kynlaşýar we dowamly bolýar, döş boşlugy ýokary galýar, kömekçi dem alyş myşsalary dem alyşa aktiw gatnaşýar, garnyň göni myşsasy dartgyndy bolýar, dem almak kynlyk we haýallyk bilen amala aşyrylýar, köplenç dem alyş hyjjyrdyly we sykylykly bolýar.

Dem gysmanyň garyşyk görnüşinde dem-almagyň iki fazasy hem, ýagny demi almak we çykarmak kynlaşýar, ýokarda beýan edilen kliniki alamatlaryň hemmesi ýüze çykýär.

Çagada dem gysma ýuze çykan badyna şepagat uýasy derrew lukmana habar bermeli. Şol bir wagtyn özünde dem alyşy ýenilleşdirmek üçiň möhüm bolan çäreleri geçirmeli, ýagny çagany ýarym oturan ýagdaýda oturtmaly, ustündäki agyr ýorgany, dem almagyna päsgel berýän eşiklerini çykarmaly, aýnany ýa-da fortoçkany açyp içeriniň howasyn tämizlemeli we mümkinçilik bolan ýagdaýynda çyglandyrlan kislorod bermeli.

***Üsgülewük***-bu ýokary dem alyş organlaryndan, bronhlardan şepbeşik suwuklygy, gakylygy we tötänlikde düşen del jisimleri aýyrmak üçiň döreýän gorag-reflektor hadysadyr. Häsiýeti boýunça üsgülewik gury (gakylyksyz) we çygly (gakylykly) bolup biler.

Üsgülewikde ilkinji kömek-şepagat uýasy çagany arkaýyn oturtmaly, köşeşdirmeli we çaga suw bermeli.

Gakylyk bu dem-alyş ýollaryndan bölüniň çykýän patologiki suwuklykdyr. Haçanda çagada gakylyk gopsa onuň mukdaryna, şepbeşikligine, reňkine, ysyna we nemiň, iriňiň ýa-da ganyň bardygyna ýa-da ýoklugyna üns bermeli. Özüniň häsiýeti boýunça gakylyk nemli, iriňli, ganly we garyşyk bolup biler.

Oksigenoterapiýa – bu bejeriş maksady bilen çaga çyglandyrlan kislorod bermekdir. Kislorod esasanam pnewmoniýada, obstruktiw bronhitde, dem gysmada, öýken çişende, dogabitdi ýürek, öýken-bronh kemisliginde (poroklarda), beden zährelenende berilýär. Kislorod ýoriterlişdirlen kislorod ýassyklaryň, burun kateterleriniň kömegi bilen berilýär. Kislorod berilen wagtynda dem alyş ýollarynda emele gelýän ýakymsyz duýgulary aýyrmak maksady bilen düýjylygy ýokary bolan (refleksogen) zonalaryň gyjynmagyny azaltmak üçiň aşaky burun kanalyna agyryny aýyrjy dermanlary (5% nowokain ergininiň 5-10 damjasyny) damdyrmaly.

Eger-de kislorody haýsydyr bir sebäbe görä kateterin kömegi bilen berip bolmadyk ýagdaýynda maskanyň kömegi bilen bermek bolýär. Her usulyň özine ýeterlik ýetmezçilikleri bar: egerde kislorod maskanyň kömegi bilen berilse, maskanyň aşak ýanynda çyglylygy ýokary bolan mikroklimat döreýär, bu bolsa çaga ýaramaz tasir edýär, şeýlede örtügün gyralary derini gyjyndyrýar.

## DEM ALYŞ TOGTANDA ILKINJI LUKMANA ÇENLI KÖMEK.

Bu ýagdaýda çaga emeli usul bilen dem bermeli.Emeli dembermegiň iki görnüşi –“agyzdan-agza” we “agyzdan-burna usullary peýdalynylýar.

Bu usullaryň ýerine ýetrlişi: çagany haýsam bolsa bir düşeksiz, ýassyksyz gaty ýerde ýatyrmaly, kellesi arkanlygyna gaýşar ýaly egniniň aşagyna kiçiräk (10-15 sm) beýiklikde ýassyk ýa-da walik goýmaly. Aşaky äňi öňe we aşak tarap çekmeli. Emeli dem bermezden öňürti ýokary dem alyş ýollaryny arassalamaly. Egerde dem alyş ýollarynda haýsam bolsa bir del zatlar ýa-da gaýtarma massasy bolsa tamponyň ýa-da elektrosorjynyň kömegi bilen aýyrmaly.

Näsagyň aşaky äňini aşak çekip agzyny açmaly we agzyna bir näçe gatdan ybarat bolan örtügi goýmaly,egerde marli ýok bolsa elýaglykýa-dahaýsambolsa bir ýuka mata bölegi bilen ýapmaly. Emeli dem berýän adam ulydan dem alyp, döş kapasasyny howa bilen doldyryp çaganyň agzyna üflemeli. Kiçi ýaşly çagalara howany çenden aşa köp göýbermeli däl, sebäbi bronhlaryň, öýkeniň we plewranyň ýyrtylrmagy mümkiň. Emeli dem bermäniň dogry geçrilýändigine göz ýetirmek üçiň çaganyň döş kapasasyna seretmeli, egerde usul dogry

geçirlinde dem berlen wagty döş kapasasy ýokary galýär, son aşak düşýär. Emeli dem bermäni çaganyň dem alyşy doly kadalaşýança dowam etmeli.

***GAKYLYGYŇ BARLAGA ALNYŞY:*** Gakylyk barlaga düzüminde haýsy-da bolsa bir kesel dörediji bedenjikleriň, şol sanda inçe kesel dörediji-leriň (Kohyň taýajyklaryny) bardygyny we olaryň haýsy antibiotige düýgurdygyny takyklamak üçiň geçirilýär. Gakylyk ýorite usul bilen arassalanan (sterillenen) agzy ýapyk gaplara ýygnalýär. Kiçi ýaşly çagalarda gakylygy onuň üsgüren mahaly almaga synanyşmaly. Egerde üsgülewük bolmasa şpatel bilen çaganyň agzyny açyp diliniň düýbüni gyjyndyrmaly. Bu bolsa üsgülewügüň döremegine we gakylygyn gopmagyna ýardam edýär, sol gakylygy arassa pamyk bilen almaly we steril gaba salmaly. Kiçi ýaşly çagalarda gakylygy almak mümkiň bolmadyk ýagdaýynda ol elektrosoryjynyň kömegi bilen alynýar. Merkezi keselhanalaryň ýoriteleşdirilen bölümlerinde gakylygy bronhoskopiýanyň kömegi bilen almak bolýar.

***BURUN WE AGYZ BOŞLYGYNDAN ÇYRŞAGYŇ ( MAZOGYN) ALNYŞY:***angina, faringit, rinit ýaly ýokary dem-alyş organlaryn kesellerinde ol keselleri dörediji-leriň görnüşlerini we olaryn haýsy antibiotige düýgurdygyny bilmek üçin burun we agyz boşluklaryndan barlaga çyrşak (mazok) alynýar. Munuň üçin arassa we steril tampony haýsydyr bir arassa taýajyga saramaly. Kiçi ýaşly çagalardan çyrşak (mazok iki bolup alynýar.Kömekçi (köplenç çaganyň ejesi) çagany dyzynyň üstünde oturtýar we onuň aýaklaryny öz aýaklarynyň arasynda berk gysyp saklaýar, bir eli bilen çaganyň ellerini we döşüni tutýar, beýleki eli bilen bolsa manglaýyndan tutýar. Şepagat uýasy tampony probirkadan çykaryp sag elinde saklaýar, beýleki eli bilen çaganyň burnunyň ujyny ýokaryk galdyrmaly, soň elindäki tampon bilen burnun nemli bardasyny ýapyp duran şepbeşik suwuklygy almaly. Dürli tamponlar bilen çyrşygy ilki bilen burunyň bir deşiginden, soňra bolsa beýleki deşiginden almaly.

Edil şonuň ýalyda mazok badam şekilli mäzlerden (mindalinalardan) hem alynýar. Onuň üçiň şpatel bilen dilin düýbine basmaly hem tampon bilen sürtüp bar bolan ak örtügi, egerde bolmadyk ýagdaýynda bolsa şepbeşik suwuklygy almaly. Soň tampony ýorite probirkalara salmaly, çaganyň familiýasy, ady, ýaşy kesel kesgitlemesi ýazylan ugradyjy hat bilen laboratoriýa ugratmaly.

Uly ýaşly çagalarda mazogy kömekçisiz hem almak bolýar. Onuň üçin çagany yagty düşýan ýerde oturtmaly.Ýokarda bellenilşi ýaly ilki bada mazogy burnundan almaly,soň haýyş edip çaganyň agzyny açdyrmaly. Çep eliňde steril pagtajykly taýarjygy tutup durmaly, sag eliňdäki şpatel bilen bolsa diliň düýbüne basmaly, son çep elindäki steril pagtajykly taýarjygyň kömegi bilen mindalinalardan mazok almaly. Alnan mazoklary guramanka laboratoriýa ibermeli.

***ÇAGADA GANLY GAKYLYK GOPANDA WE ÖÝKEN GAN AKMASYNDA ILKINJI LUKMANA ÇENLI KÖMEK.***

Öýken gan akmasy bu öýkende gan damarlarynyň ýarylmagy netijesinde dem-alyş ýollarynda ganyň köp mukdarda peýda bolmagydyr.Ganly gakylyk – bu dem-alyş ýollarynda ganyň az mukdarda gakylyk bilen bile gelmegi.

***Ilkinji lukmana çenli kömek :***

1. Ilki bilen çaganyň töweriginde arkaýyn atmosferanyň bolmagyny gazanmaly, çagany ýatyrmaly, egerde ýagdaýy bolsa oturtmaly.
2. Ellerine, aýaklaryna jgut goýmaly, jguty çatryk görnüşinde, ýagny ilki bilen çep egnine we sag buduna, 20-30 minut geçenden soň bolsa tersine, sag egnine we çep buduna goýmaly. Eger jgut şeýle usul bilen daňylsa bedende ähli gan täzeden bölunýär, ýagny ganyň köp mukdary uly gan aýlanşyga tarap akýar, kiçi gan aýlanşykda bolsa örän az mukdarda galýär. Bu bolsa öýkenden gan akmanyň kesilmegine ýa-da azalmagyna getirýär.
3. Egerde gan çaganyň ýokary dem-alyş organlaryndan akýan bolsa, onda çagany mumkiň boldugyça basym köşeşdirmeli, sebäbi çaga häçe köp agladygyça şonçada kekirdewüge agram köp düşüp, ganyň hasam köp akmagyna getirýär. Egerde gan burnundan akýan bolsa onda körpäniň burnuna adrenalin, kalsiý hlorid dermanlaryna batyrlan kiçiräk tamponlary goýmaly. Hiç wagt çaganyň kellesini yza gaýşartmaly däl, çünki akýan gan bokurdagyň yzky diwarlaryny gyjyndyryp çagada gaýtarma döredýär. Dem-alyş ýollarynyň islendik organlaryndan gan akanda derman serişdeleri (disinon erginini, 1% wikasol erginini) lukmanyň görkezmesi boýunça bedene goýbermeli.

# Ýürek-damar ulgamy kesellän çagalara gözegçilik we ideg etmek. Pulsy, arterial gan basyşyny anyklamak. Ýurek-damar ulgamynyň ýetmezçiliginde ýüze çykýan agyr ýagdaýlarda (huş ýitirmek, kollaps, şok, ýürek urgysy togtanda) ilkinji lukmana çenli kömek “Çaga keselleriniň bütewi alynyp barlyşy”,maksatnamasy boýunça näsag çagalarda ýürek-damar ulgamynyň bozulmalarynyň alamatlaryny kesgitlemek.

Ýurek-damar ulgamy kesellände çagalarda aşakdaky alamatlar ýuze çykýar: döş kapasasynda, köplenç çep tarapynda agyrynyň döremegi, deminiň gysylmagy, ýurek urşynyň çaltlanmagy (tahikardiýa) ýa-da seýreklemegi (bradikardiýa) deriniň we nemli bardalaryň gögermegi, agarmagy, bedende, esasanam aýaklarda çişiň döremegi, üsgülewük, ganly gakylygyň gopmagy, kelle agyry, başyň aýlanmagy we ş,m.

Ýurek-damar keselleri agyr geçýändigi zerarly dogry we doly ideg edilmegi örän möhumder. Bu ýagdaýda şepagat uýasynyň roly örän ulydyr.Ideg etmegiň esasy meseleleriniň biride ýuregiň işini ýeňilleşdirmek. Onuň üçiň körpä doly fiziki arkaýynlygy üpjüň etmek zerurdyr. Şonuň üçinde şepagat üýasy bu kesellileriň ýerinden turmazlygyna, kiçi we uly täretleriniň düşeginde bolmagyna gözegçilik etmeli. Munuň üçiň kiçi we uly täretleri etmek üçiň ulanylýan ýörite peşew kabul ediji, sudna (uly täret üçin ýorite gap) diýip atlandyrylýan gaby çaga düşekde bermeli.Kesellä düşekde amatly ýagdaýy döremetli, ýagny ýarym oturan ýagdaýynda bolmaly. Munuň üçiň keselli çaganyň kellesiniň aşagyna,arkasyna ýassyk goýmaly. Egerde ýagdaýy gowy bolsa çagany krowatda ýa-da kurside aýagyny salladyp oturtmaly, aýagynyň aşagyna oturgyç (taburetka) goýmaly. Köp ýatmanyň netijesinde deride gan aýlaşygyňy bozulýandygy sebäpli emele gelýan ýagyr (proležni) ýaranyň döremezligi üçiň çagany aram-aram eýlesine-beýlesine agdaryp durmaly, hemde bedeniň düşek bilen köp galtaşýan ýerlerine (eňse, pilçe, ýanbaş, daban) içi elli rezin aýlawy goýmaly. Şeýlede ol ýerleri günüň dowamynda ýygy-ýygydan ýarym spirt (arak), kamfora spirti bilen süpürip durmaly.Çaganyň düşeginde ýygyrdyň, kiçi predmetleriň (nan owuntyklarynyň, şarikleryň, tomponlaryň we ş.m.) bolmazlygyna üns bermeli.

Bu çagalaryn dersine ideg örän ýokary derejede bolmaly, sebäbi endamda çiş dörände deri inçelýär, guraýar, we ýaryklar basym emele gelýär, hem-de kesel dörediji bedenjikleriň döremegi, köpelmegi we işjeňliginiň artmagy üçiň amatly ýagdaýyn döremegine getirýär. Egerde körpäniň özüniň irden tyryp ýuwunmaga ýagdaýy bolmasa çaganyň ellerini, ýüzini ýuwundyrmaly.

Ýagdaýynyň agyrlygy sebäpi suwa düşürmek mumkinçiligi ýok bolsa, endamyny mylaýym suwa batyrlan el süpürgijiň (polotensanyň) kömegi bilen süpürmeli.

Şepagat uýasy kesselliniň uly täretiniň wagtly – wagtynda bolup durmagyna gözegçilik etmeli, egerde täret özbaşdak bolmasa oňda arassalaýjy klizman kömegi bilen täretiň bolmagyny gazanmaly.

Ýurek-damar kesellerinde iýmitiň dogry guralmagy we onuň ýeterlik bolmagy örän möhumdir.Iýmiti az mukdarda, ýygy-ýygydan bermeli, birbada iýmit köp mukdarda berilse dolan aşgazan diafragmany ýokaryk galdyrýar we ýuregiň işini kynlaşdyrýar. Iýmitiň düzüminde esasanam peşewiň bölünip çykmagyna ýardam edýän iýmitler bolmaly. Şonuň ýalyda suwuklygyň, nahar duzynyň we belogyň mumkin boldygyça az bolmagy zerurdyr.

Çaga adatça № 10, berhiz naharlary bellenýar. Ondan başgada iýmit çäklendirilen günler geçirmeli, ýagny şol günler çaga gök, miwe önümleri, süýt önümleri ýaly eňil sinýäň naharlar berilmeli. Düzüminde belogy az saklaýan iýmitler örän az wagtlap bellenmelidir, uzak wagtlap az belok almak çaga ýaramaz täsir edýär. Iýmit günuň dowamynda az-azdan, 5-6 gezek berilmeli. Iň soňky iýmit agşamky ukynyň azyndan 3 sagat öň ýanynda berilmeli. Ýurek-damar kesellileriniň naharynyň düzüminde etiň ýagsyz görnüşi, süýjilik köp bolan önümler (miwe şireleri, şeker önümleri), ir-iýmişler agdyklyk etmeli. Näsagyň ukysy rahat bolmaly,onuň üçiň kesselliniň amatly ýagdaýda ýatmagyna gözegçilik etmeli. Egerde körpede ukysyzlyk bolsa oňda lukmanyň bellemegi boýunça uky dermanlaryny bermeli.

***PULSYŇ HASAPLANYŞ USULY WE ONUŇ HÄSIÝETINIŇ KESGITLENILIŞI.***

Ýurek-damar synalarynyň ýagdaýyny kesgitleýän esasy görkezijileriň biride-pulsdyr. Puls ýüregiň çep garynjygyndan belli bir basyş arkaly ganyň aorta, soň bolsa çetki arteriýa gan damarlaryna zyňylmagyň netijesinde döreýär.Pulsy derä ýakyn ýerleşen gan damarlarynda düýmak örän ýeňil bolýar. Ony esasanam goşar gan damarlarynda kesgitlenilýar. Ondan başgada pulsy derä ýakyn ýerleşen çekge uky, but, dyz asty, topuk gan damarlarynda kesgitlemek bolýar. Puls kesgitlenilende onuň ýygylygyna, ritmine, dartgynlylygyna, dolylygyna baha berilýär. Pulsyň ýygylygy kadada uly adamlarda bir minutda 60-80 urgy bolýar. Çagalarda pulsyň ýygylygy ýaşyna baglykda dürli bolýar. Çaga näçe kiçi bolsa, pulsy şonçada ýygy bolýar.

***ÇAGALARDA PULSYN ÝYGYLYGY.***

| ÝAŞY | PULSYŇ ÝYGYLYGY |
|---|---|
| Täze dogunan çagalar | 140-160 |

| | |
|---|---|
| 6 aý | 130-135 |
| 1 ýaş | 120-125 |
| 2 ýaş | 110-115 |
| 3 ýaş | 105-110 |
| 4 ýaş | 100-105 |
| 5-7 ýaş | 100 – 95 |
| 7-10 ýaş | 85-90 |
| 10-14 ýaş | 60-80 |

Birnäçe kesellerde ýurekdäki çep garynjygyn hemme ýygrymasy çetki damarlara puls görnüşinde ýetmeýär. Şolar ýaly ýagdaýda ýurek ýygrylmasynyň sany fonendoskopyň kömegi bilen ýurek depejiginiň üstünde kesgitlenilýär.Ýurek ýygrymalarynyň we pulsyň arasyndaky aratapawuda puls defisiti (ýetmezçiligi) diýilýär. Pulsyň ýokary ýygylykda bolmagyna tähikardiýa, seýrek bolmagyna bolsa-bradikardiýa diýilýär. Puls kadada sazlaşykly(ritmli) bolýär. Pulsyň ritminiň bozulmagy köplenç ýurek-damar, dem-alyş ulgamynyň kesellerinde hem-de bu ulgamlar bilen bagly bolmadyk dürli keselleriň agyr görnüşlerinde ýuze çykyp biler. Pulsyň dartgynlygy we dolylygyny gan damarlarynyň diwarlarynyň oňy barlaýan barmaklara görkezýän garşylygy bilen kesgitlenilýär. Puls dartgynlylygy we dolylygy boýunça gowşak, ortaça we güýçli bolup bilýär.

***ARTERIÝAL GAN BASYŞYNYŇ ÖLÇENILIŞI.***

Arteriýa gan basyşyny kesgitlemek profilaktiki, şonuň ýalyda keselhanalarda geçirilýän barlaglaryň esasylarynyň biridir. Arteriýa gan basyşyny mumkin boldugyça günüň belli bir wagtynda kesgitläp durmaly. Gan basyş kesgitlemezden önürti çaga 30 minudyň dowamynda doly dynjyny almalydyr.Egerde gan basyş ilkinji gezek ölçelýän bolsa oňda çaganyň iki elinde yzly-yzyna 3 gezek ölçemeli. Arterial gan basyşy tonometr ýa-da Riwa-Roçinyň apparaty diýip atlandyrylýan abzalyn kömegi bilen ölçelýär. Bu abzal 3 bölümden - manometrden, manjetden we manjeta howa salmak üçiň ulanylýan armyt şekilli rezin balonjykdan ybaratdyr.

Gan basyşynyň ölçenilişi: gan basyş köplenç çigiň arteriýasynda ölçelýär. Manjety, tirsek bogunynyň ýokary ýanyna ýagny çiginine goýmaly. Manjeta bilen çiginiň arasynda 1-2 barmak sygyr ýaly aralyk bolmaly. Çaganyň elini arkaýyn, dartgynsyz durar ýaly edip goýmaly. Manjetany monometr bilen rezin turbajyklaryň kömegi arkaly birleşdirmeli.

Soňra fonendoskopyň kömegi bilen çigiň arteriýasynda pulsy kesgitlemeli we rezin balonjygyň kömegi bilen puls ýitýätnçä manjety howadan doldurmaly, puls ýitenden soň hem simap sütüni 20-30 mm. ýokary derejä galýança howa gysmany dowam etmeli.

Sonundan ýuwaşlyk bilen howany çykyryp çigiň arteriýasynda pulsyň haçan peýda bolýandygyna gözegçilik etmeli. Ilkinji puls urgysy peýda bolan wagty simap sütüniň haýsy sanyň denindegine seretmeli. Şol san gan basyşyň ýokary,ýagny maksimal (sistoliki) gan basyş derejesi bolýar. Edil şonuň ýalyda pulsyň ýiten wagty simap sutunjiginiň haýsy sanyň deňindegine seretmeli. Ol san bolsa gan basyşynyň pes derejesi ,ýagny minimal (diastoliki) arteriýa gan basyşy bolýar.

Maksimal gan basyşynyň kadada bolmalysy ýörite formulanyň kömegi bilen hasaplanylýar: bir ýaşa çenli çaganyň maksimal gan basyşy şu formula bilen kesgitlenilýär: 76+2xn: bu ýerde 76 (sistoliki)-täze dogulan çagynyň gan basyşy; n-çaganyň ýaşy (aýda).Bir ýaşdan uly çagalarda maksimal arteriýa gan basyşy A.M.Woronsowyň formulasy bilen kesgitlenilýär: 90+2xn; n-çaganyň ýaşy: 90-hemimeşillik san. Mnimal arteriýa gan basyşy maksimal gan basyşynyň ýarysyna, ýa-da 2-3 bölegine deň bolýar.

Ýurek-damar keselleriniň esasy mehanizmleriniň (patogeneziniň) biride bedende suw çalşygynyň bozulmagydyr. Suw çalşygynyň bozulmagy bedende çişiň ýuze çykmagy, deriniň gury bolmagy ýaly alamatlar bilen häsiýetlenilýar. Emma kämahallar ýokarda agzalyp göçilen alamatlar bedende aýdyn ýuze çykmaýar, ýagny bedende suw çalşygynyň bozulandyny ýorite barlaglaryň usti bilen kesgitlemeli bolýar.

Bedende suw balansynyň (denagramlygynyň) kesgitlenilişi: Kesselliniň 1 gije – gündiziň dowamynda içýän suwuklygynyň (iýmit usti bilen, içýän suwuklygy – çaý, kompot, kisel we ş.m.) we 1 gije – gündiziň dowamyndaky bölüp çykarýan peşewiniň mukdary (sutkadaky diurez) kesgitlenilýär .Kadada bedene goýberilen ähli suwuklygyň 70-80% siýdik görnüşinde peşew ýollary bilen bölünip çykmaly. Galan bölegi bolsa deri üsti, dem-alyş ýollary, täret bilen bölünip çykýar. Belli bir bölegi bolsa bedende madda çalşygyna gatnaşmak üçiň sarp edilýär.

Howanyň yssy mahallary deri üsti bilen bölünip çykýan suwuklygyň mukdary köpelip, peşew ýollary bilen bölünip cykýan suwuklygynyň mukdary bolsa azalýar.Bedende gizlin çişiň bardygyny günde çaganyň agramyny kesgitlemek bilen hem bilmek bolýar. Gündelik agramy ýokary derejede artsa bedende gizlin çişiň bardygyna şaýatlyk edýar.Egerde bedende gizlin çişi

ýokardaky usullar bilen kesgitläp bolmasa,oňda onuň barlygyny Mak-Klýuri-Oldriçiň probasy diýilip atlandyrylýan barlag usulynyň kömegi bilen kesgitlenilýär.

Bedene insulin şprisiň kömegi bilen 0,9% natriý hlorid ergininiň 0,2% ml mukdaryny bilegiň iç ýuzine deriň aşagyna goýbermeli, şol ýerde uly bolmadyk çiş emele gelýar. Kadada emele gelen çiş 5 ýaşa çenli çagalarda 20-30 minudyň, 6-13 ýaş aralygyndaky çagalarda 40-60 minudyň dowamynda ýitmeli.

Egerde emele gelen çiş görkezilen wagtlardan ir ýitse näsagyň bedeninde gizlin çişiň bardygyna şaýatlyk edýär.

***ÝUREK-DAMAR ÝETMEZÇILIGINIŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERINDE BERILMELI ILKINJI MEDISINA KÖMEGI.***

***Çaşmak (obmorok)***-dürli ýagdaýlarda, kesellerde kelle beýnisinde ganda kislorodyň ýetmezçiligi (gipoksiýa) netijesinde döreýan damar etmezçiliginiň eňil görnüşi. Bu patologiki ýagdaý köplenç wegetatiw nerw sistemasy durnyksyz bolan ýagdaýynda, esasanam gyzlaryň jynsy ösüş döwründe köp duş gelýär. Sebäpleri gaty ýadamak, uzak wagtlap ýatan (gorizontal) ýagdaýda bolup birden dik (wertikal) ýagdaýa geçmek, dymyk, yssy ýerlerde (otagda, ulaglarda we ş.m.) dowamly bolmak we ş.m.

Ýuze çykýan alamatlar (klinikasy) –baş aýlanmak, ýurek bulanmak, käwagtlar bolsa gusmak, umumy gowşaklyk, gözüniň önüniň az wagtlyk garaňkyramagy, gysga wagtlaýyn huşuny ýitirýär. Şonda çaganyü gözleri süzülýär, ýagtylygy duýmaýar, göz reflekslary ýitýär. Pulsy, dem alyşy gowşak, derisi bolsa solak, ak reňkde bolýär, elleriniň, aýaklarynyň uçlary sowaýar, titreýär. Bedende sowuk der emele gelýär, gan basyşy peselýär, myşsalaryň tonusy gowşaýar, ýurek urgusy peselýar. Bu patologiki ýagdaý adatça 2-3 minut dowam edýar.

Lukmana çenli ilkinji kömek-çagany kese (gorizontal) ýagdaýda ýatyrmaly, aýaklaryny biraz ýokarrak galdyrmaly, bokurdagyny, döşüni gysýan eşiklerden boşatmaly, otagyn howasyny arassalamaly, ýüzine we döşüne sowuk suw sepmeli, ýaňagyna eliň aýasy bilen çalaja urmaly, naşatyr spirtiniň ýa-da sirke turşysynyň erginini ysgatmaly.

Çaga özüne gelenden soň gyzgyn çaý bermeli. Egerde çaşmak (obmorok) uzak wagtlap dowam etse ýurek-damar sistemasyny gyjyndyrmak we damar dartgynlylygyny ýokarlandyrmak üçiň kofein, kordiamin ýaly derman serişdelerini goýbermeli.

***Kollaps***-bu ýiti damar ýetmezçiliginiň agyr görnüşleriniň biridir. Bu patologiki hadysa köplenç gan ýitirmelerde, ýiti ýokanç kesellerinde (iç geçmede), difteriýada, garahassada, şonuň ýalyda bir döwürden beýleki döwüre geçilinde, krizisde döräp bilýär.Kollapsyň esasy mehanizmi (patogenezi)-gan akmanyň, dürli kesellerde ýuze çykýan eksikozyň agyr derejeleriniň, endo-,ekzogen zäherleriň damarlary zaýalamagynyň netijesinde bolup geçýar.

***Ýuze çykýan alamatlar (klinikasy)*** – kesellide ysgynsyzlyk peýda bolýar, derisi agarýar, gök öwüşgin emele gelýar, derisi käte mermer reňke geçýar. Nemli bardalary hem gögerýär, bedeniň gyzgyny kadadan pese düşýär. El- aýaklarynyň

uçlary sowaýar, gözi içine gidýär, endamynda sowuk der emele gelýär, pulsy seýrek we gowşak bolýär, dem alyşy çaltlanýar, ýuzleý bolýar, gan basyşy peselýär. Çaga ilki bada birahat, şonundan gowşak bolýar, toweregindäki hadysalara üns bermeýärler, mejalsyz, az hereketli bolýar. Çaga köplenç huşyny ýitirýär,ýone käte özüni bilýär, ýagny huşy saklanýar.

***Lukmana çenli ilkinji kömek:*** lukman gelýänçe näsagy gorizontal ýagdaýda, aýaklaryny biraz ýokarrak edip ýatyrmaly, dürli usullar bilen çagany ýylytmaly (bedeni ýyly dolamaly, grelkalar goýlmaly), dessine lukmana habar bermeli.

***Şok***-bu bedeniň agzalarynyň, nerw-ulgamynyň, madda çalşygynyň ähli görnüşleriniň bozulmagynyň netijesinde durmuş üçin wajyp bolan organlaryň işjeňliginiň örän pese düşmegidir. Bu çaga ölüm howpyny salýan ýagdaýdyr.Egerde bu patologiki hadysa ýurek keselleriniň netijesinde dörese ýurek-myşsalaryň ýygrylyş ukyby, damar dartgynlylygy peselýär, umumy we çetki gan aýlanşygynyň arasyndaky adaty aragatnaşyk bozulýar. Ýuregiň damara cykarýan ganynyň mukdary, netijede bolsa gan basyşy peselýär.

Ýuze çykýan alamatlar (klinikasy): uly ýaşly çagalarda döş kapasasynda agyry emele gelýar, ol agyry arka, egine ýaýraýar, kesselliniň ýagdaýy barha agyrlaşýär, solgunlylyk, gögermek alamtlary ýuze çykýar, dem alyşy ýüzleý bolýar, elleriniň,aýaklarynyň uçlary sowaýar, gan basyşy peselýär çaganyň aňy ýitýär.

***Ilkinji lukmana çenli kömek:*** kesselini düşekde aýagyny ýokaryk edip ýatyrmaly, ellerine, aýaklaryna içi gyzgyn suwly tulum (grelka) goýmaly. Ýygy-ýygdan gan basyşyny ölçäp durmaly egerde pes bolsa gan damarlarynyň dartgynlygyny ýokary galdyrýan dermanlar bolan mezaton, adrenalin, noradrenalin ýaly dermanlary bedene göýbermeli. Dem-alyş bozulanda kislorod bermeli. Ýurek urmasy togtanda ilkinji kömek-ýurek urmasy togtanda çaganyň dem almasy hem kesilýär, derisiniň renki göm-gök (sianoz) bolýar. Bu ýagdaýda şepagat uýasy örän tiz hereket etmeli. Egerde ýurek işlemesi kesilenden soň ilkinji 5-6 minydyň dowamynda ilkinji gyssagly lukmana çenli kömeg berilmese, onda çagada kliniki ölüm biologiki ölüm diýilýän hadysa geçýar, ýagny kelle beýnisinde düzetmesi mümkin däl bolan üýtgeşmeler bolup geçýär.

***Ilkinji lukmana çenli kömegiň berlişi:***

1. Kesellini tekiz ýerde arkanlygyna ýatyrmaly, kellesini arkan gaýyşdyrmaly, dem alyş ýollaryny arassalamaly.
2. Ýurek urmasynyň togtan wagty ilkinji medisina kömegiň görkezilip başlan wagty bellenmeli.
3. Kömek berýanleriň sany 2 bolsa biri emeli usul bilen dem berip başlamaly, beýlekesi bolsa ýuregi göni däl massaž etmeli. Onuň üçiň bir eliň aýasyny döş sunkiniň aşaky böleginiň üstüne goýmaly, beýleki eliňi önki goýan eliň arka tarapyndan goýmaly, hemde döş kapasasyna sazlaşykly basyp başlamaly. Döşe basylanda döş kapasasynyň maýyşgaklygyny göz öňünde tutmaly. Her gezekki

basyş ýuregi oňurga 4-6 sm ýakynlaşdyrmalydyr. Basyşyň sany çaganyň ýaşyna görä ýurek ýygrysynyň sanyna gabat gelmeli. Basyşyň arasynda ýuregiň gan akyşy gowulaşar ýaly eliňi döş kapasasyndan aýyrmaly. Gapyrganyň döwülmezligi üçiň hiç wagt döş kapasasynyň gapdalyna basmaly däldir. Ýaňy bolan bäbeklerde we emýän çagalarda göni däl massaž başam ýa-da süýem barmagyň kömegi bilen edilýar. Döş kapasasyna her gezek basaňda uky arteriýasynda pulsyň döremegi zerurdyr.Göni däl massažda ýurek döş kapasasy bilen oňürganyň arasynda gysylyp, çep garynjykdan bölünip çykýan gan uly gan aýlanşygyna, ondan bolsa beýnä we durmuş üçiň wajyp bolan beýleki organlara,şol sanda ýuregi iýmitlendirýan (koronar) gan damarlaryna hem barýar. Sag garynjykdaky gan bolsa kiçi gan aýlanşygyň üsti bilen öýkene barýar. Şol ýerde belli bir derejede kislorod bilen baýlaşyp, ýurek gysylanda çep garynjyga gaýdyp gelýär Näsaga bir emeli dem berlendeň soňra göni däl massažda döş kapasasyna 3-4 gezek basmaly. Emeli dem bermek we göni däl massaž çaganyň özbaşdak dem alyşy we ýurek urgysy dikelýänçä dowam edilmelidir.

# Iýmit siňdiriş ulgamy kesellän çagalara gözegçilik we ideg edilişi. Aşgazanyň ýuwulyşy, zondlaryň ulanylyşy, klizmanyň dürli görnüşleri we olaryň ýerine ýetirilişi. “Çaga kesellerininiň bütewi alynyp barlyşy”,maksatnamasy boýunça näsag çagalarda iýmit siňdiriş ulgamynyň bozulmalarynyň alamatlaryny kesgitlemek.

**Talybyň başarmaly zatlary:**Aşgazan-içege ulgamynyň bozulmalarynda çagalara dogry ideg etmäni, aşgazana zond goýbermegiň usuly,çagalara gaýtarmada ilkinji lukmana çenli kömegi bermegi, gaýtarma massasyny barlaga ýygnamaklygy, dürli klizmalary ýerine ýetirmegi, aşgazan – içege ýolundan gan akanda ilkinji lukmana çenli kömegi bermegi.

***Ideg edilişi:***Aşgazan-içege kesellerininiň esasy bejeriş şertleriniň biri bejeriş iýmit düzgüni (berhizi) dogry guramaçylykly goýulmagy, we agyz boşlugyna doly ideg edilmegidir.Her nahardaň öň, soň şepagat uýasy kesellininiň agzyny çaýkamalydygyna hökman gözeglilik etmelidir. Eger näsagyň ýagdaýy muňa mumkinçilik bermeýan bolsa onda şepagat uýasynyň özi onuň agzyny arassa gaýnadylyp sowadylan suw bilen ýuwmalydyr. Ýokary azy dişleri süpürlende syrkawyň dulugyny şpatel bilen gyra süýşyrilýar. Berk düşek rejiminde ýatan näsagy ýatan ýerinde kellesini, ýagny krowatyn baş tarapyny birazrak ýokaryk galdyryp, bokurdagyna we döşüne ýaglyk ýapyp pipetka ýa-da çemçe bilen az mukdarda naharlandyrylýar. Suwuk iýmiti ýörite abzalyň (poilnik) kömegi bilen bermeli. Ol ýa-da beýleki gaýra üzülmeler döräp biläýjek näsaglara şepagat uýasy berk gözegçilik edip durmaly. Eger aşgazan keselinde birden gaýtarmaklyk “goýy kofe çökündisi” görnüşinde ýa-da “gara ýag ýaly meýdany”peýda bolsa bu gaýra üzülmeleriň dörändigini tassyklaýar. Şepagat uýasy bu ýagdaý barada derrew lukmana habar bermeli, özi bolsa lukman gelýänçe, näsagy rahat ýagdaýda ýatyryp, kellesini galdyrýar, hereket etmekligi, gepleşmegi we nahar iýmegi, suw içmegi gadagan edýär, sepirjigine (epigastral bölegine) bolsa buzly haltajak goýup näsagyn ýagdaýy gowulanýança ýanyndan aýrylmaýar. Şepagat uýasyna näsagyň diagnozyny bilmezden onuň garnyna grelka goýmak bolmaýar.

Täretini saklap bilmezlikden ejir çekýän agyr keselliler ýuwundyrlyp, düşeginiň we eşiginiň arassalygyna gözegçilik edilip durulýar. Ýurek bulanma diýlip – sepirjikde agyrylyk duýlup, tuýkuligiň gelmegine, gowşaklyga we ýüziň agarmagyna aýdylýar.

***Ýurek bulanma*** köplenç gaýtarmanyň öňünden döreýän duýgudyr.

Gaýtarma-bu reflektor hadysa bolup, munda aşgazandaky iýmit agyz boşlugyna we daşyna çykýar. Gaýtarmanyň 2 görnüşi bolýär, birinjisi iýmit sindiriş ulgamynyň keselleri bilen bagly bolýär. Muňa "aşgazan,periferiki gaýtarma" diýilýär, şeýle hem gaýtarma beýni gan aýlanyşynyň bozulmagynyň netijesinde döräp biler, muňa "merkezi gaýtarma"dilýär. "Aşgazan ýa-da periferiki" gaýtarma köplenç nahar iýlenden soň bolup geçýär, gaýtarmadan öň çaganyň ýuregi bulanýar, gowşaklyk döreýar,gaýtarmadaň soň näsagyň ýagdaýy belli bir derejede eňilleşýär. Merkezi nerw ulgamynyň keselleri bilen bagly gaýtarma öňünden ýurek bulanmasyz, düýdansyz başlap, gaýtarylyndan soň, näsagyň ýagdaýy eňilleşmeýär.Gaýtarma massasynda siňmedik galyndylar bolup, turşy ysy bolýar. Açöze gaýtarylanda öt hem birleşip ony sarymtyl ýa-da sary-ýaşymtyl renke öwrülýär. Gan bolan ýagdaýynda gaýtaryntgy goňur ýa-da "kofe çökündisine" meňzeş bolýär. Şepagat uýasy gaýtarmanyň massasy, ýagny onuň mukdary, reňki, düzümi, sany barada bilmeli we lukmana habar bermeli. Gaýtaryntgynyň massasyny hökman lukmana görkezmeli. Soňundan degişli maglumatlary ýazyp barlaga ibermeli. Eger gaýtarma massasyny laboratoriýa bada – bat ibermeklik mümkinçiligi ýok bolsa odna ony hökman sowuk ýerde saklamalydyr. Eger näsag günde birnäçe gezek gaýtarýan we her gezekgi gaýtaryndgy hil tarapdan tapawutlanýan bolsa, onuň diagnostiki ähmiýetiň barlygy sebäpli gaýtaryntgy her gezek aýratyn gaba ýygnalynýar we barlaga iberilýär. Şepagat uýasy näsag gaýtaranda mümkin boldugyça onuň ýagdaýyny eňilleşdirmelidir, ýagny ony oturtmaly, döşüne polotense ýa-da kleenka, agzyna bolsa arassa okarajyk, tazik, ýa-da bedre goýmalydyr. Eger olar bolmasa onda prostyni ýa-da polotensany epläp bokurdagyny we döşüni ýapar ýaly edip goýmaly. Eger çaganyň ýagdaýy has hem agyr bolup oturdyp bolmaýan bolsa, onda ýatan ýerinde kellesini gapdala öwrup, göwresinden kellesi birazrak aşakda bolar ýaly etmeli. Gaýtaran wagty näsagda birden döreýän gowşaklyk peýda bolýär,şonuň üçiň hem çaganyň oturanyna ýatanyna garamazdan, şepagat uýasy onuň kellesini gerekli ýagdaýda, ýagny gapdala ýa-da öňe egip saklamaly.Ysgynsyzlyk çaga gaýtaranyndan soň hem ilkinji minutlarynda dowam edýär, şonuň üçiň çaga fiziki hem psihiki rahatlyk zerur. Şeýlede şepagat uýasy sodanyň, bor kislotasynyň 2% erginini, ýa-da permanganat kaliniň gowşak (gülgüne) ergini bilen agyz boşlugyny, dodagyny, eňegini ýuwup, gerek bolsa eşigini hem çalyşmaly. Eger uly ýaşdaky çagalaryň ýagdaýy mümkinçilik berse, olaryň özleri özbaşdak ýyly suw bilen agzyny çaýkamaly. Çaganyň gaýtarýan wagty ony ýeke goýup gitmek bolmaýar. Eger gaýtarma yzygider gaýtalanyp duran bolsa şepagat uýasy oňuň ýanynda hemişelik bolmaly.

Iýmit sindiriş organlary bilen kesellän 1 ýaşa çenli çagalar aýratyň ideg we gözegçilik etmekligi talap edýär. Bu ýaşda köp duş gelýän kesel dispepsiýadyr. Bu iýmit siňdiriş bozulmasy bolup, daşky sredanyň ýakymsyz faktorlarynyň, (köp iýdirmeklige, gyzgyna, zäherleriň täsirine), dürli ýokançlaryň täsirine organizmiň reaksiýasydyr. Içgeçme (diareýa), gaýtarma, içiň ellenmegi (meteorizm) bu keselleriň esasy alamatlarydyr. Şonuň ýaly çagalary bejermekligiň esasy şertleriniň biride çaga köp suwuklyk bermeklikdir. Içmek üçiň çaý, suw, kisel,kompot we oral regidratasiýa üçiň dürli derman erginleri (apektral, oralit, regidron we ş.m.) ulanylýar. Çaganyň içmeli suwuklygynyň mukdary lukman tarapyndan bellenilýär. Suwuklygy şepagat uýasy her 5-10 minutdan 1-2 çaý çemçeden yzygiderli içirip durýar. Çaga birbada köp suwuklyk bermeklik bolmaýar, sebäbi onuň gaýtarmagy mümkin. Şeýlede iýmitiň her gezekdäki mukdary azaldylýar. Iýmit rejimine şepagat uýasy hökman berk gözekçilik etmeli.

Çaga berilýän suwuklygyň temperaturasy otag temperaturasyna (22-24C)gabat gelmeli. Süýt garyndysy çüýşejige guýulup öňünden 45C çenli gyzgyn suwly pitä salnyp ýylatmaly. Dispepsiýada turşy süýt garyndysyny - biolakt, kefir, bermeklik maslahat berilýär. Ulanylan gaplar umumy düzgün boýunça ýuwulýar we arassa gapda saklanylýar, emzijekler çöwrülip goýulmaly.Çaga ideg etmekligiň hökmany şertleriniň biri hem amatly, gigiýeniki rejimi gurnamak, ýagny çaganyň bolýan otagyny wagtly-wagtynda ýelejiredip durmak, düşegini we egin eşikleriniň arassa saklamakdyr. Çaganyň her täretinden soň onuň satan arasyny ýuwup, soň bolsa arlyk bilen guradyp ol ýerlere çaga kremlerini ýa-da steril ösümlik ýagyny çalmaly.

Gaýtarmada gaýtaryntgy massa bilen aspirasiýa bolmagy mümkiň, şonuň üçiň bu ýagdaýyň bolmazlygy üçiň çagany gapdala ýatyrmaly. Eger aýaklarynyň we elleriniň uçlary sowan bolsa grelka bilen gyzdyrmaly. Uzak wagtlap düşekde ýatan agyr çagalarda prolejni (ýagyr ýarasy) ýa-da deriniň beýleki keselleri döreýär, munuň öňüni almak üçiň çaganyň döşekdäki durup ýagdaýyny ýygy-ýygydan üýtgedip durup, düşeginiň arassalygyny saklamaly, oňa uly epinleriň döremegine ýa-da kiçijik predmeleriň düşmegine ýol bermeli däl.

***TÄRETIŇ ANALIZE ALNYŞY:***

***Täreti aşakdaky görkezijileri kesgitlemek üçiň barlaga alynýar:***

- nemi iriňi we gany;
- gelmintleri, ýönekeýjeleii ;
- kesel dörediji bakteriýalaryň bardygyny we olaryň antibiotiklere düýgurlygyny;

Şepagat uýasy täreti barlaga ibermezden öň onuň sanyny, konsistensiýasyny, reňkini we patologiki garyndylaryň (nemiň iriňiň ganyň) bardagyny takyklamaly we lukmana habar bermeli. Aşgazan içege ýolunyň kontrast maddalar ulanmak

bilen geçirilen rentgen barlagyndan soň täreti barlaga ilkinji 2-3 güň almak bolmaýar. Täretde gizlin ganyň bardygyny barlamak üçiň barlagdan 3-4 gün öň çaganyň iýmitinden et-balyk iýmitleri aýrylýar. Siňdirilen iýmitiň häsiýetini bilmeklik üçiň koprologik barlagyň öňünden çaga gök-önümli iýmiti we derman serişdeleri berilmeýär, esasanam içege florasyny täsir edýan derman serişdelerini (antibiotikler), sebäbi olar barlagyň netijesini üýtgetmegi mümkiň. Alnan täretiň barlagy hökmany suratda ilkinji 3-5 sagadyň dowamynda barlanylmalydyr. Gelmintlere, ýonekeýjilere, bakteriologiki ekişe barlanylananda laboratoriýa ýyly täret iberilýär, sebäbi ondaky ýonekeý jandarlar ölman saklynyp galýarlar. Şeýlede gelmintleri barlamak üçiň artbujagyň (anus) töwereginden çyrşak (soskob) alynýar.

***AŞGAZAN-IÇEGE GAN AKMASYNDA LUKMANA ÇENLI KÖMEGIŇ BERILIŞI***

- şepagat uýasy dessine lukmana habar bermeli;
- palatada doly ümsumlik döretmeli;
- näsagy düşekde rahat ýagdaýda ýatyryp, oňa galmaklygy gadagan etmeli;
- garnynyň (epigastral bölegininiň) üstüne 30 minudyň dowamynda buzly haltany gomaly;
- näsagyň hiç zat iýmezligine, içmezligine gözegçilik etmeli;

***KLIZMANYŇ GÖRNÜŞLERI.***

***Klizma –*** tehniki usul bolup, munuň kömegi bilen içegeler arassalanýär, içegä derman serişdeleri, kä ýagdaýlarda kontrast maddalary goýberilýär.

***Arassalaýjy klizma*** gaýnan, 20-22 C temperatura çenli sowadylan suw bilen geçirilýär. Klizma üçiň ýumşak uçly (nakoneçnik) ballonjyklar ulanylýar. Dürli ýaşly çagalarda dürli ölçegdäki ballonjyklar ulanylýär: 1 - 5 aýlyk çagalar üçiň №2 (50 ml göwrümli) ballon: 6-12 aýlyk çagalar üçiň №3 (75-100 ml göwrümli) ballon,1-1,5 ýaşlylar üçiň № 4(150 ml göwrümli) ballon ulanylýar.Ulanylmazdan öň ballon gaýnatmak arkaly arassalanylýar. Ballon suw ýa-da derman bilen doldurylyp, oňdaky howa ujuny ýokaryk edip ony tä suw gelýänçe gysmaklyk arkaly çtykarylýar, Ujyna wazelin çalynýar. Çaga çep gapdalyna ýatyrylýar, sag eliň bilen ballonyň ujuny 6-8 sm uzynykda gider ýaly edip göni içege salynýar, soň bolsa ýuwaşjadan ballon gysylyp içindäki suw goýberilýär. Ballon boşadylandan soň ony gysylan ýagdaýndan goýbermän usullyk bilen uzuna çykarmaly. Uly ýaşdaky çagalara klizma etmek üçiň Ersmarhyň kružkasy ulanylýar.

***Ýagly klizma*** –çagalaryň içi gatanda (koprostaz)içegäni ýuwaşlyk bilen arassalamak üçin ulanylýar. Çaganyň ýaşyna baglylykda dürli (10-30 ml) göwrümde ösümlik ýagy göýberilýär.Ýerine ýetiriliş usuly boýunça ýagly klizma arassalaýjy klizmadaň ballonyň ujunyň göni içegä has çuňurak goýberilýändigi bilen tapawutlanýar, sebäbi çaganyň içegesinde ýagy uzak wagtlap saklamak zerur, klizmadan soň çagany garnynyň üstüne ýatyrmaly.

***DERMANLY KLIZMA*** – çaga dermanly klizma hökmany suratda arassalaýjy klizmadan soňra (25-30 min), ýa-da täret özbaşdak bolandan soň geçirilýär. Klizma bilen goýbermeli dermanyň ortaça mukdary: 1-5 ýaşly çagalarda 20-25 ml,

5-10 ýaşa çenlilerde 25-50 ml, uly ýaşly çagalarda 50-75 ml bolmaly.Goýberilen suwuň temperaturasy 36-37C bolmaly. Klizma çaganyň çep gapdala ýatan ýagdaýynda geçirilýär. Dermanly klizma üçiň aşakdaky serişdeler ulanylýar:antibiotikler, soda, çopantelpek, itburun, oblepiha we ş.m.

***Sifon klizma:*** ýuwujy – köplenç uly çagalarda goýulýar. Klizmanyn bu gornusi agyr koprostazda, durli zaherlenmelerde, icege yoremezligi cak edilende gecirilyar. Garnyň kabir yiti hirurgiki kesellerinde (appendisit, peritonit, aşgazan-içege gan akmalarynda) garynda operasiýa edilenden son ilkinji günlerinde we göni içegäniň kesellerinde klizmanyň bu görnüşini geçirmek bolmaýar.Sifon klizmany geçirmek üçin diametri 0,8-1 sm, uzynlygy 1,5 m den bolan rezin turbasynyň ujyna wazelin ýa-da ýag çalyp, onuň bir tarapyny guýguja, beýleki tarapyny bolsa uja (nakoneçnik) birikdirip anal deşigiň üsti bilen 20-30 sm çuňlykda içegä goýbermeli.Ulanylýan suwyň mukdary 5 – 10 litre, ýylylygy 37-38 C deň bolmaly.Suw bilen doldyrlan guýgujy näsagyň derejesinden 50-60 sm ýokarda saklamaly we trubkany içegeden çykarman guýgujy ýerde duran tazyn derejesine çenli aşak düşürmeli. Biri-biri bilen özara birikýän gaplaryň kanuny boýunça täret saklaýan suw guýguja gaýdyp gelýar we taza dökülýar. Sifon klizmany geçirmäni içegeden arassa suw gelýançä dowam etmeli.Käbir ýagdaýlarda, hasam içege ýoremezliginde, “çuň”geçirlen sifon klizmadan soň goýberlen suwun ähli mukdary yzyna çykmasa, onda örän agyr gaýra üzülmäniň,ýagny organizmiň täret bilen zäherlenmesiniň ýüze çykmagy mümkin.

***GIPERTONIKI KLIZMA***. Beýleki adaty arassalaýjy klizmadan tapawutlylykda içegäniň hereketeni has hem güýçlendirmek üçin ulanylýar. Bu klizma esasanam aşgazan içege ýollarynyň aşaky bölegini doly boşatmaklyk üçin geçirilýär. Ony geçirmeklik üçiň nahar duzynyň 10% ergini ulanylýar.Taýarlanylýşi: 1bulgur (200ml) gaýnadylyp sowadylan suwda 1 nahar çemçesi nahar duzyny eretmeli.Alnan ergini ballonçygyň kömegi bilen ýaşyna baglylykda 25–100 ml mukdarda göni içege goýberilýär.

***DAMJALY KLIZMA.*** Klizmanyň bu görnüşi köplenç bedene beýleki usullar (parenteral, enteral) bilen köp mukdarda suwuklyk ýa-da iýmit maddasy göýbermeklik mümkin bolmadyk ýagdaýynda ulanylýar.Derman klizmalaryň hemme görnüşi, şol sanda damjaly klizma arassalaýjy klizmadan soň geçirilýär. Göýberilýän derman serişdeleri beden temperaturasynda bolmaly.Derman serişdeleriniň göýberliş tizligi ortaça 1 min. 20-30 damja bolmaly.Derman serişdelerini çalt göýbermeklik maksada laýyk däl, sebäbi bir tarapdan olaryň içegede sorylmasy kynlaşýär, şeýlede sorulmadyk dermanlar içegäniň nemli bardasyny gyjyndyrýär we täretiň bolmagyna ýardam edýär.

***GAZ ÇYKARYJY TRUBKANYŇ ULANYLYŞY.*** Kiçi ýaşly çagalarda meteorizmde (garnyna howa ýygnanda) el çykarmak üçin el çykaryljy ýörite trubkalar ulanylýar.Çykaryljy trubka hökmünde ýylmanak gyraly, gaty diwarly, we göni içegä goýberilýan tarapy deşikli bolan ýörite rezin trubkalar ulanylýar. Trubkanyň

ujyna ýeňillik bilen göni içegä girer ýaly ýag, wazelin çalmaly, trubka göni içegä hökman ýeňňillik bilen gitmelidir, soňra trubka göni içegede bir näçe wagtyň dowamynda (30 min-2 sagat) galdyrylýar we ýeliň,suwuň, täretiň çykyşyna hökman gözegçilik etmeli. Ýel çykmadyk halatynda trubkadan rezin ballon arkaly köp bolmadyk (30-40 ml) möçberde gaýnadylan we otag temperaturasyna (28-30 C) çenli sowadylan suw goýberilýär.

***AŞGAZAN ZONDYŇ ULANYLYŞY.*** Aşgazana zondyň göýberilmegi käbir agyr, ýagny sorujy we ýywdyjy refleksi bolmadyk ýagdaýlarda, ýetik däl, kelle çanak beýnisi şikeslenen çagalarda we ş.m. ulanylýar. Bu ýagdaýlarda aşgazana zond iýmit goýbermek maksady bilen peýdalanylýar. Dürli zäherlenmelerde aşgazana zond aşgazany ýuwmak üçin goýberilýär. Käbir ýagdaýlarda aşgazana zond goýbermeklik kesel kesgitlemesini takyklamak (diagnostiki) maksatlar bilen ulanylýar, ýagny aşgazana kontrast maddalar goýberilýar. Seýrek de bolsa aşgazana zond bilen kislorod goýberilýar, bu usul käbir gelmintleri aşgazandan aýyrmak üçin ulanylýar.

***Aşgazana zondyň göýberiliş usuly:*** aşgazan zondlarynyň uzynlyklary we diametrleri göz öňünde tutulýan maksada we çaganyň ýaşyna baglylykda dürli ölçeglerde bolýarlar. 6 aýa çenli çagalarda ýogynlygy 0,5sm,uly ýaşly çagalarda 1 sm ýogynlygyndaky zondlar ulanylýär. Çagalar hemme wagt diýen ýaly zond göýlanda garşylyk görkezýär, şonuň üçiň hem çaganyň aşgazanyna zond göýberlinde çagany dogry saklamagyň ähmiýeti örän uly. Munuň üçin kömekçi, köplenç çaganyň ejesi çagany öňünde (dyzynda) oturtmaly, çaganyň aýaklaryny öz aýaklarynyň arasynda salyp gysmaly, bir eli bilen çaganyň ellerini, beýleki eli bilen bolsa maňlaýyny tutmaly. Zond syrkawa ýatan ýa-da oturan ýagdaýynda göýberilýär. Zondyň ujyna syrkawa göýbermezden öňürti ýag ýa-da wazelin çalmaly. Zondy köplenç burunyň (seýrek halatda agzyň) üsti bilen aşgazana göýbermeli. Zond göýberlende päsgelçilik bolanda güýç ulanmaly däl. Zond göýberlende çaganyň dem alyşyna, dersiniň renkine gözegçilik etmeli. Egerde zond nädogry gidip dem alyş ulgamyna düşse çagada güýçli usgülewük, dersiniň gögermegi, deminiň saklanmagy we ş.m. peýda bolýär. Egerde bu alamatlar peýda bolsa zondy bada-bat yzyna çekmeli. Aşgazana göýberilenden soň onuň aşgazanda ýa-da dem alyş ulgamyndadygyny takyklamak üçin bulgur (stakan) synagy (probasy) ulanylýär, ýagny zondyň daşyndaky ujyny içi suwly bulgura batyrmaly. Egerde bulgurda yzygider howa düwmejikleri peýda bolsa zondyň öýkendedigeni tassyklaýar. Zond aşgazanda bolanda hem howa düwmejikleriniň peýda bolmagy mümkin, ýöne ol düwmejikler basym ýitýärler. Käbir ýagdaýlarda zondyň agyz boşlygynda ýygnamagy mümkin. Bu ýagdaýda hem zondy yzyna çekip, täzeden göýbermeli. Aşgazana göýberilmeli zondyň uzynlygy aşakdaky usul bilen kesgitlenilýär: ilkibada aşaky eňek bilen döş süňküniň gylyç şekilli ösüntgisiniň aralygyny, soň agyz burçynyň daşky gyrasy bilen gulak ýelkeniniň aşaky gyrasynyň aralygyny ölçemeli. Adatça zond arkaly nahar bermezden öň we soň çaga 10-15 min. kislorod berilýär. Zond arkaly naharlanylanda ýa rezin, ýa-da

polietilen kateterler ulanylýar. Iýmitiň gerekli mukdary aşgazana şprisileriň kömegi bilen goýberilýär.

-

**14- NJI TEMA – 2 SAGAT**

## Böwrek we peşew bölüp çykaryş ýollary keselli çagalara gözegçilik we ideg edilişi. Peşew bölüp çykaryş ýollarynyň ýiti kesellerinde (böwrek sanjysy, anuriýa) ilkinji lukmana çenli kömek. Peşewiň dürli barlaglara alnyşy.

***BÖWREK WE PEŞEW BÖLÜP ÇYKARYŞ ORGANLARY KESELLÄN ÇAGALARA IDEG WE GÖZEGÇILIK EDILIŞI.BARLAG SORAGLARY:***

1. Böwrek we peşew çykaryş organlaryň bozulmalarynyň kliniki alamatlary.
2. Böwrek keselli çagalara ideg edilişiniň umumy düzgünleri, režim, berhiz, iýmit babatda ýeňilleşdirilen günleri geçirmekligi.
3. Diurez barada düşünje we näsaga siýdik ýygnalýan gabyn ulanylyşy.
4. Bak.ekişe peşewiň ýygnalyşy.
5. Peşew reflektor saklananda (ýiti peşew saklanmasynda) ilkinji lukmana çenli kömek.
6. Peşewiň gündelik mukdaryny ýygnamaklygyň usuly.
7. Zimniskiniň usuly boýunça peşewiň barlagy.
8. Addis-Kakowskiniň usuly boýunça peşewiň barlagy.
9. Neçiporenkanyň usuly boýunça peşewiň barlagy.
10. Peşew kateterleriniň görnüşleri we olaryň arassalanylyşy.
11. Kateteriň kömegi bilen peşewi almaklygyň usuly.
12. Anuriýaly näsaglara ideg etmek.
13. Gematuriýa we oňda ilkinji lukmana çenli kömek etmek.
14. Böwrek sanjysynda ilkinji lukmana çenli kömek etmek.

***TALYBYŇ BILMELI ZATLARY:*** Böwrek we peşew bölüp çykaryş ulgamynyň bozulmagynyň esasy alamatlaryny we bu kesellerde dogry hemde doly ideg etmegiň ähmiýetini.Talybyň başarmaly zatlary: peşewi umumy we bakter.analize almaklygy. Zimniskiniň, Neçiporenkanyň, Addis-Kakowskiniň barlaglaryny, siýdik haltasynyň katerizasiýasyny geçirmekligi we onuň üçiň zerur instrumentleri

taýarlamaklygy, böwregiň sanjyly agyrsynda,gematuriýada, anuriýada ilkinji lukmana çenli kömek etmekligi.

***BÖWREK WE PEŞEW ÇYKARYŞ ULGAMY KESELLÄNDE ÝUZE ÇYKÝÄN KLINIKI ALAMATLAR:*** bilinde, hasam peşew bölüp çykaranda döreýän, güýjeýän agyry, peşewiň agyrly, ýygy, arasynyň bölünip çykmagy, peşew bilen ganyň bölünip çykmagy (makrogematuriýa) peşewiň bulanyk çykmagy, bedende çişleriň peýda bolmagy, peşewiň az ýa-da düýbünden bölünip çykmazlygy (oligo-,anuriýa),köp bölünip çykmagy (poliuriýa), gowşaklyk, kelle agyry, ýurek bulanma we ş.m.

***IDEG EDILIŞI:*** böwrek keselleriniň ideginde berhizi berk berjaý etmegiň ähmiýeti örän ulydur. Şepagat uýasy çaganyň berhizini örän berk saklamagyna gözegçilik etmeli. Bu kesellileriň berhizinde çaganyň ýagdaýnyň agyrlygyna baglylykda nahar duzynyň we belogyň möçberi azaldyýar. Çaganyň berhizinde şeýlede ýagly, siňmesi kyn bolan agyr iýmitler bolmaly däldir. Böwrek keselli çagalara Pewzneriň berhizi boýunça №7a, №7b, №7 stollar ulanylýar.Böwregiň gan aýlanyşyny gowulandyrmak we bildäki agryny (böwrek sanjysyny ) aýyrmak üçiň gury gyzgyn grelkany bile, böwregiň üstüne goýmaly. Böwrek keselli çagalarda deri gury, ýarylýar, infisirlenýär, ýaralar, prolejniler aňsat döräp bilýär. Şepagat uýasy her gün ýagyr ýararalarynyň (prolejnileriň) bolmazlygynyň öňüni almagyna ýardam etjek çäreleri geçirmeli, öz wagtynda içegäniň we siýdik haltanyň boşadylmagyna gözegçilik edip durmaly Siýdigini saklap bilmezlikden ejip çekýän çagalary bolsa ýygy-ýygydan ýuwundurup, düşegini we egin-eşiklerini çalşyryp, peşew ýygnalýan gaby öz wagtynda bermeli .

***BÖWREGIŇ IŞINIŇ BARLANYLYŞY.*** Geçiriliş metodikasy:Şepagat uýasy agşamdan arassa, bokurdagy giň bolan 8 sany gap taýarlap oňa syrkawyn ady, familiýasy, atasynyň ady we kesel taryhynyň belgiseni belläp goýýär. Zimniskiniň probasy adaty suw we iýmit režimindäki näsaglarda geçirilýär.Käbir ýagdaýlarda (çagada çiş bolanda, oligo-,anuriýada, buşukdyryjy derman serişdeleri berlende we ş.m) görkezijileriň nädogry bolmagynyň mümkiňdigini nazarda tutulyp bu proba geçirilmiýär. Näsag çaga irden sagat altyda siýdik haltany boşadýar, şu porsiýadan peşewiň umumy analizi edilýär. Sonra bolsa günün dowamynda her 3 sagatdaň bölüp çykarylan peşewi aýratyn gaba ýygnamaly, egerde 3 sagadyn dowamynda peşew bolmadyk ýagdaýynda hem şol sagatdaky gap laboratoriýa tabşyrylýar. Şol bir wagtyn özünde çaganyň bir gije – gündizin dowamynda içen suwuklygynyň mukdary ölçenilýär. Peşewiň gündeki çykýan mükdaryny we onuň otnositel dykyzlygyny kesgitlemek (Zimniskiniň probasy), böwregiň işi barada köp dürli maglumatlary berýar. Laboratoriýada her porsiýanyň mukdaryny, otnositel dykyzlylygyny aýry-aýrylykda kesgitlemeli. Kadada peşewiň dykyzlygy ortaça 1005-1030 aralykda bolmaly, her porsiýanyň dykyzlygy biri birinden örän aýdyň derejede tapawutlanmaly, şeýlede gündizki peşewiň mukdary giýjekiniňkiden köp, otnositel dykyzlygy bolsa pes bolmaly. Egerde peşewiň udel agramy pes (gipostenouriýa), bir meňzeş (izostenouriýa),ýa-da pes

hem bir menzeş (gipoizostenouriýa)bolsa, oňda böwregiň konsentrasion funksiýasynyň örän pese düşendigi barada habar berýar.Bu ýagdaý böwrek we peşew bölüp çykaryş ulgamynyň köp dürli kesellerine (glomerulonefrit,pielonefrit, böwrekleriň dogabitdi kemislikleri we ş.m.) mahsusdyr.

***GÜNDELIK DIUREZ.*** Gündelik diurezi kesgitlemek dürli böwrek kesellerinde böwregiň funksiýasyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Gündelik diurezi kesgitlemek üçin çaganyň bir gije-gündiziň dowamynda çykaran peşewini graduýerlenen gaba ýygnamaly. Şol bir wagtyň özünde çaganyň içýän suwuklygynyň mukdaryny hem kesgitlemeli. Kadada çaga içen suwuklygynyň ortaça 75-80% böwregiň üstünden peşew görnüşinde bölünip çykmaly, galan 20-25% suwuklyk beýleki ýollar (dem alyş, deri, täret) bilen bölünip çykýär, suwuklygyň belli bir möçberi bedende madda çalyşygyny amala aşyrmak üçin sarp edilýär.Çagalaryň bir gije- gündiziň dowamynda bölüp çykarýan peşewiniň ortaça mukdary:Bäbeklerde – 300 m6-12 aýlyk aralagynda – 600 ml2-6 ýaşdaky çagalar – 700 ml7-10 ýaşly çagalar – 1000 ml11-14 ýaşly çagalar – 1500 ml. Çaganyň bir gije-gündiziň dowamynda bölüp çykarýan peşewiniň ortaça mukdary köp faktorlara, ýagny bedeniň we daşky sredanyň gyzgynyna, çagada gaýtarmanyň, içgeçmäniň bardygyna we onuň sanyna, dem alyş ýygylygyna, çaganyň derleýiş derejesine we ş.m. bagly bolýär. Peşewiň bölünip çykaryş mukdarynyň bozulmalarynyň görnüşleri: Oligouriýa – bu peşewiň bölünip çykýan mukdarynyň azalrmagy.Anuriýa – peşewiň dübünden bölünip çykmazlygy, ýa-da peşewiň bölünip çykmaly mukdarynyň 5% az bolmagy. Bozulmanyň bu görnüşleri ýiti böwrek ýetmezçiliginde, glomerulonefritde, hasam nefrotiki formasynda, böwrekde we peşew çykaryş ýollarynda daş emele gelende, ýa-da haýsydyr bir sebäp bilen gysylanda (spazmda, limfodüwünler bilen gysylanda) we ş.m. düş gelýär. Poliuriýa – bu peşewiň bölünip çykýan mukdarynyň köpelmegi. Bozulmanyň bu görnüşleri glomerulonefritiň soňky (çişiň gaýdyşýän) fazasynda, süýji we süýji däl diabetlerde we ş.m. düş gelýär. Peşewiň umumy barlaga ýygnalşy – peşewiň umumy barlagy klinikada örän ginden geçirilýän barlaglaryň bir görnüşidir. Adatça peşew irden ýygnalýär, peşew ýygnalýän gap arassa bolmaly. Peşew ýygnamazdan öň gyzjagazlaryň daşky jyns organlaryny ýuwundyrmaly, bolmasa barlagyň netijeleriniň nädogry bolmagy mümkin. Gyzjagazlaryň jyns organlaryny ýuwundyrlanda suwuň akymy önden-yza bolmaly. Kiçi ýaşly çagalarda peşewiň bölünip çykyşyny tizleşdirmek üçin gasygyna ýyly arlyk goýmaly, ýa-da eliň bilen ýuwaşjadan sypalamaly. Kiçi ýaşly çagalarda peşew ýygnamak üçin jyns organlaryna geýdirilýän probirkalar, kolbalar, selofan paketler, döwrebap hassahanalarda ýörite signalizatorly peşewi kabul edijiler ulanylýar. Käbir ýagdaýlarda peşewi peşew haltany kateterizasiýa etmek arkaly hem almak bolýar. Egerde peşewiň mikroflorasyny barlamak zerurlygy dörese, oňda siýdik kateterin kömegi bilen arassa (sterilenen) gaba alynýar. Ýygnalan siýdigi bölümde uzak saklamak bolmaýar, şol

bada laboratoriýa iberilýär. Uly ýaşdaky çagalarda siýdik ýygnamaklyk ulylardaky ýaly geçirilýar. Irden ýuwundandan son çaga arassa aýnaly gaba buşukýar.Gaýnaglamanyň haýsy derejededigini (böwrekde, peşew çykaryş ýollarda) takyklamak üçin 3 bulgurly (stakan) synag (proba) ulanylýar, ýagny peşew 3 sany aýratyn gaba ýygnalýar. Egerde peşewiň umumy barlagynda gaýnaglamanyň alamatlary birinji gapda peýda bolsa gaýnaglamanyň peşew çykaryjy kanaldadygyny, ikinji gapda bolsa gaýnaglamanyň peşew haltadadygyny, üçünji gapda bolsa- böwrekdedigini tassyklaýar.

***Addisa-Kakowskiniň usuly*** – peşew 24 sagadyň dowamynda ýygnalýar we onuň üzümindäki leýkositlar, eritrositler, silindrler sanalýar. Kadada leýkositlerin sany 2mln. eritrositleriň sany 1 mln. silindrleriň sany 20 000 köp bolmaly däl. ***Neçiporenkonyň usuly***- bu usulyň kömegi bilen 1 ml. peşewdäki eritrosileriň, leýkositleriň we silindrleriň sany kesgitlenilýär. Kadada eritrositleriň sany 1000, leýkositleriň sany 2000, silindrleriň sany 200 köp bolmaly däl.

***Böwrek sanjysynda ilkinji lukmana çenli kömek:*** Çagany köşeşdirmeli, onuň biline we gasygyna ýyly emleri (ýylydylan polotense,arlyk, grelka we ş.m.), egerde garşylyk bolmasa ýyly wanna maslahat berilýär.Peşewiň ýiti saklanmasy- çaga peşew haltasynyň dolylygyna, buşukmasynyň gelýändigine garamazdan buşugyp bilmeýar.Peşewiň ýiti saklanmasy sünnetden, sistoskopiýa, sistografiýa, kateterizasiýa ýaly barlaglardan soň, şeýlede käbir çagalarda köpçilikde, gorizontal ýagdaýda ýüze çykýp biler.Şepagat uýasy çagany buşukdyrmak üçiň onuň gasygyna ýyly polotense, grelka goýmaly, ýa-da ýyly wannada oturtmaly, käbir ýaglaýlarda akýan suwuň sesini eşitdirmek reflektor buşukma kömeg edýar. Egerde bu emler kömek etmedik ýagdaýynda kateterizasiýa geçirmeli.

***Peşew haltanyň kateterizasiýasy-*** peşewiň ýiti saklanmasynda, peşew haltany ýuwmak, oňa derman serişdelerini goýbermek, we peşewiň peşew çykaryş ýollaryndan almak zerurlygy döründä geçirilýär. Peşew haltanyň kateterizasiýasy uzynlygy 25-30 sm, diametri 10 mm. çenli bolan ýumşak, steril kateterleriň kömegi bilen geçirilýär.Kateteri pinset bilen almaly, onuň ýokarky bölegine steril wazelin ýagy çalynandan soň, ony ýuwaşlyk bilen peşew çykaryş kanalynyň deşigine ýuwaşlyk bilen goýbermeli we öňe itermeli.Egerde kateterden peşew akyp başlasa, onda onuň peşew haltadadygyny subut edýar.

*15-NJI TEMA – 2 SAGAT*

# Gan keselli çagalara gözegçilik we ideg edilişi. Gan akmanyň dürli görnüşlerinde (buruň, aşgazan-içege, öýken we ş.m.) ilkinji lukmana çenli kömek. “Çaga keselleriniň bütewi alynyp barlyşy”maksatnamasy boýunça näsag çagalarda gan we gan emele getiriş ulgamynyň bozulmalarynyň alamatlaryny kesgitlemek.

**16-NJY TEMA -2 SAGAT**

# Çagalara derman serişdeleriniň beriliş usullary: daşky, enteral (agyz üsti bilen içirmek), parenteral (sanjym üsti bilen göýbermek), fiziobejergiler (ingalýasiýa, elektroforez, ozokerit we ş.m.)

***DERMAN SERIŞDELERINIŇ BEDENE PARENTERAL USUL BILEN***

***GOÝBERILIŞI.TALYBYŇ BILMELI ZATLARY:***

1. Derman serişdeleri bedene parenteral usul bilen goýberilmegiň artykmaçlyklaryny we döräp biläýjek gaýra üzülmelerini.
2. Bedeniň antibiotiklara duýujylygyny (proba) barlamagyň netijelerine baha bermäni.

***TALYBYŇ BAŞARMALY ZATLARY:***

1. Şprisleri arassalamak üçin ýuwujy erginiň taýýarlanylyşyny.
2. Şprisleriň we iňňeleriň sterilizasiýa taýarlanylyşyny.
3. Derman serişdeleriň bedene goýbermek üçiň taýýarlanylyşyny we şprise alynylyşyny.
4. Damar, myşsa, deri içine, deri astyna sanjymlaryň ýerine ýetirilişini.
5. Derman serişdelerini wena içine damjalaýyn goýbermek üçin ulanylýan sistemalaryň taýarlanylyşy.
6. Ulanylan şprisleriň we şarikleriň arassalanylyşy (dezinfeksiýa).

***DERŇEW SORAGLARY:***

1. Dermanlaryň parenteral usul bilen goýberlişiniň görrnüşleri.
2. Dermanly parenteral usul bilen goýberlende döräp bilýäýjek gaýra üzülmeler.
3. Şprisleriň arassalanylyş usullary (dezinfeksiýa,sterilizasiýa edilişi).
4. Dermanlaryň şprislere alnyşy.
5. Sanjym ýeriniň arassalanylyşy (dezinfeksiýa).
6. Dermanlaryň deri içine goýberilişi.
7. Dermanlaryň deri astyna goýberilişi.
8. Dermanlaryň myşsa içine goýberilişi.
9. Derman serişdeleriniň damar (wena) içine akym bilen goýberilişi.

10. Derman serişdeleriniň wena içine damjalaýyn ,goýberilişi.
11. Antibiotikleriň eredilişi (taýarlanylyşy).

Dermanlary parenteral usul bilen goýberilişiniň ýygy ulanylýan görnüşleri:wena damar, myşsa, deri içine, deri astyna.Dermanlaryň parenteral ulanylyşynyň dürli görnüşleri ýerine ýetirilişi, maksatlary, dermanlaryň görnüşleri, möçberi boýunça tapawutlanylýarlar. Wena içine adatça dermanlar gyssagly gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda we bedene köp mukdarda derman, infuzion erginler (gemodez, glýukoza, fiziolog.ergin., Pinger ergini we ş.m.) goýbermeli bolanda peýdalanylýar. Deri içine adatça barlag (diagnostiki) maksady bilen ulanylýan barlag we derman serişdeleri (tuberkulin, antibiotikler, waksinalar we ş.m.) goýberilýär.Dermanlar parenteral usul bilen goýberilende olar bedene tiz wagtyn içiňde örän basym we doly goýberlen möçberde täsir etýärler, şol sebäpli bu usul bilen köplenç gaýragoýulmasyz, gyssagly ýagdaýlarda ulanylýar.Dermany parenteral usul bilen goýbermegiň artykmaçlyklary bilen bilelikde,egerde ýerine ýetirlende zerur düzgünler dogry ýerine ýetirilmese, birnäçe gaýra üzülmeleriň döremegi mümkin. Olara sanjymdan soňky dörejýan abssess (köplenç et içine sanjymdan soň ýanbaşda döreýär), ýanbaş nerwä zeper ýetmegi, allergiki reaksiýa we ş.m. degişlidir. Arassaçylyk düzgünleri ýerine ýetirilmedik halatynda şeýlede kesellä gepatit, SPID ýaly howply kesselleriň geçmegi mümkin.Şprislerde ýa-da dermanlary damjalaýyn goýberilende ulanylýan sistemalarda howanyň bolmagy howa emboliýasyny döretmegi mümkin. Gaýra üzülmeleriň has howplylarynyň biri-de ýag emboliýasydyr. Bu gaýra üzülme haçanda ýag saklaýan dermanlar (A,E witaminler, kamfora ýagy) ýalňyşylyp wena damaryna goýberilendi döreýär we örän tiz magtyň dowamynda ölüme getirmek howply bilen tapawutlanylýar.Ýokarda beýan edilenler dermanlar patenteral usul bilen goýberilende aseptikanyň we antiseptikanyň düzgünlerini doly we dogry berjaý etmelidigini, wena damarlara derman goýberlende örän ägä bolmalydygyny tassyklaýar.Häzirki döwürde ýokarda beýan edilen gaýra üzülmeleriň, esasanam arassaçylyk düzgünleri bilen baglanşykly görnüşleriniň öňüni almak maksady bilen bir gezek ulanylýan şprisler peýdalanylýar.Sanjymlaryň dürli görnüşleri bedeniň dürli ýerlerinde geçirilýar: mysal üçiň wena içine göýberilýan dermanlar adatça tirsek wenasyna (w cubitsi) goýberilýar. Kiçi ýaşly çagalarda bu wena bilen kontaktyň köplenç ýagdaýda mümkin däldigi sebäpli goşardaky, dabandaky, kähalatlarda kelledäki wenalar ulanylýar.Dermanlar et içine goýberlende adatça ýanbaşdan göýberilýar. Munuň üçin ýanbaşyň haýsy-da bolsa bir tarapyny deň ölçegde 4 bölege bölmeli we daşky, ýokarky bölegine (kwadranty) goýbermeli. Haýsydyr bir sebäbe görä dermanlary et içine ýanbaşdan göýbermek mümkin bolmadyk ýagdaýda (absess, ýanyk we ş.m.) çiginden ýa-da butdan hem goýbermek bolýar. Egerde ýanbaşdan goýberlende sanjym ýer nädogry saýlanyp, içki böleklerden (kwandratlardan) goýberilse

ýanbaş (işias) nerwä zeper ýetip, çagada sanjymdan soňky newritiň döremegi mümkin.Dermanlar deri astyna goýberlende egininiň daş (lateral) tarapy, deri içine goýberlende bilegiň iç ýüzi ulanylýar. Dermanalar parenteral usul bilen goýberlende aseptiki we antiseptiki düzgünler bilen bagly gaýra üzülmeleriň döremezligi üçin häzirki döwürde bir gezek ulanylýan şprisler peýdalanylýar. Ol şprisler ulanylyp bolnandan soň aşakdaky beýan edilişi ýaly arassalanýar (dezinfeksiýa edilýar): sanjym edilip bolnandan soň şprisleri 5% hlor ergini bilen 3 gezek doldyryp dökmeli (1 gapda), soň ady agzalan dez.ergin bilen doldurlan 2 gapda iňňeleri, 3 gapda şprisleri 1 sagadyn dowamynda batyryp goýmaly,soň şprisleriň ujyny döwüp, iňňeleri bolsa egreldip selofan pakeda salyp uly şepagat uýasyna tabşyrmaly. Uly şepagat uýasy iňňeleri ýakmaly we selofan pakeda salyp zyňmaly.Gemotransfuziýa geçirlenden soň kä halatlarda allergiki reaksiýanyň döremeginiň mümkindigini nazarda tutup gaýtadan barlamak üçin ulanylan ganyň takmynan 5-10 ml.möçberi çüşäniň düýbünde galdyrylmaly.Çýüşäniň etiketkasyna çaganyň familiýasyny, adyny, ýaşyny we kesel taryhynyň belgisini ýazmaly. Bir sutkadan soň çüşäni gaýçy bilen açmaly we ony gaýçy bilen bilelikde 5% hlor ergininde 1 sagadyň dowamynda ýatyrmaly, 1 sagatdan soň olary akar suwuň aşagynda ýuwmaly we gaýçyny markirowka etmeli, çüşäni uly şepagat uýasyna tabşyrmaly.

***Dermanlar parenteral damjalaýyn usul bilen goýberlenden soň ulanylýan sistemalaryň arassalanylyşy:*** ulanylan sistemany 10-15 sm ölçegde kesmeli we 5% hlor ergininde, egerde sistema ganly bolsa gaýçyny hem şol dez.erginde 1 sagadyň dowamynda ýatyrmaly. 1 sagat geçenden soň sistemanyň filtirini uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, galan bölegini pakeda salyp zynmaly, gaýçyny akar suwuň aşagynda ýuwmaly we markirowka etmeli. Köp gezek peýdalanylýan şprisleriň arassalanylyşy: şprisleri ulanyp bolnandan soň 5% hlor erginde 1 sagat ýatyrmaly, . Olary dez. erginden çykaryp akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 20 min dowamynda ýylylygy 40-50 C çenli gyzdyrylan ýuwujy serişdä batyryp goýmaly, ýuwujy serişdäniň içinde şprisleri gaty çotka, iňňeleri mandreniň kömegi bilen ýuwmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we distillirlenen suwda çaýkamaly, egerde distillirlenen suw bolmasa adaty suwy 2 gezek gaýnadyp, 4 gat marliden süzüp ulanmaly. Ýuwulan şprisleri we iňňeleri aşagynda marli ýazylan sterilizatorda goýmaly we üstüni ýapyp durar ýaly distirllilenen suw goýmaly we 45 min. dowamynda gaýnatmaly, ýa-da gury gyzgyn (suhozar) şkafda 180 C – 1 sagat, 160 C – 1,5 sagadyn dowamynda saklamaly.Egerde mümkinçilik bar bolsa şprisleri we iňňeleri bukja salyp awtoklawa tabşyrmaly. Sanjymdan soň ulanylan şariklaryň, ganly salfetkalaryň arassalanylyşy: 5% hlor erginde 1 sagadyn dowamynda saklamaly soň pakeda salyp zyňmlay .Egerde sanjym ýa-da damardan barlaga gan alynan wagty pola (ýere) gan damsa arassalamak üçiň ganyň daşyna esgi aýlamaly, daman ganyň üstüne 1:5 gatnaşykda (gury hlor daman gandan 5 esse köp mukdarda bolmaly) gury hlor sepmeli we 1 sagatlap saklamaly, soň daşyna aýlanan esgi bilen gany

süpürmeli we ol esgini 1 sagatlap 5% hlor erginde saklamaly, hemde akar suwuň aşagynda kir sabyn bilen ýuwmaly.

**Tema: Çagalara derman serişdeleriniň beriliş usullary.**

## DERMAN SERIŞDELERINIŇ BEDENE PARENTERAL USUL BILEN GOÝBERILIŞI.

Dermanlary parenteral usul bilen goýberilişiniň ýygy ulanylýan görnüşleri:wena damar, myşsa, deri içine, deri astyna.Dermanlaryň parenteral ulanylyşynyň dürli görnüşleri ýerine ýetirilişi, maksatlary, dermanlaryň görnüşleri, möçberi boýunça tapawutlanylýarlar. Wena içine adatça dermanlar gyssagly gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda we bedene köp mukdarda derman, infuzion erginler (gemodez, glýukoza, fiziolog.ergin., Pinger ergini we ş.m.) goýbermeli bolanda peýdalanylýar. Deri içine adatça barlag (diagnostiki) maksady bilen ulanylýan barlag we derman serişdeleri (tuberkulin, antibiotikler, waksinalar we ş.m.) goýberilýär.Dermanlar parenteral usul bilen goýberilende olar bedene tiz wagtyn içiňde örän basym we doly goýberlen möçberde täsir etýärler, şol sebäpli bu usul bilen köplenç gaýragoýulmasyz, gyssagly ýagdaýlarda ulanylýar.Dermany parenteral usul bilen goýbermegiň artykmaçlyklary bilen bilelikde,egerde ýerine ýetirlende zerur düzgünler dogry ýerine ýetirilmese, birnäçe gaýra üzülmeleriň döremegi mümkin. Olara sanjymdan soňky dörejýan abssess (köplenç et içine sanjymdan soň ýanbaşda

döreýär), ýanbaş nerwä zeper ýetmegi, allergiki reaksiýa we ş.m. degişlidir. Arassaçylyk düzgünleri ýerine ýetirilmedik halatynda  şeýlede kesellä gepatit, SPID ýaly howply keselleriň geçmegi mümkin.Şprislerde ýa-da dermanlary damjalaýyn goýberilende ulanylýan sistemalarda  howanyň bolmagy howa emboliýasyny döretmegi mümkin. Gaýra  üzülmeleriň has howplylarynyň biri-de ýag emboliýasydyr. Bu gaýra üzülme haçanda ýag saklaýan dermanlar (A,E witaminler, kamfora ýagy) ýalňyşylyp wena damaryna goýberilendi döreýär we örän tiz magtyň dowamynda ölüme getirmek howply bilen tapawutlanylýar.Ýokarda beýan edilenler dermanlar patenteral usul bilen goýberilende aseptikanyň we antiseptikanyň düzgünlerini doly we dogry berjaý etmelidigini, wena damarlara derman goýberlende örän ägä bolmalydygyny tassyklaýar.Häzirki döwürde ýokarda beýan edilen gaýra üzülmeleriň, esasanam arassaçylyk düzgünleri bilen baglanşykly görnüşleriniň öňüni almak maksady bilen bir gezek ulanylýan şprisler peýdalanylýar.Sanjymlaryň dürli görnüşleri bedeniň dürli ýerlerinde geçirilýar: mysal üçiň wena içine göýberilýan dermanlar adatça tirsek wenasyna (w cubitsi)  goýberilýar. Kiçi ýaşly çagalarda bu wena bilen kontaktyň köplenç ýagdaýda mümkin däldigi sebäpli goşardaky, dabandaky, kähalatlarda kelledäki wenalar ulanylýar.Dermanlar et içine goýberlende adatça ýanbaşdan göýberilýar. Munuň üçin ýanbaşyň haýsy-da bolsa bir tarapyny deň ölçegde 4 bölege bölmeli we daşky, ýokarky bölegine (kwadranty) goýbermeli. Haýsydyr bir sebäbe görä dermanlary et içine ýanbaşdan göýbermek mümkin bolmadyk ýagdaýda (absess, ýanyk we ş.m.) çiginden  ýa-da butdan hem goýbermek bolýar. Egerde ýanbaşdan goýberlende

sanjym ýer nädogry saýlanyp, içki böleklerden (kwandratlardan) goýberilse ýanbaş (işias) nerwä zeper ýetip, çagada sanjymdan soňky newritiň döremegi mümkin.Dermanlar deri astyna goýberlende eginiň daş (lateral) tarapy, deri içine goýberlende bilegiň iç ýüzi ulanylýar. Dermanalar parenteral usul bilen goýberlende aseptiki we antiseptiki düzgünler bilen bagly gaýra üzülmeleriň döremezligi üçin häzirki döwürde bir gezek ulanylýan şprisler peýdalanylýar. Ol şprisler ulanylyp bolnandan soň aşakdaky beýan edilişi ýaly arassalanýar (dezinfeksiýa edilýar): sanjym edilip bolnandan soň şprisleri 5% hlor ergini bilen 3 gezek doldyryp dökmeli (1 gapda), soň ady agzalan dez.ergin bilen doldurlan 2 gapda iňňeleri, 3 gapda şprisleri 1 sagadyn dowamynda batyryp goýmaly,soň şprisleriň ujyny döwüp, iňňeleri bolsa egreldip selofan pakeda salyp uly şepagat uýasyna tabşyrmaly. Uly şepagat uýasy iňňeleri ýakmaly we selofan pakeda salyp zyňmaly.Gemotransfuziýa geçirlenden soň kä halatlarda allergiki reaksiýanyň döremeginiň mümkindigini nazarda tutup gaýtadan barlamak üçin ulanylan ganyň takmynan 5-10 ml.möçberi çüşäniň düýbünde galdyrylmaly.Çýüşäniň etiketkasyna çaganyň familiýasyny, adyny, ýaşyny we kesel taryhynyň belgisini ýazmaly. Bir sutkadan soň çüşäni gaýçy bilen açmaly we ony  gaýçy bilen bilelikde 5% hlor ergininde 1 sagadyň dowamynda ýatyrmaly, 1 sagatdan soň olary akar suwuň aşagynda ýuwmaly we gaýçyny markirowka etmeli, çüşäni uly şepagat uýasyna tabşyrmaly.

Dermanlar parenteral damjalaýyn usul bilen goýberlenden soň ulanylýan sistemalaryň arassalanylyşy: ulanylan sistemany 10-15 sm ölçegde kesmeli we

5% hlor ergininde, egerde sistema ganly bolsa gaýçyny hem şol dez.erginde 1 sagadyň dowamynda ýatyrmaly. 1 sagat geçenden soň sistemanyň filtirini uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, galan bölegini pakeda salyp zynmaly, gaýçyny akar suwuň aşagynda ýuwmaly we markirowka etmeli. Köp gezek peýdalanylýan şprisleriň arassalanylyşy: şprisleri ulanyp bolnandan soň 5% hlor erginde 1 sagat ýatyrmaly, . Olary dez. erginden çykaryp akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 20 min dowamynda ýylylygy 40-50 C çenli gyzdyrylan ýuwujy serişdä batyryp goýmaly, ýuwujy serişdäniň içinde şprisleri gaty çotka, iňňeleri mandreniň kömegi bilen ýuwmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we distillirlenen suwda çaýkamaly, egerde distillirlenen suw bolmasa adaty suwy 2 gezek gaýnadyp, 4 gat marliden süzüp ulanmaly. Ýuwulan şprisleri we iňňeleri aşagynda marli ýazylan sterilizatorda goýmaly we üstüni ýapyp durar ýaly distirllilenen suw goýmaly we 45 min. dowamynda gaýnatmaly, ýa-da gury gyzgyn (suhozar) şkafda 180 C – 1 sagat, 160 C – 1,5 sagadyn dowamynda saklamaly.Egerde mümkinçilik bar bolsa şprisleri we iňňeleri bukja salyp awtoklawa tabşyrmaly. Sanjymdan soň ulanylan şariklaryň, ganly salfetkalaryň arassalanylyşy: 5% hlor erginde 1 sagadyn dowamynda saklamaly soň pakeda salyp zyňmlay .Egerde sanjym ýa-da damardan barlaga gan alynan wagty pola (ýere) gan damsa arassalamak üçiň ganyň daşyna esgi aýlamaly, daman ganyň üstüne 1:5 gatnaşykda (gury hlor daman gandan 5 esse köp mukdarda bolmaly) gury hlor sepmeli we 1 sagatlap saklamaly, soň daşyna aýlanan esgi bilen gany süpürmeli we ol esgini 1 sagatlap 5% hlor erginde saklamaly, hemde akar suwuň aşagynda kir sabyn bilen ýuwmaly.

**DERMANLARYŇ WENA IÇINE GÖÝBERILIŞI**





sordurlyşy





**Ampuladan dermanyň şprise sordurlyşy**

**Dermanyň wena içine goýberilşi**

# Fizio bejergeleriň dürli görnüşleri







**Fizioemleriň geçiriliş usullary**